| **28** | | | | **Beýleki toparlara goşulmadyk maşynlary we enjamlary öndürmek** <br> ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *özbaşdak alanyňda materiallara mehaniki we termiki täsirini ýetirýän ýa-da materiallaryň üstünde dürli amallary geçirýän maşynlary we enjamlary (meselem, ýüklemek-düşürmek işleri, kesmek, ölçemek, gaplamak ýaly işleri geçirýän) öndürmek; energiýany üýtgediji mehaniki bölekleri we enjamlary, şeýle hem ýörite taýýarlanan detallary öndürýär; öndürilýän maşynlar we enjamlar, olaryň detallary berkidilen ýa-da berkidilmedik, amatly ýa-da amatly däldigine garamazdan, senagatda, oba hojalygynda, gurluşykda, harby ýa-da raýat durmuşynda ulanylýar. Ýük daşaýjy we ýolagçylar ulaglary üçin (lineýniden başga) ýöriteleşdirilen enjamlary öndürmek; umumy kesgitlenen we ýöriteleşdirilen maşyn we enjamlaryň önümçiligi hem bu topara goşulan.* <br> ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *herekete getirijileri (elektrikden başga) turbalary nasoslary, peçleri we gorelkalaryň kompressorlaryny, ulag-galdyryjy enjamlary, sowadyjy we wentilýasiýon enjamlary, beýleki umumy kesgitlenen* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *maşynlary, meselem, gaplaýjy, dolaýjy maşynlar we oba hojalygy üçin abzallar öndürmek; oba hojalyk pudagy üçin maşynlar we abzallar, stanoklar we beýleki ýöriteleşdirilen maşynlar we enjamlar (metallurgiýa üçin, gazyp-agtaryş üçin, gurluşyk, azyk, dokma senagatlary üçin, sellýuloza-kagyz we çaphana, rezin we plastmassa önümçiligi üçin) öndürmek.* <br> ***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *metal işläp bejermek (25 seret) hasaplaýyş we elektrik enjamlary, radio, teleýaýlyn aragatnaşyk, optiki apparatlary we gurallary (26.27 bölümlere seret); ulag serişdeleri we gurallary (29.30 bölümlere seret) öndürmek.* |
| | 28.1 | | | Umumy kesgitlenen maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | 28.11 | 28.11.00 | Awiasiýa, awtoulag motosiklet herekete getirijilerinden başga herekete getirijileri we turbinalary öndürmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *awiasiýa, awtoulag, motosiklet herekete getirijilerinden başga, porşenli içinden otlanýan herekete getirijileri we onuň bölekleri (gämileriň, otlularyň, herekete getirijileri; herekete getirijileriň ähli görnüşlerne bolýan, içinden otlanýan karbýurator, dizel motorlary) goýberýän we kabul edýän klapanlar, içinden otlanýan herekete getirijiler üçin wentiller, turbalar we onuň bölekleri (suw we ş.m. buglary bilen işleýän we gidrawlik turbalar we olaryň işçi tigirleri we dolandyryjy mehanizmleri (apparaty ugrukdyryjy); çaz turbalary (howa sorujy turbalar, generator turbalary); senagatda ulanmaga niýetlenen herekete getirijileri öndürmek* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *elektrogenerator gurluşlaryny we agregatlary (turbadan başga) (27.11 seret), içinden otlanýan herekete getirijiniň elektrik bölekleri we elementleri (29.31 seret); turba reaktiw we turba wintli herekete getirijileri (30.30 seret); awiasiýa, awtoulag we motosikletleriň çekiji herekete getirijileri (29.10; 30.30; 30.91 seret)* |
| | | | 28.11.10 | Awiasiýa, awtoulag, motosiklet herekete getirijilerinden başga herekete getirijileri we onuň böleklerini öndürmek |
| | | | 28.11.90 | Turbinalary we onuň böleklerini öndürmek |
| | | 28.12 | 28.12.00 | Gidrawlik we pnewmatik güýçlendiriji enjamlary öndürmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gidrawlik we pnewmatik enjamlary we liniýa herekete getirijilerini (gidro-pnewmosilindrleri) we beýleki gidrawlik we pnewmatik güýçlendiriji gurluşlary we herekete getirijileri hasaba almak bilen, boýler bilen birleşdirilmedik, ýelli, pružinli we daşly herekete getirijileri öndürmek; gidrawlik geçiriji enjamlary, pnewmatik we ýel herekete getirijileri, transmission bölekleri we transmission gidrostatistik önümleri öndürmek* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** kompressorlary, gidrawlik däl nasoslary öndürmek (28.13 seret); gidrawlik we pnewmoklapanlardan başga klapanlary öndürmek)(28.14 seret); mehaniki transmissiýalary öndürmek (28.15 seret)* |
| | | 28.13 | 28.13.00 | Nasoslaryň we kompresorlaryň başga görnüşlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** suwuklygy sorduryp guýmak we çykarmak üçin nasoslary öndürmek; howa we wakum nasoslaryny, howa we gaz kompressorlaryny, ýangyç üçin nasoslary, ýangyç, çalgy materiallary üçin nasoslary we beton nasoslaryny öndürmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** el nasoslaryny öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** gidrawlik we pnewmatik gurluşlary öndürmek (28.12 seret)* |
| | | | 28.13.10 | Suwuklygy guýmak we çykarmak üçin nasoslary öndürmek |
| | | | 28.13.90 | Howa we waakum nasoslaryny, howa ýa-da gaz kompressorlaryny öndürmek |
| | | 28.14 | 28.14.00 | Kranlary we klapanlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** senagat turbageçiriji kranlaryny we klapanlaryny, sazlaýjy predohranitelleri we goýberýän klapanlary hasaba almak bilen suw geçiriji kranlary we klapanlary, ýyladyş ulgamynyň kranlaryny we klapanlaryny öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** berkleşdirilmedik rezinden, aýnadan we keramikadan klapanlary öndürmek (22.19; 23.19; 23.44 seret); içinden otlanýan herekete getirijiler üçin klapanlar we winteller öndürmek (28.11 seret); gidrawlik geçiriji enjamlary öndürmek (28.12 seret)* |
| | | 28.15 | 28.15.00 | Podşipnikleri, diş-diş geçirijileri, mehaniki herekete geçiriji we herekete getiriji elementleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** şarikli we rolikli podşipnikleri we olaryň böleklerini öndürmek; mehaniki geçirijileriň elementlerini (geçiriji wallary, kriwoşipleri, kulak waly, tirsekli wallar, kardonly mehanizmler we ş.m. korpuslary we podşipnigiň wkladyşlary ýaly) önümleri öndürmek; diş-diş tigirleri,. Diş-diş herekete geçirijileri, reduktorlary, multiplikatorlary, friksion herekete geçirijileri we tizligi üýtgediji beýleki mehanizmleri öndürmek; muftileri, uly çarhly tigirler we şwikleri öndürmek; herekete getiriji zynjyrlary, gidrodinamik herekete getirijileri (gidromuftileri, gidrotransformatorlary) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** zynjyrlaryň başga görnüşlerini öndürmek (25.93 seret); gidrawlik herekete getirijileri öndürmek (28.12 seret); ulag üçin enjamlaryň böleklerini öndürmek (29 we 30 seret)* |
| | | | 28.15.10 | Podşipnikleri öndürmek |
| | | | 28.15.90 | Umumy maşyn gurluşyk böleklerini we detallarynyň başga görnüşlerini öndürmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | 28.2 | | | Umumy niýetlenen beýleki maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | 28.21 | 28.21.00 | Peçleri we peç gorelkalaryny öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hapa ýakylýan peçleri hasaba almak bilen elektrik we beýleki senagat, laboratoriýa peçlerini, peç gorelkalaryny, göçme peçlerini, elektrik öý peçlerini öndürmek; ýag, bug we gün şöhlesi bilen işleýän (elektrik pejinden başga) peçleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *awtomatik ýanýan ojaklary, kolosnik gözenekleri, kül we şuňa meňzeşleri aýyrýan gurluşlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öý peçlerini, duhowkalary, duhowka şkaflaryny öndürmek (27.51 seret); oba hojalygy üçin suşilkalary, çörek bişirilýän peçlerini öndürmek (28.93 seret); agaç önümçiligi üçin agaçlary, kagyz, karton, kagyz garyndysyny guratmak üçin suşilkalary öndürmek (28.99 seret); lukmançylyk, hirurgiýa we laboratoriýalar üçin sterilizatorlary, stomatologik peçlerini öndürmek (32.50 seret)* |
| | | | 28.21.10 | Elektrik peçlerini we peç gorelkalaryny öndürmek |
| | | | 28.21.90 | Beýleki (elektrik däl) peçleri we peç gorelkalaryny öndürmek |
| | | 28.22 | 28.22.00 | Göteriji (galdyryjy) ulag enjamlaryny öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýük göteriji we ýük düşüriji, ýükleýji el bilen mehaniki herekete getirijiler arkaly işleýän (tali, polistast,lebýodka, kabestan, domkrat, derrik-kran, köpri gurujy kran, köpri ýükleýji kranlary, portal krany we beýleki galdyryjy kranlary öndürmek; önümçilik görnüşli ýükleýjileri, ýük göteriji we ýükläp-düşüriji gurluşlar bilen üpjün edilen ýa-da üpjün edilmedik özi ýöreýän enjamlary öndürmek; ýük galdyrmak we ýükläp-düşürmek işleri üçin niýetlenen mehaniki manipulýatorlary we senagat işleri ýerine ýetirýän robotlary) önümleri öndürmek; asma polat ýollary, konweýerleri, liftleri, eskalatorlary, hereketlendiriji ýollary we şuňa meňzeşleri öndürmek; galdyrgyç-transportlaryň enjamlaryny we böleklerini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýerasty işleri üçin üznüksiz hereketli galdyrgyçlary we konweýerleri, birsusakly ekskowatorlary hasaba almak bilen, susakly ýükleýjili ekskowatorlary öndürmek (28.92 seret); giňişleýin bellenen senagat robotlary (28.99 seret); ýöriteleşdirilen kranlary (gämi, demir ýol we beýleki transport serişdeleri üçin) öndürmek (30.11, 30.20 seret); liftleri gurnamak (43.29 seret)* |
| | | | 28.22.10 | Galdyryjy kranlary we olaryň böleklerini öndürmek |
| | | | 28.22.20 | Üznüksiz transport enjamlaryny we olaryň böleklerini öndürmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 28.22.30 | Galdyryjy-ulag enjamlaryny we ýük ýükleýji desgalaryny öndürmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler<br>**Bu kiçi klas öz içine alýar:** *galdyryjy-ulag enjamlaryny we ýük ýükleýji desgalaryny öndürmekde senagat howpsuzlygy ugrundaky işleri, şol sanda liftleriň, eskalatorlaryň funikulýorlaryň, asma ýollaryň, kranlaryň we beýleki ýük göteriji mehanizmleriň işlerini; tapgyrlaýyn, tapgyrlaýyn däl gaýtalanýan hem-de ýeke-täk möçberde ýükleýji desgalary öndürmek, olaryň böleklerini, mehanizmlerini, abzallaryny, dolandyryş, gorag ulgamlaryny, howpsuzlyk gurallaryny we çalşylýan ýükleýiş böleklerini taýýarlamak; bölünip aýrylýan ýükleýiş gurallaryny we gaplary tapgyrlaýyn hem-de tapgyrlaýyn däl gaýtalap taýýarlamak* |
| | | | 28.22.90 | Galdyryjy-transport, ýükleýji-düşüriji enjamlar we olaryň bölekleri we beýleki önümleri öndürmek |
| | | 28.23 | 28.23.00 | Ofisler üçin esbaplary (kompýuterden we pereferiýa enjamlardan başga) öndürmek<br>**Bu kiçi klas öz içine alýar:** *mehaniki we elktrik bilen işleýän ýazuw maşynlaryny, tekstler bilen işleýän maşynlary, kopiýalaýan (nusgasyny alýan) we köpeldýän enjamlary (gektograf, rotatr, ofisler üçin ofset kagyzlaryny nusga alýan apparatlary) öndürmek; adresleri çap edýän maşyn, sortlaýan, açýan we ş.m. poçta maşynlaryny, ses bermeleri sanamak üçin maşynlar, dürli resminamalary daňmak (gaplamak) üçin ofis maşynlary, plastik ýa-da izolirleýji lentaly, simsapakly we ş.m., kalkulýatorlary, kassa apparatlaryny, markalaýjy maşynlary, petek kassa maşynlaryny, resminamalary ýoklaýjy ofis maşynlaryny, teňňe sanaýan, sortlap gaplaýan maşynlary, bukja doldurýan poçta işleýji maşynlary,galam uçlaýjylary, perferatorlary, stepler we ş.m. önümleri öndürmek*<br>**Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *kompýuterleri we pereferiýa enjamlaryny öndürmek (26.20 seret)* |
| | | 28.24 | 28.24.00 | Mehanizimleşdirilen el gurallaryny öndürmek<br>**Bu kiçi klas öz içine alýar:** *elektrik herekete getirijileri oturdylan ýa-da oturdylmadyk mehanizmleşdirilen, şol sanda sirkulýar byçgylary we ş.m. burawlaýjy stanoklary, drelleri (şol sanda perkussion enjamlary) öndürmek; ýylmaýjy el gurallaryny, pnewmatik çekiçleri, el gurallaryny, berkidiji skobalary, ýonujy stanoklary, gaýçylary (metal gaýçylaryny hasaba alyp), hyrly gaýka açarlaryny we ş.m. önümleri öndürmek*<br>**Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *el gurallarynyň çalşyrylýan böleklerini öbdürmek (25.73 koda seret); kebşirlemek we galaýylamak üçin elektrik enjamlaryny öndürmek (27.90 seret)* |
| | | 28.25 | 28.25.00 | Senagat önümçiligi üçin sowadyjy we wentilýasiýa enjamlaryny öndürmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýygnamagy hasaba alyp, önümçilik sowadyjy enjamlaryny öndürmek; awtoulaglar üçin kondisionerleri öndürmek; wentilýatorlary, ýylylyk çalşyjy enjamlar, howany ýa-da beýleki gazlary suwuklandyryjylary, üçek wentilýatorlaryny öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *durmuşda ulanylýan sowadyjy we doňduryjy enjamlary, wentilýatorlary (27.51 seret)* |
| | | 28.29 | 28.29.00 | Beýleki toparlarda hasaba alynmadyk umumy niýetlenen maşynlaryň we enjamlaryň beýleki görnüşlerini öndürmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýokary takyklykda ölçeýän laborotoriýa terezilerinden başga ölçeg enjamlaryny (öý terezisini, dükan stasionar, konweýer terezilerini we terezi daşlaryny) öndürmek* |
| | | | | *Suwuklygy filtrläp arassalaýjy enjamlary, suwuklygy we poroşogy ownatmak, pürkmek, ýaýratmak, sepmek üçin enjamlary (ownadyjy, ot öçürijileri, çäge pürküji apparatlary we bug pürküji, ýuwujy maşynlary we ş.m. önümleri öndürmek; dolaýjy we gaplaýjy maşynlary (dolduryjy, dykyjy we dolaýjy maşynlary, möhürleýji we plomba urujy, etiketka ýabşyryjy we ş.m. enjamlary öndürmek;çüýşe gaplary ýuwýan, guradýan, içgileri gazlandyrýan maşynlary, gyzdyryp kowma (peregonka) üçin we nebit arassalaýjy zawodlar üçin rektifikasion kolonkalaryny (himiýa senagatynda, içgi öndürmekde ulanylýan) öndürmek; gaz generatorlaryny, kalandr we beýleki metal sozujy maşynlar üçin (rolikleri) öndürmek; sentrafigura öndürmek; köpgatlakly ýa-da kombinirlenen materiallardan prokladkalary we ş.m. önümleri öndürmek awtomatlşdyrylan sowda nokatlaryny we ýokarda görkezilen maşynlaryň şaýlaryny öndürmek; kebşirlemek we paýat etmek üçin elektrik däl enjamlary öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *laborotoriýa görnüşli ýokary takyklykda ölçeýän terezileri(26.51 seret); durmuşda ulanylýan sowadyjy (27.51 seret); wentilýasiýa enjamlaryny öndürmek (27.51 seret); kebşirlemek we galaýylamak üçin elektrik enjamlaryny öndürmek (27.90 seret); oba hojalygynda ulanylýan pürküji enjamlary öndürmek (28.30 seret); metal sozujy stanlary we mis aýnalary, olar üçin walikleri (28.91; 28.99 seret); azyk önümlerini filtrleýji we arassalaýjy maşynlary we enjamlary, süýt serperatlaryny öndürmek (28.93 seret); kir ýuwulýan ýer üçin guradyjy maşynlary öndürmek (28.94 seret); matalary işläp bejermek üçin maşynlary öndürmek (28.94 seret)* |
| | | | 28.29.10 | Filtrleýji we arassalaýjy enjamlary öndürmek |
| | | | 28.29.20 | Suwuklygy pürküji ýa-da poroşogy owradyjy maşynlary, enjamlary we gaplaýjy, sortlaýjy maşynlary öndürmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 28.29.21 | Ot söndürijileri öndürmek |
| | | | 28.29.29 | Beýleki suwuklygy pürküji ýa-da poroşogy owradyjy maşynlary, enjamlary we gaplaýjy, sortlaýjy maşynlary öndürmek |
| | | | 28.29.30 | Agram ölçeýji gurallary (nusgalyk laborotoryýa prezilerinden başga) öndürmek |
| | | | 28.29.90 | Beýleki ýerlerde ýatlanylmadyk umumy niýetlenen başga maşynlary we enjamlary, olaryň detallaryny we simsapaklaryny öndürmek |
| | 28.3 | | | Oba hojalygy we tokaý hojalygy üçin maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | 28.30 | 28.30.00 | Oba hojalygy we tokaý hojalygy üçin maşynlary we enjamlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *oba hojalygy we tokaý hojalygy üçin sürüjiniň dolandyrmagynda işleýän traktorlary we kiçi traktorlary (motobloklary) öndürmek; gazon otlaryny orujy enjamlary öndürmek; özi ýükleýän we özi düşürýän tirkegleri we ýarym tirkeg maşynlary, ýerleri ekişe taýýarlaýan, ekin ekýän, dökün dökýän (plug, dökün ýaýradyjy, barana basyjy maşynlary, ekiji we ş.m.) hasyl ýygnaýan we döwek döwýän, däne sortlaýan maşynlary öndürmek; süýt sagýan apparatlary, oba hojalygynda ulanylýan pürküji maşynlary we enjamlary (guşçulyk we balçylyk hojalyklary üçin ot-iým taýýarlaýan,arassalaýan, sortlaýan, ýumurtgalara, miwelere, dänelere we tohumlyk dänelere bellik edýän maşynlary we enjamlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oba hojalygynda ulanylýan we beýleki el gurallaryny öndürmek (25.73; 28.24 seret); fermalarda ulanmak üçin ýük ýükleýji maşynlary öndürmek (28.22 seret); süýt serperatorlaryny, däne arassalaýjy we ş,m. maşynlary (28.93 seret), ýarym tirkegler üçin çekiji enjamlary (29.10 seret); tirkegleri we ýarym tirkegleri (29.20 seret) öndürmek* |
| | | | 28.30.10 | Oba hojalygy we tokaý hojalygy üçin traktorlary we olaryň bölek şaýlaryny öndürmek |
| | | | 28.30.20 | Ösümlikçilik hojalyklary üçin beýleki maşynlary we olaryň bölek şaýlaryny öndürmek |
| | | | 28.30.30 | Maldarçylyk hojalyklary üçin beýleki ot-iým taýýarlaýan maşynlary, enjamlary we olaryň bölek şaýlaryny öndürmek |
| | | | 28.30.90 | Agaç önümçiligi we meliorasiýa üçin beýleki maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | 28.4 | | | Stanoklary öndürmek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *metal kesiji stanoklary we agaç, daş, aýna, plastmassa işlemek üçin, şol sanda materiallary lazer bilen, elektron bölejikleri bilen, ultrases bilen işläp bejeriji we ş.m. stanoklary öndürmek* |
| | | 28.41 | 28.41.00 | Metal kesiji stanoklary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** materiallary lazer, elektron |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *bölejikleri, ultrases we ş.m. görnüşler bilen işläp bejermek üçin stanoklary öndürmek; işläp bejeriji merkezleri, bir pozisiýaly we köp pozisiýaly agregatly metal kesiji stanoklary, tokar, ýonujy, burawlaýjy, frezerli metal kesiji stanoklary öndürmek; hyr kesiji we gaýka kesiji metal kesiji stanoklary, ýylmaýjy, ýonujy, diş işläp bejerýän, oýujy, kesiji gurallary bilen bilelikde öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *el gurallary üçin çalşyrylýan bölekleri öndürmek (25.73 seret), kebşirlemek we paýat etmek üçin elektrik materiallary (27.90 seret)* |
| | | 28.49 | 28.49.00 | Beýleki stanoklary öndürmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *daş, agaç ýaly gaty materiallary işlemek üçin stanoklary öndürmek; plita we ş.m. önümler üçin presleri, materiallary lazer, elektron bölejikleri we ultrases bilen işläp bejerýän stanoklary we ş.m. görnüşleri, gurallaryň tutawaçlaryny we awtomatlaşdyrylan wyklýuçatelli filer öndürmek; stanok üçin ýörite uýgunlaşdyrylan bölüji diskleri, agaç işläp bejerýän enjamlara degişli bölekleri öndürmek; agaç ýonuşgalaryndan ýa-da agaç süýümlerinden plita öndürmek üçin presleri öndürmek; materiallary mehaniki usul bilen işläp bejermek üçin gidrawlik we beýleki presleri öndürmek; elektroliz usuly bilen işläp bejermek üçin maşynlary öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *el gurallarynyň çalşyrylýan böleklerini öndürmek (25.73 seret), kebşirlemek we paýat etmek üçin materiallary öndürmek (27.90 seret); çaklaň, ykjam gurallary öndürmek (28.24 seret); peýdaly magdanlary gazyp almak üçin enjamlary (28.92 seret)* |
| | | | 28.49.10 | Daş, agaç, keramika we ş.m. gaty materiallary işläp bejermek üçin stanoklary öndürmek |
| | | | 28.49.90 | Beýleki toparlara girizilmedik stanoklaryň we enjamlaryň başga görnüşlerini öndürmek |
| | 28.9 | | | Ýörite niýetlenen maşynlardan we enjamlardan başga maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | | | ***Bu topar öz içine alýar:*** *ýörite maksatlara niýetlenen maşynlary we enjamlary öndürmek, ýöne diňe bir ýa-da çäkli toparlara niýetlenen işiň görnüşleri üçin. Eger bu maşynlar azyk önümlerini ýa-da dokma önümlerini işläp bejermekde ulansalar-da olar şu topara girizilendir* |
| | | 28.91 | 28.91.00 | Metallurgiýa pudagy üçin maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *suwuk metallary işläp bejermek üçin maşynlary we enjamlary (konwerter, metal galyp, susak, metal guýujy) öndürmek; metal sozujy stanoklary we olaryň oklaryny öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *süýüji stanlary (28.41 seret),* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *galypy we guýulýan formalary (metal galypdan başga) (25.73 seret), guýulýan formalary ýasamak üçin maşynlary (28.99 seret) öndürmek* |
| | | 28.92 | 28.92.00 | Peýdaly magdanlary gazyp almak üçin, gurluşyk üçin maşynlary we enjamlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gazyp alynýan tebigy baýlyklary çykarýan senagat üçin maşynlary we enjamlary, ýerasty işler üçin üznüksiz işleýän galdyrgyçlary we konweýerleri, magdan ýaryjy, goparyjy maşynlary, kömür we dag jynslaryny gazyp çykarýan kombaýnlary, skwažinalary burawlaýjy, gazyp geçýän şitleri we beýleki gazyp çykarýan maşynlary öndürmek; topragy we toprak bölеklerini gazyp çykarýan we başga ýere geçirýän maşynlary we skreperleri, özi ýöreýän basgylap demikdiriji (trambowka) maşynlary, ýol katoklaryny, özi ýöreýän birsusakly frontal ýük düşüriji maşynlary, ekskowatorlary, töweregine 360 gradus aýlanyp bilýän, susakly ekskowatorlary, ýerden gazylyp alynýan baýlyklary çykaryjy senagat üçin ýokarkylara meňzeş beýleki maşynlary öndürmek hem bu topara degişli: gazyp çykarmak üçin, topragy ýumşatmak we dykyzlandyrmak üçin özi ýöremeýän maşynlary, pürsleri goparýan we kakýan enjamlary, ýol gurluşygy üçin ýöreýän we özi ýöremeýän ýol materiallaryny bölüji, ýol wibrasion işleri üçin maşynlar, ýol belgilerini goýýan we beýleki ýol gurluşyk maşynlaryny we enjamlaryny öndürmek; sortlaýjy, döwüji, garyjy we ş.m. topragy-daşy, magdan känlerini, beýleki mineral maddalary, gaty magdan jisimleri üçin briket öndüriji, forma beriji, presleýji maşynlary öndürmek, mineral maddalary elemek, sortlamak, bölüşdirmek üçin maşynlary, pürsler üçin çekiçleri, pürs goparyjy, gurluşyk laýlaryny we bitum paýlaýjy, betonyň ýüzüni işläp bejerýän maşynlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýük galdyryjy ulag enjamlaryny (28.22 seret), tigirli traktorlary we tirkeg çekijileri (28.30; 29.10 seret), daşlary işläp bejerýän, döwmegi hasaba lamak bilen, daşlaryň ýüzüne bezeg işlerini geçirýän enjamlary (28.49 seret), awtomatlaşdyrylan beton garyjy maşynlary öndürmek (29.10 seret)* |
| | | 28.93 | 28.93.00 | Azyk önümlerini, içgi önümlerini we temmäki önümlerini hasaba almak bilen olary taýýarlamak üçin maşynlary we enjamlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *süýt önümçiligi üçin maşynlary we enjamlary: ýagy merkezden gaçýan güýç arkaly arassalaýjy serperatorlary, süýdi işleýän we gaýtadan işleýän, peýnir işläp bejerýän maşynlary we enjamlary öndürmek; däne ýaryjy we un üweýji önümçilik üçin harazlary, boşowka, dozator, eleýji maşynlary, kepekden arassalaýjy, kepek garyjy, şaly üweýji harazlary, nohudyň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gabygyny aýyrýan enjamlary öndürmek; döwüji, ownadyjy, presleýji we ş.m. maşynlary we enjamlary öndürmek; çakyr önümçiligi; sidir we miweleriň şiresini almak işlerinde ulanylýan maşynlary, çörek önümlerini bişirmek, unaş önümlerini taýýarlamak üçin maşynlary we gurallary: (elektrik bilen işlemeýän çörek bişiriji peçler, hamyr garyjy, bölüji, forma beriji, hamyr ölçeýji we ş.m. maşynlary) öndürmek; oba hojalyk işleri üçin guradyjy enjamlary öndürmek; restoranlarda, myhmanhanalarda iýmit taýýarlamak üçin maşynlary we enjamlary öndürmek; dürli azyk önümlerini (konditer önümlerini, kakao, şokolad, şeker-gant, piwo zawodlary üçin, eti we guş etlerini gaýtadan işlemek üçin, miweleri, hozlary we gök önümleri gaýtadan işlemek üçin, balyk we beýleki deňiz önümlerini gaýtadan işlemek üçin ösümliklerden we haýwan ýaglaryny almak üçin, beýleki azyk önümlerini we içgi önümleri üçin) maşynlary, enjamlary öndürmek; temmäkini täzeden işlemek, çilim, sigara, turbaly temmäki, çeýnelýän we ysgalýan temmäkileri öndürmek üçin enjamlary we maşynlary öndürmek; gury kösüklileriň dänelerini elemek, sortlamak, arassalamak üçin maşynlary we enjamlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *içgi önümleriniň, süýdüň we beýleki azyk önümleriniň düzümindäki radiasiýalary kesgitleýji gurallary (26.60 seret), ýumurtgalary, miweleri beýleki oba hojalyk önümlerini arassalamak, sortlamak we bellik etmek işleri üçin enjamlary öndürmek (28.30 seret)* |
| | | 28.94 | 28.94.00 | Dokmaçylyk, tikinçilik, tüýli derilerden we deriden önüm taýýarlamak üçin maşynlary we enjamlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dokma önümlerini taýýarlamak üçin (taýýarlyk işi, şekile getirmek işi, dartyp dogrulama işi. Himiki süýümlerden dokalan materiallar we ýüplükler bilen tekstura we kesmek işlerini geçirmek üçin) maşynlary we enjamlary öndürmek. Tebigy süýümleri taýýarlamak üçin pamyk arassalaýjy maşynlary (jinleri), öňünden daraýjy maşynlary, pamygy tüýtmek, saýmak üçin pamygy paýlaýjy maşyn, ýüňi ýuwujy, kardodaraýyş, ýüplüge tow beriji maşyn, egriji, ýüplük taýýarlaýjy maşynlary: saraýjy, ýüwürdiji maşynlary, mehaniki we elektrik dokma stanoklary örüji, gözenekli-torly polotnolary, týulleri, kružowalary, jähekleri, bason we ş.m. önümleri öndürýän maşynlary we enjamlary öndürmek; dokma önümçiligi üçin kömekçi mehanizmleri (ramiz famalary, žakart mehanizmlerini, öçüp ýakmasy awtomatlaşdyrylan mehanizmleri, ikleri, naýçalary çalşyjy mehanizmleri we ş.m.); matalary işlemek üçin (ýuwmak, agartmak, boýamak, petlemek, gül basmak, matalary goşmaça siňdirmeler we ýüzüni dürli örtgüler* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *bilen örtmek, toplap saramak, açmak, eplemek, kesmek, biçmek, gasyn emele getirmek, dokma matalaryň gyrasyny diş-diş edip bezemek işleri) maşynlary we enjamlary öndürmek. Mata ýuwujy sehler üçin (ütükleýji we pres bilen ütükleýji, ýuwujy we guradyjy himiki arassalaýyş işleri) maşynlary we enjamlary öndürmek; tikin maşynlaryny taýýarlamak üçin enjamlary öndürmek; tikin maşynlaryny, tikiji kelleleri, olar üçin iňňeleri, keçe önümçiligi we dokalmaýan materiallary taýýarlamak üçin enjamlary öndürmek; eýlemek, aşgara ýatyrmak, aýakgaplary taýýarlamak we abatlamak we beýleki deri, bagana önümlerini öndürmek) enjamlary we maşynlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *žakkort maşynlary üçin kagyz, karton listleri (17.29 seret), öý hojalygy üçin kir ýuwujy we guradyjy (27.51 seret), broşýura çykarma, sahaplama enjamlaryny (28.99 seret) öndürmek* |
| | | | 28.94.10 | Tekstil önümlerini taýýarlamak üçin maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | | 28.94.20 | Trikotaž we tikin önümlerini taýýarlamak üçin maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | | 28.94.30 | Durmuşda ulanylýan tikin maşynlaryny öndürmek |
| | | | 28.94.40 | Derini we baganany işläp bejermek we olardan önümler, aýakgap öndürmek üçin maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | | 28.94.90 | Geýim arassalaýjy we beýleki ilata durmuş hyzmatlaryny edýän guramalar üçin maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | 28.95 | 28.95.00 | Kagyz we karton taýýarlamak üçin maşynlary we enjamlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kagyz garyndysyny taýýarlamak, kagyz we karton, olardan önümler öndürmek üçin maşynlary we enjamlary öndürmek* |
| | | 28.96 | 28.96.00 | Plastmassa we ýumşak rezin işläp bejermek üçin maşynlary we enjamlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *plastmassa we ýumşak rezinleri işlemek, olardan önüm öndürmek üçin (eksyruder, pres-galyp, pnewmatik şinalary öndürmek we abatlamak, plastmassa we ýumşak rezinden beýleki önümleri öndüriji maşynlary we enjamlary öndürmek* |
| | | 28.99 | 28.99.00 | Başga toparlara goşulmadyk ýörite niýetlenen beýleki maşynlary we enjamlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kagyz, karton, sellýuloza, agaç önümleri üçin guradyjy, beýleki toparlara goşulmadyk, senagatda ulanylýan guradyjy maşynlary we enjamlary öndürmek; çap edýän, broşýuralary çap edýän we sahaplaýjy enjamlary we maşynlary öndürmek, kerpiç, çerepisa, keramiki plitalary, grafit elektrodlaryny, ýazmak üçin melleri we ş.m. önümleri öndürmek üçin enjamlary öndürmek; ýarym geçirijileri öndürmek üçin ýörite niýetlenen senagat işleri üçin maşynlary we enjamlary* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *öndürmek; dürli görnüşli ýörite maşynlary we enjamlary (gyzdyryjy lampalary ýygnamak üçin maşynlary, elektron lampalary, elektron şöhleli priborlary, aýna we aýna önümlerini,aýna süýümleri we aýna ýüplükleri gyzgyn bilen işlemek üçin maşynlary öndürmek; izotoplary bölüji apparatlary), şinomontaž üçin enjamlary,çalgy enjamlaryny öndürmek; howa transportyny uçurmak üçin enjamlary; katapuit we onuň bilen baglanyşykly enjamlary öndürmek; gün wannasyny kabul etmek üçin (solýaris) ýörite enjamlary; bopuling üçin awtomatlaşdyrylan enjamlary; hiňňildikleri, tir enjamlaryny we beýleki ýarmarka göwün açyşlary üçin enjamlary öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *durmuş enjamlaryny (25.7 seret); suratyň nusgasyny alyjy enjamlary (28.23 seret); gaty rezinleri, gaty plastmassalary, sowuk aýnalary işlemek üçin enjamlary (28.49 seret) öndürmek; ligatur önümçiligi (28.91 seret) üçin maşynlary we enjamlary öndürmek* |
| | | | 28.99.10 | Çap edýän, broşýura çykarýan, sahaplaýan maşynlary we enjamlary öndürmek |
| | | | 28.99.90 | Başga ýerlerde atlandyrylmadyk beýleki ýörite niýetlenen maşynlary öndürmek |
| | **CL (kiçi seksiýa): 29- 30** | | | **ULAG SERIŞDELERINI ÖNDÜRMEK** |
| **29** | | | | **Awtoulaglary öndürmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *ýük daşamak we ýolagçylar üçin awtotransportlary öndürmek; bu topara tirkegleri we ýarym tirkegleri öndürmek hem goşulan*<br>***Bu bolüm öz içine almaýar:*** *awtoulaglara tehniki hyzmat etmek we abatlamak işleri (45.20 seret).* |
| | 29.1 | | | Awtoulaglary öndürmek |
| | | 29.10 | 29.10.00 | Awtoulaglary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýeňil awtoulaglary, ýük awtoulaglaryny, (awtofurgonlary, ýarym tirkegleri çekiji, ýük maşynlaryny, ýola gitmeýän özi düşüriji ýük maşynlaryny we ş.m.), şäherara gatnaýan awtobuslary, trolleýbuslary öndürmek; awtoulag herekete getirijilerini, herekete getiriji bilen enjamlaşdyrylan awtoulag şassisini, beýleki awtoulaglary (garda ýöredýän golfkarlary, kartlary, amfibiýalary, süpüriji maşynlary, hereket edýän (göçme) kitaphanalary we bank maşynlaryny, beton çekijileri, inkassator maşynlaryny we ş.m.) öndürmek; ýangyn awtoulaglaryny, şol sanda ýangyn söndürmek maksatlary üçin niýetlenenleri (ýörite ýangyn uzellerini we olaryň agregatlaryny) öndürmek we kämilleşdirmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *beýleki elektrodwigatelleri (ulag serişdeleri üçin starterden başga) (27.11 seret); awtoulaglary yşyk bilen üpjün edýän gurallary (27.40 seret); karbýuratorlary (28.11 seret); magdan gazyp almakda we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gurluşykda ulanylýan maşynlary (28.30; 28.92 seret); ýola gitmeýän özi düşüriji ýük maşynlaryny (28.92 seret); awtoulag kuzowlaryny (29.20 seret); awtoulaglar üçin elektrik enjamlaryny (29.31 seret); awtoulaga degişli şaýlary öndürmek (29.32 seret); tanklary we beýleki harby maşynlary (30.40 seret) öndürmek; awtoulaga tehniki taýdan hyzmat etmek we abatlamak işi (45.20 seret)* |
| | | | 29.10.10 | Awtoulaglary öndürmek |
| | | | 29.10.20 | Ýangyn söndürmek maksatlary üçin niýetlenen tehnikalary hem-de ýangyn awtoulaglaryny (olara ýöriteleşdirilen ýangyn enjamlary we bölekleri) öndürmek we kämilleşdirmek |
| | | | 29.10.90 | Awtoulag herekete getirijilerini öndürmek |
| | 29.2 | | | Awtoulag kuzowlaryny we tirkegleri öndürmek |
| | | 29.20 | 29.20.00 | Awtoulag kuzowlaryny we tirkegleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *awtoulag kuzowlaryny, sürüji kabinalaryny hasaba alnyp, tirkegleri ýarym tirkegleri, awtoulaglaryň ähli görnüşlerini yşk bilen üpjün etmek; tirkegleri we ýarym terkegleri (awtosisternalary, ýaşaýyş jaý tirkeglerini we ş.m.), ýük konteýnerlerini (ulagyň bir görnüşi ýa-da dürli görnüşi bilen çekip bolýan) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oba hojalygynda ulanylýan tirkegleri we ýarym tirkegleri öndürmek (28.30 seret); kuzow böleklerini we maşyn aksessuarlaryny öndürmek(29.32 seret); janly zatlary daşamak üçin ulag serişdelerini (30.99 seret)* |
| | | | 29.20.10 | Awtoulag kuzowlaryny öndürmek |
| | | | 29.20.20 | Tirkegleri, ýarym tirkegleri, konteýnerleri we olaryň böleklerini öndürmek |
| | 29.3 | | | Awtoulaglara degişli şaýlary we bölekleri öndürmek |
| | | 29.31 | 29.31.00 | Awtoulaglar üçin elektrik enjamlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *otlaýan we herekete getirýän, içinden otlanýan herekete getirijiler üçin elektrik enjamlaryny öndürmek; magneto, starter-generatorlary, otlaýjy tigirleri, otlaýjy sweçalar, starterleri, hereketlendirji dwigatelleri, generatorlary (hemişelik we üýtgeýän tok üçin) tok güýjüni sazlaşdyrjylary we ş.m. öndürmek; awtotransport serişdeleri üçin elektrik toguny geçiriji simleri we beýleki elektrik enjamlaryny, meselem, aýna arassalaýjy enjamlary, aýnanyň ýüzüniň bugarmazlygyny we doňmazlygyny üpjün edýän enjamlary öndürmek; ýangyn we gorag-ýangyn habar beriji ulgamy üçin abzallary we enjamlary (ulgamlaryň böleklerini) öndürmek we kämilleşdirmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtoulaglar üçin batareýalary (27.20 seret); awtoulagy yşyklandyryjy serişdeleri öndürmek (27.40 seret); awtoulag nasoslaryny öndürmek (28.13 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 29.32 | 29.32.00 | Awtoulaglaryň beýleki böleklerini we degişli şaýlaryny öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *awtoulaglaryň (tormozlaryny, geçiriji korobkasyny, ýoreýän tigirlerini, oklaryny, asma amortizatorlary, radiatorlary, ses peseldiji enjamlary,gaz çykaryjy turbalary, sepleşdiriji muftileri, rul tegelegini, rul çarhyny, rul herekete getirijileri) ýaly şaýlaryny we böleklerini öndürmek; şeýle-de awtoulag kuzowlaryny (howpsuzlyk guşaklaryny, howa ýassyklaryny, gapylaryny we bamperlerini) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *şinalary (22.11 seret); karbýuratorlary, klapanlary,wentilleri (28.11 seret); rezinden guşak we ş.m. (22.19 seret) ýaly önümleri öndürmek; awtoulaglara tehniki taýdan hyzmat etmek, abatlamak we şaýlaryny çalyşmak (45.20 seret)* |
| **30** | | | | **Beýleki ulag serişdelerini öndürmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *gämileri we korabllary, demir ýol düzümlerini, uçar gurluşygyny, älem gämilerini we bu ulag serişedelerine degişli bölekleri öndürmek* |
| | 30.1 | | | Gämi gurluşygy<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *ýük we ýolagçy daşamak üçin, şeýle hem sport we dynç alyş maksatlary üçin gämileri, korabllary we beýleki ýüzýän serişdeleri gurmak* |
| | | 30.11 | 30.11.00 | Gämileriň we beýleki ýüzýän serişdeleriň gurluşygy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gezim edilýän gaýykdan başga gämileri we korabllary, beýleki ýüzýän serişdeleri gurmak.*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ulag gämilerini, ýolagçy gämilerini, paromlary, ýük daşaýan gämileri, tankerleri (gapgämileri) we ş.m. gurmak; harby korabyllary, balyk tutulýan gämileri gurmak*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *howa ýassykly gämileri gurmak; ýüzýän we çümýän burawlaýjy platformalary gurmak; beýleki ýüzýän serişdeleri we gurluşlary (ýüzýän doklary, pantonlary, panton köprülerini, kessonlary, ýüzýän pristanlary, buýlary, bakenleri, rezerwuarlary, baržalary, lihterleri, ýüzýän kranlary, sal çekiji gämileri (plot), (sport dynç alşyna niýetlenilmedik) gurmak; gämileri, korabllary, ýüzýän serişdeleri gurmak üçin metal düzütleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýelkenleri öndürmek (13.92 seret); kürekleriň hyrlary we labyrlary (25.99 seret), gämi nawigasion serişdelerini (26.51 seret), ýşyklandyryjy enjamlary (27.40 seret), gämi herekete getirijilerini (28.11 seret), amfibiýalary (29.10 seret), gezim etmek üçin çişirilýän gämileri (30.12 seret) gurmak işleri. Gämilerde tehniki taýdan hyzmat etmek we ýöriteleşdirilen abatlaýyş işlerini geçirmek (33.15 seret); gämileri kesmek işi (38.11 seret); gäminiň içki bezeglerini etmek (43.3 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 30.12 | 30.12.00 | Sport gämileriniň gurluşygy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çişirilýän gämileri we plotlary öndürmek; ýelkenli gämileri kömekçi herekete getirijiler bilen ýa-da herekete getirijisiz, motorly gaýyklary, beýleki syýahat gämilerini (kanoý, baýdarka, kaýak, akademik gämi) gurmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýelkenli gämileri (13.92 seret), kürek hyrlaryny, labyrlary (25.99 seret) öndürmek; gäminiň herekete getirijilerini öndürmek (28.11 seret); srfer we windserfer öndürmek (32.30 seret); gämilere tehniki taýdan hyzmat etmek (33.15 seret)* |
| | 30.2 | | | Demir ýol hereket ediş düzümini öndürmek |
| | | 30.20 | 30.20.00 | Demir ýol hereket ediş düzümini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *elektrowozlary we teplowozlary, demir ýol, şol sanda tramwaý motorly wagonlaryny, ýolagçy we ýük wagonlaryny hasaba almak bilen ýoly abatlamak, ýoly abatlamak we tehniki taýdan ýola hyzmat etmek üçin demir ýol ulag serişdelerini öndürmek; özi ýöremeýän demir ýol we tramwaý hereket ediji düzümi (ýolagçy wagonlary, ýük wagonlary, özi ýük düşürýän wagonlar, sisternalar, wagon-ussahanalary, kranly wagonlary, tenderleri we ş.m.) öndürmek; demir ýol we tramway hereket ediji düzüminiň böleklerini (teležkalary, oklary, tigirleri, tormozlary we tormoz böleklerini, gaňyrçaklary, awtotirkeg gurluşlaryny, buferleri we bufer böleklerini, amortizatorlary, wagon äpişgelerini, lokomotiwlerini, korpuslaryny, tambur birikdirjilerini we ş.m.) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *şahtalar üçin lokomotiw öndürmek; howpsuzlygy üpjün etmek üçin signalizasiýa enjamlaryny, wagon oturgyçlaryny öndürmek.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *relsleriň ýygnalmadyk görnüşlerini (24.10 seret), demir ýollar üçin berkidiji we sepleşdijileri (25.99 seret), elektrik herekete getirjileri (27.11 seret), herekete getirijileri we turbinalary (28.11 seret), signalizasiýa üçin elektrik enjamlary, howpsuzlygy üpjün etmek we ulag serişdeleriniň hereketini sazlaşdyrmak işi (27.90 seret)* |
| | 30.3 | | | Äleme uçýan apparatlary we beýleki uçujy apparatlary öndürmek |
| | | 30.30 | 30.30.00 | Äleme uçýan apparatlary we beýleki uçujy apparatlary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýük daşamak we ýolagçy* uçarlary, *harby we sport maksatlaryna we beýleki işlere niýetlenen uçarlary öndürmek; dikuçarlary, planerleri, deltoplanlary öndürmek; aerostatlary, dirižabllary, uçýan apparatyn böleklerini we olara degişli detallary (esasy bölekleri: fýuzelýažlary, ganatlary, gapylary, dolondyryjy rullary, şassileri, ýangyç baklaryny, gondallary, howa* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| | | | | *wintlerini, şol sanda dikuçaryň howa çarhlaryny we onuň perlerini (awiasion herekete getirijileri, turboreaktiwli we turbo wintli herekete getirijileri we olaryň böleklerini) öndürmek; uçujylar üçin ýerdäki sport bilen türgenleşilýän ýerleri öndürmek; äleme uçýan apparatlary we raketa göterijileri, hemralary, awtomatlaşdyrylan planeta ara stansiýalary (zondlary), orbital stansiýalary, köp gezek ulanylýan kosmiki korabllary, kontinentler arasyndaky ballistik raketalary, uçujy apparatlary, älem korabllary üçin oturgyçlary öndürmek, düýpli abatlamak işlerini we awiasiýa herekete getirijileri we uçarlary (konwersiýa) täzeden üýtgetmek işlerini geçirmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *poroşýutlary öndürmek (13.92 seret); älem hemralary üçin telekomunikasion serişdeleri öndürmek (26.30 seret); awiasion bort esbaplaryny öndürmek, howa nawigasion ulgamyny öndürmek (26.51 seret); awiasiýa ýşyklandyryjy enjamlaryny öndürmek (27.40 seret); otlaýyş ulgamynyň şaýlaryny, içinden otlanýan herekete getirijileriň beýleki elektrik böleklerini öndürmek (27.90 seret); howa ulagyny uçurmak üçin katapult we oňa degişli enjamlary öndürmek (28.99 seret); karbýuraterleri öndürmek (28.11 seret)* |
| | | | 30.30.20 | Äleme uçýan apparatlary we olaryň böleklerini öndürmek |
| | | | 30.30.90 | Beýleki uçýan apparatlary we olaryň böleklerini öndürmek |
| | 30.9 | | | Beýleki toparlara goşulmadyk başga ulag serişdelerini öndürmek |
| | | 30.91 | 30.91.00 | Motosiklleri öndürmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *motosiklleri, mopedleri, kömekçi herekete getirijiler bilen üpjün edilen tigirleri, motosikl herekete getirijilerini, motosikl gozaklaryny we motosikllere gerek bolan bölekleri öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tigirleri we maýyplar üçin kolýaskalary öndürmek (30.92 seret)* |
| | | 30.92 | 30.92.00 | Tigirleri we maýyplar üçin kolýaskalary öndürmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *motorsyz we beýleki tigirleri (üç tigirli ýük tigirlerini hasaba almak bilen), olara degişli bölekleri öndürmek; herekete getirijili we hereketegetirijisiz maýyplar üçin kolýaskalary we olaryň böleklerini, landolary we çaga kolýaskalaryny öndürmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tigirleri, kömekçi tigirler bilen (30.91 seret), çaga tigirlerini (iki tigirliden başgasy) (32.40 seret) öndürmek* |
| | | | 30.92.10 | Tigirleri we olaryň böleklerini öndürmek |
| | | | 30.92.20 | Maýyplar üçin arabalary we olaryň böleklerini öndürmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *maýyplaryň elektrik hereketlendirijili we elektrik hereketlendirijisiz (mehaniki) arabalarynyň önümçiligi; maýyplar üçin arabalaryň ätiýaçlyk şaýlarynyň we esbaplarynyň önümçiligi* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 30.92.90 | Çaga kolýaskalaryny we olaryň böleklerini öndürmek |
| | | 30.99 | 30.99.00 | Başga toparlara goşulmadyk beýleki ulag serişdelerini we enjamlaryny öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *galtak, araba, ýük teleşkalary, el teležkalary we ş.m., janly zatlar daşamak üçin ulag serişdelerini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *zawodlarda ulanylýan göteriji gurally ýa-da guralsyz teležkalary öndürmek (28.22 seret); önümler satylýan göçme teležkalary we ş.m. we dekoratiw wagon-restoranlary öndürmek (31.01 seret)* |
| **CM (kiçi seksiýa): 31 - 33** | | | | **BEÝLEKI ÖNÜMÇILIK MAŞYNLARY WE ENJAMLARY ABATLAMAK WE GURNAMAK** |
| **31** | | | | **Mebel öndürmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *mebelleriň dürli görnüşleri, dürli materiallardan (daşlardan, betondan ýa-da keramikadan başga) öndürmek; tehnologik prosesler-materiallary işlemek, kesmek, görnüşe getirmek, sozmak we bölek elementleri ýygnamak işlerinden durýar. Önümiň dizaýni onuň möhüm häsiýetnamasydyr. Mebel öndürmekde ulanylýan tehnologiýalar beýleki önümleriň öndüriliş tehnologiýasyna, meselem, agaç önümleriniň öndürilişine (16 bölüme seret) meňzeşdir. Mebel önümçiliginde ulanylýan tehnologik prosesler beýlekileriňkiden köpräkdir. Metaldan mebel öndürmek hem metal önümleriniň öndürilişine (25 bölüme seret), plastmassa mebelleri beýleki plastmassa önümleriniň öndürilişine meňzeş tehnologiýalar bilen ýerine ýetirilmegine seretmezden plastmassa mebelleriň öndürilişi - bu ýöriteleşdirilen işiň görnüşidir* |
| | 31.0 | | | Mebel öndürmek |
| | | 31.01 | 31.01.00 | Söwda guramalary we ofisler üçin mebel öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *islendik materialdan (daşdan, betondan, keramikadan başga) islendik ýerlere, islendik maksatlara niýetlenen mebelleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ofisler, myhmanhanalar, ussahanalar, restoranlar we beýleki jemgyýetçilik ýerleri, tomaşa zallary üçin kreslolary, oturgyçlary öndürmek; dükanlar üçin ýöriteleşdirilen mebelleri, prilawkalar, witrinalar, tekjeler we ş.m. öndürmek; oturgyçlardan başga ofis mebellerini, laboratoriýa mebellerini (ýörite oturgyçlary we beýleki ýumşak kürsüleri, stollary, kabinalary) öndürmek; buthanalar üçin, mekdepler üçin, restoranlar üçin (kürsülerden başga) mebelleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *dekoratiw wagon-restoranlary, göçme azyk önümli teležkalary, söwda furgonlaryny-käbir etraplarda ýolagçylary iýmit bilen üpjün etmek üçin öndürilýän önümler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *mekdep tagtalaryny (28.23 seret), awtoulaglaryň ýumşak kürsülerini (29.32 seret),* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *wagonlar üçin ýumşak kürsüleri (30.20 seret), uçarlar üçin ýumşak kürsüleri (30.30 seret), lukmançylyk, hirurgiýa, stomatologiýa we mal lukmançylygynda ulanylýan mebelleri öndürmek (32.50 seret); mebelleri gurnamak, şol sanda jaýlarda laboratoriýa mebelleri gurnamak işi (43.32 seret)* |
| | | 31.02 | 31.02.00 | Aşhana mebellerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen aşhana mebellerini öndürmek* |
| | | 31.03 | 31.03.00 | Düşekçeleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *düşekçeleriň esasyny öndürmek; düşekçeleri (prujinli ýa-da içine zat dykylan, şeýle hem içi kömekçi materiallardan duryan, öýjükli rezinden ýa-da penoplastdan öndürilen, daşlanmadyk) öndürmek; krowatlaryň gözeneklerini öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *rezinden çişirilýän düşekçeleri, rezinden suw düşekçelerini (22.19 seret) öndürmek* |
| | | 31.09 | 31.09.00 | Mebelleriň beýleki görnüşlerini öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *diwanlary, diwan-krowatlary, bag mebellerini, ýatylýan otaglar üçin mebelleri, naharhana, umumy otag üçin we beýleki ýaşalýan jaýlar üçin mebelleri öndürmek; telewizoryň aşagynda goýulýan mebelleri, tikin maşynlar üçin mebelleri öndürmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *oturgyçlary we oturmak üçin mebelleri daşlamak, mebelleriň ýüzüni owadanlamak, bezemek, pürküp reňklemek, laklamak, ýüzüni ýylmamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýassyklary, puflary we ş.m. öndürmek (13.92 seret); keramikadan, daşdan, betondan mebel ýasamak (23.42, 23.69 we 23.70 seret); yşyklandyryjy enjamlary öndürmek (27.40 seret); awtoulaglar üçin kürsüleri öndürmek (29.32 seret); wagonlar üçin kürsüleri öndürmek (30.20 seret); uçarlar üçin kürsüleri öndürmek (30.30 seret); mebelleri abatlamak işi (95.24 seret)* |
| **32** | | | | **Beýleki önümleri öndürmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *klassifikatoryň beýleki toparlaryna girizilmedik dürli görnüşli harytlary öndürmek, olar dürli maksatlara niýetlenen, dürli hilli materiallardan, dürli usullary ulanyp öndürilen harytlardyr. Şeýlelikde, bu bölümde harytlary klassifisirlemek üçin dürli klassifikasion alamatlar ulanylýar.* |
| | 32.1 | | | Zergärlik önümlerini, medallary we şaýylary öndürmek |
| | | 32.11 | 32.11.00 | Zikge kakmak, şaýlary we medallary öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *şaýy öndürmek, pul birligi höklmünde gündelik sarp edilýän şaý pullary hasaba alyp, medallary we medalýonlary (tumar), gymmatbaha ýa-da gymmatbaha däl metallardan medallary öndürmek* |
| | | 32.12 | 32.12.00 | Zergärlik önümlerini öndürmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gymmat bahaly we gymmat bahaly däl metallardan zergärlik önümlerini-gymmat bahaly we ýarym gymmat bahaly metallaryň ýüzüne gymmat bahaly metallary çaýyp, gymmat ýa-da ýarym gymmat bahaly daşlary oturtmak arkaly we gymmat bahaly metaly gymmat bahaly daşlar bilen ýa-da beýleki materiallar bilen goşup öndürmek; gymmat bahaly ýa-da gymmat bahaly däl metallardan, ýüzüne gymmat bahaly metal çaýyp, zergärlik önümlerini (naharhana enjamlaryny, ýalpak we çuňňur gap-gaçlary, hajathana üçin gerek bolan zatlary, býurolar we ofisler üçin dekoratiw onümleri öndürmek, dini düşünjeler bilen baglanyşykly önümleri öndürmek); gymmat bahaly metallardan tehniki we laboratoriýa önümlerini-tigl, elektrod, katalizator gözenekleri we ş.m., sagat baglaryny, bilezikleri, sagat baglaryryň ildirgiçlerini, portsigaralary öndürmek; işläp bejerilen dür öndürmek; senagat taýdan işlenilen daşlary goşmak bilen, işlenilen gymmat bahaly ýa-da ýarym gymmat bahaly daşlaryň, şeýle hem sintetik we dikeldilen daşlaryň önümçiligi; almaz daşlaryny işlemek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *gymmat bahaly metallardan öndürilen önümleri haşamlamak, şahsy buýurmalar esasynda gymmat bahaly ýa-da gymmat bahaly däl metal önümlerini haşamlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *metal däl sagat baglaryny öndürmek (15.12 seret); gymmat bahaly däl metal önümlerine gymmat bahaly metal çaýmak (25 seret); sagatlaryň korpuslaryny öndürmek (26.52 seret); gymmat bahaly metallardan bilezikleri, sagat baglaryny, gymmat bahaly däl metallardan zergärlik önümlerini öndürmek (32.13 seret); zergärlik önümlerini abatlamak işi (95.25 seret)* |
| | | 32.13 | 32.13.00 | Bižuteriýa we ş.m. önümleri öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bižuteriýa (ýüzük, bilezik, zynjyr we ş.m. esasy metaldan öndürilip, ýüzüne gymmatbaha metal çaýylan, emeli ösdürilip ýetişdirilen daşlar bilen ýa-da gymmatbahaly daşlara meňzedilip ýasalan daşlar bilen bižuteriýa önümlerini) öndürmek; sagatlaryň baglaryny (gymmatbahaly metaldan başga) öndürmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gymmatbahaly metal önümlerini ýa-da gymmatbahaly metal çaýylan önümleri, tebigy daşlar bilen bezelen önümleri öndürmek (32.12 seret); sagatlar üçin gymmatbahaly metaldan baglary we bilezikleri öndürmek (32.12 seret)* |
| | 32.2 | | | Saz gurallaryny öndürmek |
| | | 46.14 | 46.14.00 | Maşynlaryň, enjamlaryň, uçýan apparatlaryň, gämileriň lomaý söwdasy boýunça söwda agentleriniň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *oba hojalyk maşynlarynyň söwdasy boýunça agentleriň işi; ofis enjamlarynyň, kompýuterleriň, önümçilik maşynlarynyň, enjamlarynyň, gämileriň we uçýan appatatlaryň söwdasy boýunça agentleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtoulaglaryň söwdasy boýunça söwda araçylarynyň işi (45.1 seret); awtoulaglaryň auksionda söwdasy (45.1 seret); öz hasabyňa lomaý satuw söwdasy (46.2, 46.9 seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | | 46.15 | 46.15.00 | Mebelleriň, durmuş harytlarynyň, ownuk metal harytlaryň we beýleki metal önümleriň lomaý söwdasy boýunça agentleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý söwda etmek (46.2-46.9 kodlara seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | | 46.16 | 46.16.00 | Dokma önümleriň, egin-eşikleriň, aýakgaplaryň, deri we bagana önümleriniň lomaý söwdasy boýunça agentleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý söwda etmek (46.2-46.9 seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý söwda etmek (47.99 seret)* |
| | | 46.17 | 46.17.00 | Azyk, içgi önümleriniň we temmäki önümleriniň lomaý söwdasy boýunça agentleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý satuw söwdasy (46.2-46.9 seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | | 46.18 | 46.18.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk harytlaryň käbir görnüşleriniň ýa-da käbir toparlarynyň lomaý söwdasy boýunça agentleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýangyn enjamlarynyň,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gurallaryny we inwentarlaryny, ýangyn söndürijileriň özbaşdak we köpçülikleýin gorag serişdeleriniň, ýangyn söndüriji ulgamlary (ulgamlaryň bölekleri) üçin enjamlaryň we abzallarynyň, ýangyn we gorag-ýangyn habar beriji ulgamy üçin abzallarynyň we enjamlarynyň (ulgamlaryň böleklerini), ýangyn howpsuzlygynyň awtomatlaşdyrylan we habar beriş ulgamlary (ulgamlaryň bölekleri) üçin enjamlaryň, abzallaryň we programma serişdeleriniň, ot söndürijileriniň we ot söndüriji düzümleriniň, otdan goraýjy serişdeleriniň, ýangyna garşy diwarlaryndaky boşluklary doldurmak üçin elementleriň lomaý söwdasy boýunça agentleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý satuw söwdasy (46.2, 46.9 seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret).); ätiýaçlandyryş fondunyň agentleriniň işi (66.22 seret); gozgalmaýan emläk boýunça agentleriň işi (68.31 seret)* |
| | | | 46.18.10 | Ýangyn enjamlaryny, gurallaryny, inwentarlaryny, ýangyn halas ediş gurluşlaryny, ýangyn söndürijileriň esbaplaryny we gorag serişdelerini; ýangyn söndüriji we tüssa garşy gorag, ýangyn we gorag-ýangyn habar beriji, ýangyn barada adamlara habar beriş, olary guramaçylykly halas ediş, ýangynlaryň döremeginiň we ýaýramagynyň öňüni alyş ulgamlary üçin (şol sanda ulgamlaryň bölekleri); abzallary we enjamlary; ýangyn howpsuzlygynyň ulgamlary üçin (şol sanda ulgamlaryň bölekleri) enjamlary, abzallary we programma serişdeleri; ot söndürijileri we ilkinji ýangyn söndüriji serişdeleri, ot söndüriji düzümleri we otdan goraýjy serişdeleri getirmek boýunça işleri |
| | | | 46.18.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk harytlaryň käbir görnüşleriniň ýa-da käbir toparlarynyň lomaý söwdasy boýunça agentleriň işi |
| | | 46.19 | 46.19.00 | Giň assortimentli harytlaryň lomaý söwdasy boýunça agentleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyňa lomaý satuw söwdasy (46.2-46.9 seret); dükandan daşda söwda araçylarynyň üsti bilen lomaý satuw söwdasy (47.99 seret)* |
| | 46.2 | | | Oba hojalyk çig mallaryny we diri haýwanlary lomaý satmak |
| | | 46.21 | 46.21.00 | Däneleriň, işlenilmedik temmäkiniň, tohumlyk däneleriň, haýwanlar üçin ot-iýmleriň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *däneleri we tohumkyk däneleri lomaý satmak; ýag alynýan ösümlikleriň lomaý satuw söwdasy; işlenilmedik temmäkiniň lomaý satuw söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *dokma süýümleriniň lomaý satuw söwdasy (51.56 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 46.21.10 | Däneleriň, tohumlyk däneleriň, haýwanlar üçin ot-iýmleriň lomaý söwdasy |
| | | | 46.21.90 | Işlenilmedik temmäkiniň lomaý söwdasy |
| | | 46.22 | 46.22.00 | Gülleriň we beýleki ösümlikleriň lomaý satuw söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gülleriň we beýleki ösümlikleriň, olaryň nahallarynyň we tohum soganlarynyň lomaý satuw söwdasy* |
| | | 46.23 | 46.23.00 | Diri haýwanlaryň lomaý söwdasy |
| | | 46.24 | 46.24.00 | Deriniň we bagananyň lomaý söwdasy |
| | 46.3 | | | Azyk önümleriniň, içgileriň, temmäki önümleriniň lomaý söwdasy |
| | | 46.31 | 46.31.00 | Mieweleriň we gök önümleriň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ter miweleriň, ýeralmalaryň we gök önümleriň, guradylan miweleriň, gaplanan miweleriň, gök önümleriň lomaý söwdasy* |
| | | 46.32 | 46.32.00 | Et we et önümleriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gaýtadan işlenen etleriň we et önümleriniň, etleriň we öý guşlarynyň etleriniň, aw etleriniň lomaý söwdasy* |
| | | 46.33 | 46.33.00 | Süýt önümleriniň, ýumurtganyň, iýmit ýaglarynyň we ýaglaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *süýt önümleriniň, ýumurtganyň we ýumurtga önümleriniň, iýmek üçin eredilen mal ýaglarynyň we ösümlik ýaglarynyň lomaý söwdasy* |
| | | 46.34 | 46.34.00 | Alkogolly we beýleki içgi önümleriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *alkogolly, alkogolsyz içgileriň lomaý satuw söwdasy; çakyrlary uly gaplarda satyn alyp, ony gaýtadan işlemezden çüýşe gaplara guýmak, uly gaplarda satyn alnan çakyrlary soňra garmak, arassalamak, çüýşelere guýup satmak* |
| | | | 46.34.10 | Spirti we alkogolly önümleri getirmek boýunça işler hem-de olaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.34.90 | Alkogolly we beýleki içgi önümleriniň lomaý söwdasy |
| | | 46.35 | 46.35.00 | Temmäki önümleriniň lomaý satuw söwdasy |
| | | | 46.35.10 | Temmäki önümlerini getirmek boýunça işler hem-de olaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.35.90 | Temmäki önümleriniň lomaý satuw söwdasy |
| | | 46.36 | 46.36.00 | Gandyň, şokoladyň, gantdan öndürilen konditer önümleriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gandyň, şokoladyň, gantdan öndürilen konditer önümleriniň çörek we çörek önümleriniň lomaý söwdasy* |
| | | 46.37 | 46.37.00 | Kofeň, çaýyň, kakaoň we ýakymly ysly goşundylaryň lomaý söwdasy |
| | | 46.38 | 46.38.00 | Beýleki azyk önümleriniň, şol sanda balygyň, leňňeç şekillileriň we mollýuskalaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *öý haýwanlary, it, pişik we ş.m (eldeki haýwanlar) üçin iýmleriň lomaý satuw söwdasy* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 46.39 | 46.39.00 | Azyk önümleriniň, içgileriň, temmäki önümleriniň ýöriteleşdirilmedik lomaý söwdasy |
| | 46.4 | | | Ilatyň isleg bildirýän azyk däl harytlarynyň lomaý söwdasy |
| | | 46.41 | 46.41.00 | Dokma önümleriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýüplükleriň, matalaryň, ýatmak üçin we aşhana üçin daşlyklaryň (belýolaryny), galantereýa harytlarynyň (iňňe, tikin sapagy we ş.m.) lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *dokmaçylyk süýümleriniň lomaý söwdasy (46.76 seret)* |
| | | 46.42 | 46.42.00 | Egin-eşikleriň we aýakgaplaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *egin-eşikleriň, sport eşikleriniň, egin-eşikleriň aksessuarlarynyň, ellik, galstuk, rezinler we ş.m., deri önümleriniň, saýawanlaryň, aýakgaplaryň lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *zergärçilik önümlerini (46.48 seret); deri önümlerini (46.49 seret); ýörite sport aýakgaplaryny (46.49 seret).* |
| | | | 46.42.10 | Geýimleriň lomaý söwdasy |
| | | | 46.42.90 | Aýakgaplaryň lomaý söwdasy |
| | | 46.43 | 46.43.00 | Radio, teleapparatura, durmuş elektrik harytlarynyň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gramplastinkalary, magnit lentalaryny, kompakt diskleri, wideokassetalary, ýazgyly DVD-diskleri, tok geçiriji simleri, öçürip-ýakyjylary, beýleki durmuşda ulanylýan elektrik enjamlary lomaý satmak; suratlary, optiki harytlary, radiopriýomnikleri, telewizor-lary, durmuş ýyladyş elektrik enjamlarynyň lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gramplastinkalaryň, magnit lentalarynyň, kompakt-diskleriň, wideokassetalaryň, DVD-diskleriň (arassa) lomaý söwdasy (46.52 seret); tikin maşynlarynyň lomaý söwdasy (46.64 seret)* |
| | | | 46.43.10 | Durmuş radio- teleapparaturalaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.43.20 | Gramplastinalaryň, magnit lentalarynyň, kompakt-diskleriň, wideokassetalary, ýazgyly DVD-diskleriň lomaý söwdasy |
| | | | 46.43.90 | Ýagtylandyryjy enjamlardan başga, beýleki durmuş elektrik harytlarynyň lomaý söwdasy |
| | | 46.44 | 46.44.00 | Farfordan, aýnadan öndürilen önümleriň, oboýyň we ýuwujy serişdeleriň lomaý söwdasy |
| | | 46.45 | 46.45.00 | Parfýumeriýa we kosmetiki harytlaryň (sabyny hasaba alyp) lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *parfýumeriýa we kosmetiki harytlaryň, sabynyň lomaý söwdasy* |
| | | 46.46 | 46.46.00 | Farmasewtiki harytlaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lukmançylyk gurallaryny hem goşmak bilen, lukmançylyk tehnikasynyň, ortopediýa harytlaryň lomaý söwdasy* |
| | | | 46.46.10 | Farmasewtiki harytlaryň lomaý söwdasy, |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | lukmançylyk tehnikasyndan we ortopediki önümlerinden başga<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *derman serişdeleriň, saglygy goraýyş hajatly önümleriň, parafarmasewtiki önümleriň lomaý söwdasy* |
| | | | 46.46.11 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtiki harytlaryň we derman serişdeleriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dermanlary gaplamak üçin serişdeleriň we beýleki lukmançylyk-tehniki serişdeleriniň, sarp ediş serişdeleriniň lomaý söwdasyny, saglygy goraýyş hajatly önümleriň, näsaglara delalat etmek üçin niýetlenen zatlaryň, derman serişdeleriniň, dermanlyk çig mallarynyň we dermanlyk kömekçi serişdeleriň lomaý söwdasy, barlaghanalarda lukmançylyk barlag işlerini geçirmek üçin ulanylýan reaktiwleriň, reagentleriň, waksinalaryň, syworotkalaryň we zyýansyzlandyryjy erginleriň, bejeriş palçyklarynyň we deňiz duzlarynyň lomaý söwdasy* |
| | | | 46.46.12 | Düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdeleriniň lomaý söwdasy |
| | | | 46.46.13 | Weterinariýada ulanylýan düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtiki harytlaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.46.20 | Lukmançylyk tehnikasynyň we ortopediýa harytlarynyň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lukmançylyk esbaplarynyň, abzallarynyň, enjamlarynyň, gurallarynyň we ortopediýa önümleriň, lukmançylyk mebelleriň lomaý söwdasy* |
| | | 46.47 | 46.47.00 | Öý mebelleriniň, halylaryň, ýagtylandyryjy enjamlaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *mebelleriň, halylaryň, ýagtylandyryjy enjamlaryň lomaý söwdasy.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ofis mebelleriniň lomaý söwdasy (46.65 seret)* |
| | | | 46.47.10 | Öý mebelleriniň, halylaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.47.90 | Ýagtylandyryjy enjamlaryň lomaý söwdasy |
| | | 46.48 | 46.48.00 | Sagatlaryň we zergärlik önümleriniň lomaý söwdasy |
| | | | 46.48.10 | Gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daşlardan ýasalan zergärlik önümleriniň we sagatlaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.48.20 | Gymmat bahaly däl metallardan we gymmat bahaly däl daşlardan ýasalan zergärlik önümleriniň we sagatlaryň lomaý söwdasy |
| | | 46.49 | 46.49.00 | Beýleki ilatyň isleg bildirýän azyk däl harytlarynyň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kanselýariýa degişli zatlaryň, kitaplaryň, žurnallaryň, gazýetleriň, surat harytlarynyň we optiki harytlaryň, deri önümleriniň we ýola ulanylýan zatlaryň, saz gurallarynyň,oýunlaryň we oýnawaçlaryň,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *sport harytlarynyň (şol sanda sport aýakgaplaryň) welosipedleri, olaryň bölekleriniň we oňa degişli zatlaryň,agaçdan ýasalan harytlaryň, örülen önümleriň, dykylyk gabykdan ýasalan önümleriň we ş.m. lomaý söwdasy* |
| | 46.5 | | | Kompýuterleriň we telekommunikasion enjamlaryň lomaý söwdasy<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *informasion tehnologik enjamlaryň (kompýuterleriň, telekommunikasion enjamlaryň we onuň bölekleriniň) lomaý söwdasy* |
| | | 46.51 | 46.51.00 | Kompýuterleri (EHM), periferiýa gurluşlarynyň we programma üpjünçiliginiň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kompýuterleriň, kompýuter periferiýa gurluşlarynyň we programma üpjünçiliginiň lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *elektron komponentleriniň lomaý söwdasy (46.52 seret); kompýuterlerden başga ofis enjamlarynyň lomaý söwdasy (46.66 seret)* |
| | | 46.52 | 46.52.00 | Elektron we telekommunikasion enjamlaryň komponent-leriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *elektron trubkalaryň lomaý söwdasy ýarymgeçirijileriň, mikroçipleriň we integral shemalaryň, çap platlarynyň lomaý söwdasy; gramplastinkalaryň, magnit lentalarynyň, kompakt-diskleriň, wideokassetalaryň, DVD-diskleriň (arassa) lomaý söwdasy; telefonlaryň we telekommunikasion enjamlaryň lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gramplastinkalaryň, magnit lentalarynyň, kompakt-diskleriň, wideokassetalaryň, DVD-diskleriň (ýazgyly) lomaý söwdasy (46.43 seret); kompýuterleriň lomaý söwdasy (46.51 seret)* |
| | | | 46.52.10 | Elektron we telekommunikasion enjamlaryň komponent-leriniň lomaý söwdasy |
| | | | 46.52.90 | Gramplastinkalaryň, magnit lentalarynyň, kompakt-diskleriň, wideokassetalaryň, DVD-diskleriň (arassa) lomaý söwdasy |
| | 46.6 | | | Maşynlaryň we enjamlaryň lomaý söwdasy<br>***Bu topar öz içine alýar***: *ýöriteleşdirilen maşynlaryň, islendik önümçilik prosesleri üçin enjamlaryň, kömekçi gurluşlaryň, diýmek, umumy niýetlenen önümleriň lomaý söwdasy* |
| | | 46.61 | 46.61.00 | Oba hojalyk maşynlarynyň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar***: *tokaý we oba hojalyk pudaklary üçin traktorlaryň lomaý söwdasy; döküm dargadyjy traktorlaryň, pluglaryň, däne sepýän maşynlaryň lomaý söwdasy; däne ýygnaýan kombaýnlaryň, ot desseläp bogýan traktorlaryň lomaý söwdasy; saýyjy, tüýdüji maşynlaryň, süýt sagýan apparatlaryň, gazon kesijileriň, herekete* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *getirijisiniň görnüşine seretmezden, guşçulykda we balçylykda ulanylýan maşynlaryň lomaý söwdasy* |
| | | 46.62 | 46.62.00 | Stanoklaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *islendik görnüşli, islendik materiallar üçin stanoklaryň, şol sanda programmaly dolandyrylýan stanoklaryň lomaý söwdasy* |
| | | 46.63 | 46.63.00 | Gazyp alynýan peýdaly magdanlary senagaty, gurluşyk, şol sanda raýat gurluşyklar üçin maşynlaryň we enjamlaryň lomaý söwdasy |
| | | 46.64 | 46.64.00 | Dokma senagaty üçin maşynlaryň, tikin tikýän we örýän maşynlaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *programmalar arkaly dolandyrylýan maşynlaryň lomaý söwdasy* |
| | | 46.65 | 46.65.00 | Ofis mebelleriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *31.01. klasdaky harytlaryň lomaý söwdasy* |
| | | 46.66 | 46.66.00 | Ofis maşynlarynyň we enjamlarynyň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kalkulýator, ýazylýan maşyn ýaly ofis maşynlarynyň lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kompýuterleri we periferiýa gurluşlaryň lomaý söwdasy (46.51 seret); elektron we telekommunikasion enjamlaryň bölekleriniň lomaý söwdasy (46.52 seret)* |
| | | 46.69 | 46.69.00 | Beýleki maşynlaryň we enjamlaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *awtoulag, motosikl, tigirden başga ulag serişdeleriniň we enjamlarynyň lomaý söwdasy; önümçilik işleriniň lomaý söwdasy; senagatda ulanmak üçin geçiriji simleriň, öçürip-ýakyjylaryň we elektrik enjamlaryň önümleriniň lomaý söwdasy; beýleki elektrik enjamlaryň: elektrik herekete getirijileriň, transformatorlaryň, elektro we radio düzüm bölekleriniň (başga toparlara goşulmadyk), senagatda ulanmak üçin beýleki maşynlaryň we enjamlaryň, söwda, nawigasiýa we işiň beýleki görnüşleriniň lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ölçeg gurallarynyň, enjamlaryň we abzallaryň lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtoulaglary, tirkegleriň, ýaşaýyş awtofurgonlarynyň we tirkegleriniň lomaý söwdasy (45.1 seret); awtoulaga degişli bölekleriň, şaýlaryň, simsapaklaryň lomaý söwdasy (45.31 seret); motosiklleriň lomaý söwdasy (45.40 seret); tigirleriň lomay söwdasy (46.49 seret)* |
| | 46.7 | | | Beýleki harytlaryň lomaý söwdasy<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *bu bölümiň beýleki toparlarynda agzalmadyk harytlary ýöriteleşdirilen lomaý söwdasy. Bu topar takyk ýöriteleşdirilmedik, giň assortimentli harytlary lomaý söwdasyny öz içine alýar* |
| | | 46.71 | 46.71.00 | Gaty, suwuk we gaz görnüşli ýangyçlaryň we önümleriň |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *motor ýangyçlarynyň, çalgy materiallaryň, tehniki ýaglaryň, agaç daş kömrüniň, kömriň, koksyň, ýangyç agajyň , naftaliniň, çig nebitiň, dizel ýagyň, gazoýly (dizel ýangyjynyň bir görnüşi), benziniň, mazutyň, kerosiniň, suwuklandyrylan nebit gazyň, butan we puropanyň, çalgy ýaglaryň, arassalanan nebit önümleriniň lomaý söwdasy* |
| | | | 46.71.10 | Çig nebitiň we ugurdaş gazyň lomaý söwdasy |
| | | | 46.71.20 | Tebigy (ýanýan) gazyň lomaý söwdasy |
| | | | 46.71.30 | Daş kömriň we lignitiň(goňur kömri) lomaý söwdasy |
| | | | 46.71.40 | Awiasiýa üçin benziniň we kerosiniň lomaý söwdasy |
| | | | 46.71.50 | Awtomobil benzininiň lomaý söwdasy |
| | | | 46.71.60 | Dizel ýangyjynyň lomaý söwdasy |
| | | | 46.71.70 | Ýakylan mazutyň lomaý söwdasy |
| | | | 46.71.90 | Beýleki ýangyçlaryň, çalgy materiallaryň, tehniki ýaglaryň we ş.m. lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *beýleki ýangyçlaryň lomaý söwdasy, şeýle-de awtomotoulag serişdelerini doldurmak üçin gazyň lomaý söwdasy; maşyn ýaglarynyň, çalgy materiallarynyň, prisadkalaryň we şuňa meňzeş önümleriň lomaý söwdasy* |
| | | | 46.71.91 | Beýleki ýangyçlaryň lomaý söwdasy, şeýle-de awtomotoulag serişdelerini doldurmak üçin gazyň lomaý söwdasy |
| | | | 46.71.92 | Maşyn ýaglarynyň, çalgy materiallarynyň, prisadkalaryň we şuňa meňzeş önümleriň lomaý söwdasy. |
| | | 46.72 | 46.72.00 | Metallaryň we metal känleriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *demir känleriniň we reňkli metal känleriniň lomaý söwdasy; ilkinji görnüşdäki gara we reňkli metallaryň lomaý söwdasy; beýleki toparlara goşulmadyk gara we reňkli metallardan öndürilen ýarym fabrikatlaryň lomaý söwdasy; gymmatbaha metallaryň, altynyň we ş.m. lomaý söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *metal galyndylarynyň we döwük-ýenjikleriniň lomaý söwdasy (46.77 seret)* |
| | | | 46.72.10 | Gara we reňkli matal känleriniň lomaý söwdasy |
| | | | 46.72.20 | Çoýunyň, poladyň we olardan guýlup ýasalan zatlaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.72.30 | Reňkli metallaryň we olardan guýlup ýasalan zatlaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.72.40 | Gymmat bahaly metallaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.72.90 | Beýleki metallaryň we olardan guýlup ýasalan önümleriň lomaý söwdasy |
| | | 46.73 | 46.73.00 | Agaç materiallaryň, gurluşyk materiallaryň we sanitar-tehniki enjamlaryň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lak reňkleriniň lomaý söwdasy;* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *işlenilmedik agaç materiallaryň, ilkinji işlenen agaç materiallaryň, gurluşyk (çäge, çagyl) materiallarynyň, list aýnalaryň, oboýlaryň, pol örtgüleriniň, sanitar-tehniki enjamlaryň (wannalary, rakowinalary, unitazlary we ş.m farfordan sanitar-tehniki enjamlary); metal düzütleriniň lomaý söwdasy* |
| | | | 46.73.10 | Agaç materiallarynyň lomaý söwdasy |
| | | | 46.73.20 | Pol örtgüleriniň, oboýlaryň lomaý söwdasy |
| | | | 46.73.90 | Beýleki gurluşyk materiallarynyň we sanitar-tehniki enjamlarynyň lomaý söwdasy |
| | | 46.74 | 46.74.00 | Ownuk şaýlaryň, suw geçiriji we ýyladyş enjamlarynyň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sanitar-tehniki armaturalaryň (turbalary, trubkalary, fitingleri, kranlary, troýnikleri, birleşdiriji elementleri, rezin şlanglary)lomaý söwdasy; elde işledilýän: pilleriň, paltalaryň, otwýortkalaryň we ş.m. gurallaryň lomaý söwdasy* |
| | | 46.75 | 46.75.00 | Himiki önümleriň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *senagatda ulanylýan himiki maddalaryň (anilin, tipografiýa reňkleri, efir ýaglary, senagat gazy, himiki ýelimleri, boýag maddalaryny, sintetik garasakgyçlary, metil spirtini, parafini, ýakymly ysly, süýji, ysgalýan maddalary, sodany, senagat duzuny, kükürdi, krahmal önümlerini we ş.m.) lomaý söwdasy* |
| | | | 46.75.10 | Himiki maddalaryň we himiki önümleriň lomaý söwdasy (getirilýän ozon zaýalaýjy maddalary hem goşmak bilen) |
| | | | 46.75.20 | Pestisidleriň we beýleki agrohimiki önümleriň lomaý söwdasy (getirilýän pestisidleri we beýleki agrohimiki maddalary hem goşmak bilen) |
| | | | 46.75.90 | Beýleki_himiki önümleriň lomaý söwdasy |
| | | 46.76 | 46.76.00 | Beýleki aralyk önümleriniň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dokma süýümleriniň, uly göwrümli (toplaýyn) kagyzlaryň, gymmatbaha daşlaryň, ilkinji görnüşdäki plastmassalaryň, sintetik kauçugyň we reziniň lomaý söwdasy* |
| | | 46.77 | 46.77.00 | Galyndylaryň we döwük-ýenjikleriň lomaý söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *metal we metal däl galyndylary we döwük-ýenjikleri ikinji gezek gaýtadan işlemek üçin lomaý söwdasy (almak we satmak); ýygnamagy, seljerip – saýlamagy, ulanylan önümleri (meselem, awtoulagy), olaryň şaýlaryny ikinji gezek ulanmak maksady bilen gaýtadan gaplamagy, saklamagy we alyja ýetirmegi öz içine alýar; alnan we satylan galyndylaryň degişli bahasy bardyr; ulanylan awtoulaglary, telewizorlary, kompýuterleri beýleki enjamlary we apparaturalary sökmek we şaýlaryny gaýtadan işlejek alyjylara ýa-da şahsy alyjylara satmak (şol sanda heläkçilige uçran awoulaglaryň döwükleriniň we bölek şaýlarynyň lomaý söwdasy)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** senagat we durmuş galyndylary ýok etmek (38.1 seret); galyndylary ýok etmek üçin işlemek (38.2 seret); ikinji derejeli çig mal almak üçin galyndylary işlemekde bu materiallaryň düzümi üýtgeýär we mundan beýläk gaýtadan işlemäge ýaramly görnüşe gelýär, emma ol taýýar önüm däldir (38.3 seret); kompýuterleri, telewizorlary, ulag serişdelerini elde döwmek, owratmak (38.31 seret); ulanylan harytlaryň bölekleýin söwdasy (47.79 seret)* |
| | | | 46.77.10 | Gara we reňkli metallaryň galyndylarynyň we döwük-ýenjiginiň lomaý söwdasy |
| | | | 46.77.20 | Gymmat bahaly metallaryň we gymmat bahaly daşlaryň galyndylarynyň we döwük bölekleriniň lomaý söwdasy |
| | | | 46.77.90 | Beýleki metal däl galyndylaryň we döwük bölekleriniň lomaý söwdasy |
| | 46.9 | | | Lomaý, ýöriteleşdirilmedik söwda |
| | | 46.90 | 46.90.00 | Lomaý, ýöriteleşdirilmedik söwda<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** hiç hili ýöriteleşdirilmedik, giň assortimentli harytlaryň lomaý söwdasy* |
| **47** | | | | **Awtomobilleriň we motosiklleriň söwdasyndan başga bölek söwda**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:** alyp satmagy (üýtgewsiz satmak) täze ýa-da öň ulanylan harytlary, şahsy sarp ediş üçin ýa-da durmuşda ulanmak üçin: dükanlary, uniwermaglary, söwda palatkalaryny, kiosklary, buýurmalary aragatnaşyk ulagamynyň üsti bilen ugradýan firmalary, satyjylaryň köçede aýlap satmagy, sarp ediji kooperatiwleri ýaly işleri öz içine alýar.*<br>*Bölek söwda nokadyň ýerleşýän yeri bilen klassifisirlenýär: dükanlarda 47.1- 47.7, dükanda däl – 47.8 we 47.9.; ulanylan harytlary dükanlarda satmak tapawutlanýar (47.79 seret), şeýle-de ýöriteleşdirilen dükanlarda bölekleýin satmagyň tapawutlanyşy ýaly (47.2-47.7 seret) ýöriteleşdirilmedik dükanlarda-da (47.1 seret) tapawutlanýar. Mundan beýläk täze harytlary bölekleýin söwdasy üçin ýöriteleşdirilen söwda satylan harydyň görnüşine baglylykda klassifisirlenýär. Söwdanyň dükanlardaky söwdadan daşdaky görnüşleri: buýurmalary poçta üsti bilen amala aşyrmagy, ulag serişdeleriniň üsti bilen gurnalýan göçme söwdalary, şeýle-de awtomatlaşdyrylan söwda nokatlarynda satylyşy bilen tapawutlanýar. Şeýle-de auksion üsti bilen satylýan bölek satyş hem goşulýar. Bular ýaly harytlara alyjylaryň isleg bildirýän harytlary diýilýär. Şonuň üçin däneler, senagat maşynlary muňa goşulmandyr. Bu harytlar durmuşda ulanylmaga niýetlenilmedik hem bolsa, sergileriň üsti bilen kompýuterler, kagyz önümleri ýaly harytlar bölekleýin* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *satylýar. Şeýle hem söwda araçylarynyň işi bu bölüme goşulandyr. Bu bölüm öz içine- seljermek, garmak, ölçemek ýaly amallary hem alýar.* **Bu bölüm öz içine almaýar:** *oba hojalyk pudagynyň, önüm öndürijileriniň fermadan öz önümlerini satmagy (01 seret); işläp bejerýän senagat bölümindäki (10-32 seret) önümleri öndürmek we harytlaryň söwdasy; awtoulag serişdelerini we motosiklleri, olaryň şaýlaryny, simsapaklaryny we olara degişli bölekleri satmak (45 seret); däneleri, çig nebiti, minerallary, himiýa senagatynyň harytlarynyň, metallurgiýa önümleriniň we senagat enjamlarynyň (46 seret) söwdasy; azyk önümlerini hasaba alyp, ýerinde sarp etmek üçin we olary jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryndan daşda ýerleşdirmek (56 seret); durmuş önümlerini kärendesine, kireýine bermek (77.2 seret).* |
| | 47.1 | | | Ýöriteleşdirilmedik dükanlarda bölek söwda |
| | | 47.11 | 47.11.00 | Azyk önümlerini hasaba almak bilen, esasan, temmäki önümleriniň ýöriteleşdirilmedik dükanlarda bölek söwdasy **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *harytlaryň giň assortimentini, esasan, azyk, içgi we temmäki önümlerini ýekeleýin söwda, esasy söwdasy bilen bir hatarda azyk, içgi, temmäki önümlerini, şeýle hem beýleki harytlary: egin – eşik, mebel, durmuş elektrik harytlary, ownuk demir şaýlary, kosmetik harytlary we ş.m. harytlary ýekeleýin satýan uniwersal dükanlaryň işi* |
| | | | 47.11.10 | Paçsyz dükanlarda bölek söwda, esasan, azyk önümlerini hasaba almak bilen, şol sanda içgiler we temmäki önümlerini |
| | | | 47.11.11 | Paçsyz söwda dükanlarynda miweli we gök önümleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.11.12 | Paçsyz söwda dükanlarynda et we et önümleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.11.13 | Paçsyz söwda dükanlarynda balyklaryň, leňňeç şekillileriň we mollýuskalaryň bölek söwdasy |
| | | | 47.11.14 | Paçsyz söwda dükanlarynda çörek-bulka önümleriniň, un önümleriniň we şekerden öndürilen konditer önümleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.11.15 | Paçsyz söwda dükanlarynda alkogolly we alkogolsyz içgileriň bölek söwdasy |
| | | | 47.11.16 | Paçsyz söwda dükanlarynda temmäki we temmäki önümleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.11.19 | Paçsyz söwda dükanlarynda beýleki azyk önümleriniň bölek söwdasy |
| | | 47.19 | 47.19.00 | Beýleki harytlaryň ýöriteleşdirilmedik dükanlarda bölek söwdasy **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *giň assortimentli harytlary: azyk, içgi, temmäki önümleri agdyklyk etmeýän dükanlarda; bölek (ýekeleýin) söwda , umumy assortimentli harytlary,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *şol sanda eşikleri, mebel, durmuş elektrik harytlary, ownuk metal şaýlary, kosmetik harytlary, zergär önümleri, oýnawaçlary, sport harytlaryny we ş.m. harytlary ýekeleýin satýan uniwersal dükanlaryň işi* |
| | | | 47.19.10 | Paçsyz dükanlarda beýleki harytlaryň bölek söwdasy |
| | | | 47.19.11 | Paçsyz söwda dükanlarynda kosmetiki we parfýumeriýa harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | | 47.19.12 | Paçsyz söwda dükanlarynda dokma önümleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.19.13 | Paçsyz söwda dükanlarynda egin-eşikleriň bölek söwdasy |
| | | | 47.19.14 | Paçsyz söwda dükanlarynda deri önümleriniň we aýakgaplaryň bölek söwdasy |
| | | | 47.19.15 | Paçsyz söwda dükanlarynda mebelleriň, yşyklandyryjy enjamlaryň we beýleki durmuş harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | | 47.19.16 | Paçsyz söwda dükanlarynda durmuş elektrik harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | | 47.19.17 | Paçsyz söwda dükanlarynda kitaplaryň, gazetleriň we yazgykagyzlaryň bölek söwdasy |
| | | | 47.19.18 | Paçsyz söwda edýän dükanlarda beýleki bölek söwdasy, şol sanda fotografiýa, optiki we takyk enjamlaryň, halylaryň we haly önümleriniň, sagatlaryň we zergärlik önümleriniň, sport we syýahatçylyk üçin harytlaryň, welosipedleriň, gülleriň, tohumlaryň we dökünleriň bölek söwdasy, beýleki bölek söwda |
| | 47.2 | | | Ýöriteleşdirilen dükanlarda azyk we içgi önümleriniň, temmäki önümleriniň bölek söwdasy |
| | | 47.21 | 47.21.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda miweli we gök önümleriň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda ter miweleriň we gök önümleriň, guradylan, konserwirlenen miweleriň we gök önümleriň bölek söwdasy* |
| | | 47.22 | 47.22.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda et we et önümleriniň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *öý guşlarynyň, aw guşlarynyň eti we olaryň et önümlerini ýöriteleşdirilen dükanlarda bölek söwdasy* |
| | | | 47.22.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda öý guşlarynyň we aw guşlarynyň etiniň we olardan öndürilen et önümleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.22.90 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda et we et önümleriniň bölek söwdasy |
| | | 47.23 | 47.23.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda balyklaryň, leňňeç şekillileriň we mollýuskalaryň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda balyk we deňiz önümleriniň we olardan öndürilen önümleriň bölek söwdasy* |
| | | 47.24 | 47.24.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda çörek-bulka önümleriniň, un önümleriniň we şekerden öndürilen konditer önümleriniň |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | bölek söwdasy |
| | | 47.25 | 47.25.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda alkogolly we alkogolsyz içgileriň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda alkogolly we alkogolsyz içgileriň (ýerinde içmezlik şerti bilen) bölek söwdasy* |
| | | | 47.25.20 | Alkogolly önümleriň bölek söwdasy |
| | | 47.26 | 47.26.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda temmäki we temmäki önümleriniň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda temmäki we temmäki önümlerniň bölek söwdasy* |
| | | | 47.26.20 | Temmäki önümleriniň bölek söwdasy |
| | | 47.29 | 47.29.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda beýleki azyk önümleriniň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda süýt önümleriniň, ýumurtganyň, azyk ýaglarynyň, mal ýaglarynyň we beýleki azyk önümleriniň bölek söwdasy* |
| | 47.3 | | | Ýöriteleşdirilen dükanlarda motor ýangyçlarynyň bölek söwdasy |
| | | 47.30 | 47.30.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda ýangyçlaryň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda motor ýangyjynyň, motosikliň we awtoulag üçin çalgy ýaglarynyň, awtoulaglar üçin tehniki ýaglaryň bölek söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýangyjyň lomaý söwdasy (46.71 seret); suwaldylan gazyň aşhana üçin ýa-da ýyladyş ulgamy üçin bölek söwdasy (47.78 seret)* |
| | | | 47.30.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda motor ýangyjynyň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *awtoulag we motosikl üçin ýangyjy: awtoulag we motosikl üçin ýa-da şoňa meňzeş ulag serişdelerinde ulanylýan benzin, gazolin, suwuk nebit gazy, komprimirlenen, suwuklandyrylan tebigy gaz* |
| | | | 47.30.20 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda çalgy materiallarynyň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çalgy materiallarynyň we sowadyjy serişdeleriň, ýuwujy we ýaldyradyjy serişdeleriň we awtoulag üçin beýleki hemme önümleriň bölek söwdasy* |
| | 47.4 | | | Ýöriteleşdirilen dükanlarda informasiýa we telekommunikasiýa enjamlarynyň bölek söwdasy |
| | | 47.41 | 47.41.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda kompýuterleri we programma üpjünçiliginiň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda kompýuterleriň (EHM); kompýuterleri periferiýa gurluşynyň, buýrujynyň şahsy talabyna uýgunlaşdyrylmadyk programma üpjünçiligiň, elektron oýunlaryň bölek söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýazgy edilmedik arassa plýonkalaryň we diskleriň bölek söwdasy (47.63 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 47.42 | 47.42.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda telekommunikasion enjamlaryň bölek söwdasy |
| | | 47.43 | 47.43.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda audio we wideo apparaturalaryň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda audiopriýomnik, telewizor, wideoapparatura, CD we DVD – apparatura (ýazýan we görkezýän) ýaly önümleriň bölek söwdasy* |
| | 47.5 | | | Ýöriteleşdirilen dükanlarda öý üçin beýleki enjamlaryň bölek söwdasy |
| | | 47.51 | 47.51.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda dokma önümleriniň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda matalaryň, örmek üçin ýüpleriň, haly erişleriň we argaçlaryň, dakymlaryň, gobelen halylaryň, nagyşlanan önümleriň, dokma önümleriniň; süpürgi, skatert we ş.m., galantereýa önümleriň: iňňe, sapak we ş.m. bölek söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *egin-eşikleri bölek söwdasy (47.71 seret)* |
| | | 47.52 | 47.52.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda ownuk demir şaý önümleri we lak-boýag materiallarynyň we aýnanyň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda ownuk demir şaý önümleriniň, boýaglaryň, lagyň, emalyň, list aýnalaryň, beýleki (kerpiç, agaç) gurluşyk materiallarynyň we özüň elde işlemek üçin taýýar materiallaryň, sanitar-tehniki enjamlarynyň, gazonokosilkalaryň bölek söwdasy* |
| | | 47.53 | 47.53.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda halylaryň, diwar we pol örtgüleriniň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *oboýlaryň, pol örtgüleriniň we halylaryň portýerlerini we týul tutularynyň bölek söwdasy*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *probkadan öndürilen pol örtgüsiniň bölek söwdasy (47.52 seret)* |
| | | | 47.53.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda haly we haly önümleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.53.90 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda beýleki diwar we pol örtgüleriniň bölek söwdasy |
| | | 47.54 | 47.54.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda durmuş elektrik harytlarynyň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *audio we wideo enjamlarynyň bölek söwdasy (47.43 seret)* |
| | | 47.59 | 47.59.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda mebelleriň, yşyklandyryjy enjamlaryň we beýleki durmuş harytlarynyň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda öý mebelleriniň, yşyklandyryjy dürli enjamlaryň, öý gap-gaçlarynyň, pyçaklary, çüýşeden, keramikadan, farfordan we faýansdan; agaçdan, dykylyk gabykdan öndürilen* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *önümleriň beýleki toparlara goşulmadyk elektrik däl önümleriň; elektrosignal ulgamlary, meselem, bekleýji gurluşlaryň, seýfleriň, kiltleriň; saz gurallarynyň, partituralaryň we ş.m. bölek söwdasy* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *antikwariat zatlaryň bölek söwdasy (47.79 seret)* |
| | | | 47.59.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda mebelleriň bölek söwdasy |
| | | | 47.59.90 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda yşyklandyryjyň we beýleki durmuş harytlarynyň bölek söwdasy |
| | 47.6 | | | Ýöriteleşdirilen dükanlarda medeni-dynç alyş we sport harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | 47.61 | 47.61.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda kitaplaryň bölek söwdasy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda kitaplaryň ähli görnüşleriniň bölek söwdasy* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda bukinstik kitaplaryň bölek söwdasy (47.79 seret)* |
| | | 47.62 | 47.62.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda žurnallaryň we kanselýariýa harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | 47.63 | 47.63.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda wideo we saz ýazgylarynyň bölek söwdasy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda gramplastinkalaryň, magnit lentalaryň, kompakt-diskleriň, wideo kassetalaryň, DVD-diskleriň (ýazylan ýa-da ýazylmadyk) bölek söwdasy* |
| | | 47.64 | 47.64.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda sport harytlarynyň bölek söwdasy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda sport harytlarynyň, balyk tutulýan gurallaryň, syýahatçylyk esbaplaryň, gaýyklaryň we tigirleriň bölek söwdasy* |
| | | 47.65 | 47.65.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda oýunlaryň we oýnawaçlaryň bölek söwdasy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda oýunlaryň we dürli materiallardan öndürilen oýnawaçlaryň bölek söwdasy* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *elektron oýunlarynyň bölek söwdasy (47.41 seret)* |
| | 47.7 | | | Ýöriteleşdirilen dükanlarda beýleki harytlaryň bölek söwdasy <br> ***Bu topar öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda öň hiç topara goşulmadyk dürli harytlaryň, şol sanda egin-eşikleri, aýakgaplary, lukmançylyk-farmasewtik harytlary, sagatlary, sowgatlyklary, arassalaýjy serişdeleri, kosmetikalary, sowuk ýaraglary, gülleri, öý haýwanlary we ş.m., şeýle hem ulanylan harytlaryň bölek söwdasy* |
| | | 47.71 | 47.71.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda egin-eşikleriň bölek söwdasy <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda egin-eşikleriň, deri önümleriniň, egin - eşik aksessuarlarynyň: ellik, galstuk, guşak we ş.m. bölek* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *söwdasy* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *dokma önümleriniň bölek söwdasy (47.51 seret)* |
| | | | 47.71.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda trikotaž, jorap we jorap önümleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.71.90 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda egin-eşikleriň (trikotaž we jorap we jorap önümlerinden başga) bölek söwdasy |
| | | 47.72 | 47.72.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda deri önümleriniň we aýakgaplaryň bölek söwdasy |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda aýakgaplaryň, deri önümleriniň, ýola göterilýän esbaplaryň (deriden we deri çalşyjy materialdan öndürilen) bölek söwdasy* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *sport aýakgaplarynyň (meselem, lyža botinkalaryny) bölek söwdasy (47.64 seret)* |
| | | | 47.72.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda aýakgaplaryň bölek söwdasy |
| | | | 47.72.90 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda deri önümleriniň bölek söwdasy |
| | | 47.73 | 47.73.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda farmasewtiki harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | | 47.73.10 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda farmasewtiki harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | | 47.73.11 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtiki harytlaryň bölek söwdasy |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *saglygy goraýyş hajatly önümleriň, näsaglara delalat etmek üçin niýetlenen zatlaryň, derman serişdeleriniň bölek satuw söwdasy* |
| | | | 47.73.12 | Düzüminde neşe we psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklaýan derman serişdeleriniň bölek söwdasy |
| | | | 47.73.20 | Weterinariýada ulanylýan düzüminde neşe, psihotrop serişdeleri we prekursorlary saklamaýan farmasewtiki harytlaryň bölek söwdasy |
| | | | 47.73.30 | Paçsyz söwda dükanlarynda farmasewtiki harytlaryň bölek söwdasy |
| | | | 47.73.90 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda beýleki farmasewtiki harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | 47.74 | 47.74.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda lukmançylyk we ortopediýa harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lukmançylyk esbaplarynyň, abzallarynyň, enjamlarynyň, gurallarynyň we ortopediýa önümleriniň, lukmançylyk mebelleriniň bölek söwdasy* |
| | | 47.75 | 47.75.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda kosmetiki we parfýumeriýa harytlarynyň bölek söwdasy |
| | | 47.76 | 47.76.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda gülleriň we beýleki ösümlikleriň, tohumlyk däneleriň, dökünleriň, öý haýwanlarynyň (eldekileşdirilen öý haýwanlary) we olara iýmleriniň bölek söwdasy |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 47.77 | 47.77.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda sagatlaryň we zergärlik önümleriniň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gymmat bahaly metallary we gymmat bahaly daşlary düzüminde saklaýan bezeg şaýlarynyň önümleriniň we beýleki gündelik ulanylýan önümleriň komission satuw söwdasyny hem goşmak bilen, sagatlaryň we bezeg şaýlarynyň bölek söwdasy; gymmat bahaly metallary we gymmat bahaly daşlary, olaryň böleklerini düzüminde saklaýan bezeg şaýlarynyň önümleriniň we beýleki gündelik ulanylýan önümleriň ýuridiki we fiziki şahslardan satyn alynmagy* |
| | | 47.78 | 47.78.00 | Ýöriteleşdirilen dükanlarda beýleki täze harytlaryň bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen dükanlarda sowgatlyklaryň, senetçilik käriniň önümleriniň, dini düşünjelere degişli zatlaryň, ýyladyş ulgamynyň pejiniň ýangyjynyň, balonly gazyň, kömüriň, agaç ýangyçlaryň, poçta berçeleriniň, şaýlyk pullaryň, surata düşürýän enjamlaryň, optiki enjamlaryň bölek söwdasy*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *optikleriň işi; kommersiýa galereýasynyň işi* |
| | | | 47.78.10 | Gymmat bahaly metallardan ýasalan numizmatiki teňňeleriň bölek söwdasy |
| | | | 47.78.20 | Sowgatlyklaryň, senetçilik käriniň önümleriniň we dini düşünjelere degişli zatlary bölek söwdasy |
| | | | 47.78.30 | Ýyladyş ulgamynyň pejiniň ýangyjynyň, balonly gazyň, kömüriň, agaç ýangyçlarynyň bölek söwdasy |
| | | | 47.78.40 | Poçta berçeleriniň, şaýlyk pullarynyň, surata düşürýän enjamlarynyň we optiki enjamlarynyň bölek söwdasy. |
| | | | 47.78.50 | Beýleki toparlara goşulmadyk azyk däl önümleriň bölek söwdasy |
| | | 47.79 | 47.79.00 | Öň ulanylan harytlaryň dükanlarda bölek söwdasy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bukinistik kitaplaryň, öň ulanylan harytlaryň, antikwariatlaryň bölek söwdasy; auksion geçirýän söwda öýüniň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öň ulanylan awtoulaglaryň bölek söwdasy (45.1 seret); dükanlardan daşda (47.82, 47.89 seret), şeýle hem geçirilýän auksionlarda ulanylan harytlaryň bölek söwdasy (47.91, 47.99 seret), lombardlaryň işi (64.92 seret)* |
| | | | 47.79.10 | Antikwariat önümleriň bölek söwdasy |
| | | | 47.79.11 | Gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daşlardan ýasalan antikwar gymmatlyklaryň bölek söwdasy |
| | | | 47.79.12 | Beýleki antikwariat önümleriň bölek söwdasy |
| | | | 47.79.20 | Bukinistik kitaplaryň (el kitaplaryň) bölek söwdasy |
| | | | 47.79.21 | Beýleki el önümleriň bölek söwdasy |
| | | | 47.79.22 | Bölek söwda bilen meşgullanyan auksion geçirýän söwda öýüniň işi |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | 47.8 | | | Dükanlardan daşdaky söwda<br>**Bu topar öz içine alýar:** *bazarlarda täze ýa-da öň ulanylan harytlaryň bölek söwdasy; palatkalarda köplenç, ykjam, göçme söwdalar* |
| | | 47.81 | 47.81.00 | Palatkalarda we bazarlarda azyk önümleriniň bölek söwdasy<br>**Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *alan ýerinde iýmek üçin azyk önümleriniň (iýmiti aýlap satmak) söwdasy (56.10 seret)* |
| | | 47.82 | 47.82.00 | Palatkalarda, bazarlarda egin-eşikleri, aýakgaplary, dokma önümleriniň bölek söwdasy |
| | 59.1 | | | Kinofilmleri, wideo we teleýaýlym programmalaryny öndürmek |
| | | 59.10 | 59.10.00 | Kinofilmleri, wideo we teleýaýlym programmalaryny |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | öndürmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *täjirçilik zallarynda ýa-da teleýaýlymlarda görkezmäge niýetlenen filmleri plýonkalarda, wideokassetalarda ýa-da disklerde öndürmek. Şeýle hem kömekçi işleri, şol sanda: montaž, dublýaj we ş.m. öz içine alýar, şol sanda filmleri paýlamak hem görkezmek; kinofilmleri we meňzeş önümleri ýaýratmak üçin awtorlyk hukugyny satmak, satyn almak* |
| | | 59.11 | 59.11.00 | Kinofilmleri düşürmek, wideolaryň, teleýaýlymlaryň programmalaryny taýýarlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kinofilmleri düşürmek wideo we teleýaýlym programmalaryny (teleýaýlym seriallary, dokumental filmleri we ş.m.) ýa-da teleýaýlym mahabat-laryny taýýarlamak*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *öwrenijilere ýangyna garşy temalardan kino-, tele-, radio-, wideo filmleri işläp düzülmegi we göýberilmegi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *dublikatlary döretmek, audio we wideo lentalary asyl nusgasyndaky matrisalar bilen (master-kopiýa) (18.20 seret); ýazgyly CD, DVD wideo kassetalaryň lomaý söwdasy (46.43 seret); arassa CD, DVD wideo kassetalary lomaý söwdasy (46.52 seret); DVD-diskleriň we wideokassetalaryň bölek söwdasy (47.63 seret); wideo we teleýaýlym programmalara kinofilmleri düzmek, ýerleşdirmek (59.12 seret), ses ýazgylaryny geçirmek (59.20 seret); teleýaýlym işi (60.2 seret); teleýaýlym program-malaryny döretmek (60.2 seret); filmleri (teleýaýlyma niýetlenmedik) döretmek (74.20 seret); impresario we ş.m. agentleriň işi (79. 90 seret); halka DVD-diskleri we wideokassetalary kireýine bermek (77.22 seret); real wagta görä düzgün we dublýaž (82.99 seret); akterlaryň, multiplikatorlaryň, direktorlaryň, sahna goýujylaryň we beýleki tehniki işgärleriň işi (90.0 seret)* |
| | | 59.12 | 59.12.00 | Wideolaryň we teleýaýlymlaryň, kinofilmleriň programmalaryny düzmek, ýerleşdirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *wideolaryň,teleýaýlymlaryň, kinofilmleriň programmalarynyň tamamlaýjy soňky işlerini gutarmak işi, şol sanda, montaž filmleri dilden-dile geçirmek, plýonka, dublýaž, subtitrlemek, grafika geçirmek; şekillendirme animasiýasy we ýörite kompýuter effektleri, şeýle hem kinofilmleri gözden geçirmek işi, multiplikasion filmleri düşürmek boýunça ýörite laborotoriýa işi.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *surata düşürilen filmleri, plýonkalary filmotekalarda saklamak işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *dublikatlary döretmek, asyl nusgaly, matrisalaryň (master-kopiýa) nusgasyny wideolentalara ýazdyryp köpeltmek (18.20 seret); CD, DVD ýazgyly wideokassetalaryň lomaý söwdasy (46.3 seret); arassa CD, DVD wideokassetalaryň lomaý söwdasy (46.52* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *seret); DVD diskleriň we wideokassetalaryň bölek söwdasy (47.63 seret); filmleri (teleýaýlymlara niýetlenmedik) surata düşürmek (74.20 seret); halka DVD diskleri we wideokassetalary kireýine bermek (77.22 seret); akterlaryň, multiplikatorlaryň, direktorlaryň, sahna goýujylaryň we beýleki tehniki işgärleriň işi (90.0 seret)* |
| | | 59.13 | 59.13.00 | Kinofilmleri, wideo we teleýaýlym programmalaryny ýaýratmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *giň tomaşaçylar köpçüliginden başga dürli guramalaryň arasynda (kinoteatrlara, teleýaýlym kanallara, kinofestiwal programmasyna), kino we wideo filmleri, DVD-diskleri we wideokassetalary ýaýratmak; beýleki guramalara filmleri, DVD-diskleri we wideokassetalary kireýine bermek ýa-da satmak, şeýle hem filmleri ýaýratmak bilen baglanyşykly işler: filmleri kireýine bermek, eltip bermek, saklamak we ş.m boýunça şertnama baglaşmak işi*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *kinofilmleri ýaýratmaga bolan hukugy satyn almak we satmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öwezlikleri döretmek, audio we widiokassetalary matrisalaryň asyl nusgasyndan (master-kopiýa) ýazdyrmak (18.20 seret); ýazylan wideokassetalary CD, DVD lomaý söwdasy (46.43 seret); arassa wideokassetalary CD, DVD lomaý söwdasy (46.52 seret); DVD diskleriň we wideopkasetalaryň bölek söwdasy (47.63 seret)* |
| | | 59.14 | 59.14.00 | Kinofilmleri görkezmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kinoteatrlarda, açyk meýdançalarda we kino seretmäge niýetlenen beýleki ýerlerde kinofilmleri görkezmek*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *kinosöýüjiler klublarynyň işi* |
| | 59.2 | | | Ses ýazgylary we sazlary ýazdyrmak işi |
| | | 59.20 | 59.20.00 | Ses ýazgylary we sazlary ýazdyrmak işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ses matrisalaryny döretmek, şol sanda kassetalary CD, olaryň çykarylmagyny, mahabatyny we lomaý söwda üsti bilen ýaýratmak bölekleýin satmak ýa-da ilata gönüden-göni ýaýratmak işi. Bu işleriň ählisi şol bir gurama tarapyndan ýerine ýetirilip bilner. Şeýle bolmadyk ýagdaýlarda guramalar asyl nusgasynyň göçürmesini almak we ýaýratmak üçin matrisalary öndürmezden öň hukuk almalydyrlar. Şeýle hem bu klasa studiýalarda ýa-da şoňa meňzeş ýerlerde ses ýazgylaryny geçirmek, şol sanda ýazga geçirilen radiogepleşikleri goýbermek işi hem goşulandyr*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sazlary ýazdyrmak ýagny döredilen saza awtorlyk hukugyny almaga gönükdirilen iş,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *onuň mahabaty, ol eserleri ýazgylarda radioda, teleýaýlymda, filmler surata düşürilende, spektakllarda we KHS-de ulanmak; saz kitaplaryny we partituralary çap etmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *saz kitaplaryny we partituralary (nota kitaplary) neşir etmek* |
| **60** | | | | **Radio gepleşikleri we teleýaýlymlar** |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *radio we teleýaýlym gepleşiklerini döretmek, onuň mazmuny, şeýle hem göwün açyjy we habar, maglumat beriji gepleşikleri,teledebatlary we ş.m. ýaýratmaga hukuk almak. Teleýaýlymyň programmalaryny: radioliniýalary arkaly, hemra antennalarynyň üsti bilen kabel teleýaýlymlarynyň we Internet ulgamy arkaly ýaýratmak işleri hem bu bölüme goşulan. Teleýaýlym programmalarynyň umumy häsiýetli ýa-da ýöriteleşdirilen (sport barada, habar beriji äheňde, bilim öwrediji, ýaşlar üçin gepleşikler we ş.m.) bolmagy mümkin. Programmalar mugt we abonementiň bazalary esasynda görkezilip bilner.* |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *kabel teleýaýlymynyň üsti bilen programmalary ýaýratmak (61 seret).* |
| | 60.1 | | | Radiogepleşikleriň işi |
| | | 60.10 | 60.10.00 | Radiogepleşikleriň işi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *radiogepleşikler programmalaryny halka eşitdirmek üçin, ses signallaryny studiýalar arkaly ýa-da alyp eşitdiriş gurluşlarynyň üsti bilen ýaýratmak işi; radiogepleşikler ulgamynyň işi we* radioprogrammalary radiotolkunlar arkaly kabel setlerine *ýa-da hemra antennalarynyň üsti bilen geçirmek. Radiogepleşikleri Internet arkaly eşitdirmek; radio-gepleşikler bilen baglanyşykly maglumatlary ýaýratmak* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýazylan radiogepleşikleri taýýarlamak (59.20 seret)* |
| | 60.2 | | | Teleýaýlymlaryň işi |
| | | 60.20 | 60.20.00 | Teleýaýlymlaryň işi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bir bölümi taýýar önümlerden (oýunly filmlerden, dokumental kinolardan), ikinji bölegi awtoryň öz taýýarlan programmasyndan (ýerli habarlardan, göni reportažlardan) ybarat bolan gyzyklandyryjy teleýaýlym programmalary (kanallary) özbaşdak ýa-da şolar bilen ugurdaş döretmek. Teleýaýlym programmalaryny dörediji guramalaryň özi tarapyndan ýa-da kabelli ýa-da hemra antennalary arkaly başga kärhanalar arkaly ýaýradylyp bilner. Programmalar mugt ýa-da abonementiň bazasy esasynda ýaýradylyp bilner* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** telewizion kanallarda *programmalary düzmek we umumy we ýöriteleşdirilen alyp bermekligi guramak (çäkli auditoriýa üçin, meselem, täzelikler, sport, bilim ugrundan ýa-da ýaşlara niýetlenen)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *teleýaýlym programmalaryny degişli tematik kanallar boýunça bölmek; wideo programmalary «islegler boýunça» goýberýän kanallaryň hyzmaty, işi*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** teleýaýlym gepleşikleriň üsti bilen habarlary ýaýratmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** teleýaýlym programmalarynyň elementlerini (filmleri, dokumental görnüşleri, tok-şou, täjirçilige degişli gepleşikleri we ş.m.) gepleşikler bilen baglanyşyksyz döretmek (59.11 seret); maglumatlary we habarlary goýbermek (paketleri toparlara: teleýaýlym kanallara degişli we programmanyň mazmunly bölegini öz içine almaýan paketlere bölmek) (61 seret)* |
| **JB (kiçi seksiýa): 61** | | | | **ARAGATNAŞYK** |
| **61** | | | | **Aragatnaşyk**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:** şekilli gepleşikleri,ses signallaryny, san maglumatlaryny, tekstleri, kabel ulgamlary arkaly sesli habar bermeleri, radiogepleşikleriň üsti bilen, rele ýa-da hemra aragatnaşyklarynyň üsti bilen we ş.m. serişdeler arkaly habarlary kabul etmek we geçirmek; telefon, telegraf, teleks aragatnaşyklary amala aşyrylanda geçiriji gurluşlaryň dürli usullaryny (ýeke özi ýa-da beýlekileri bilen kombinirlenen) ulanyp biler.*<br>*Aragatnaşyk hyzmaty diňe «mazmunly bölegiň» geçirilişindedir, onuň dörediliş prosesi hasaba alynmazdan; şeýlelikde, teleýaýlym signallarynyň goýberilişiniň bu bölüme girýän wagty; teleýaýlym programmalarynyň mazmunyny döretmek 60 bölüme degişlidir.* |
| | 61.1 | | | Sim arkaly aragatnaşyk hyzmaty |
| | | 61.10 | 61.10.00 | Sim arkaly aragatnaşyk hyzmaty<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** tehniki taýdan hyzmat etmek we ulanmak arkaly şekil geçiriji gurluşlara ygtyýar almak, maglumatlary we beýleki habarlary sim arkaly aragatnaşyk ulgamyny ulanyp geçirmek; ýerüsti liniýalar ýa-da ýerüsti hemra aragatynaşyklary arkaly ýa-da radiotolkunlaryň üsti bilen aragatnaşygy endigan üpjün edýän gurluşlary ulanmak we tehniki taýdan hyzmat etmek; kabelli teleýaýlym ulgamyny (meselem, maglumatlary geçirmek we teleýaýlym signallaryny geçirmek) ulanmak; teleks we telegraf aragatnaşygyny peýdalanmak; elektrik aragatnaşyklar ulgamyna tehniki taýdan hyzmat etmek işi*<br>*Sim arkaly aragatnaşyk dürli tehniki serişdeleri we usullary ulanmak arkaly amala aşyrylýar*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** sim arkaly aragatnaşyk ulgamy hyzmatynyň eýeleriniň we operatorlarynyň ýanynda ygtyýarlyk hukugyna eýe bolmak; aragatnaşyk simleri arkaly Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** aragatnaşyk hyzmatyny* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *täzeden satmak (61.90 seret)* |
| | 61.2 | | | Simsiz aragatnaşyk ulgamynda hyzmat |
| | | 61.20 | 61.20.00 | Simsiz aragatnaşyk ulgamynda hyzmat<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ulanmak, tehniki taýdan hyzmat etmek arkaly şekil geçiriji gurluşlara ygtyýar almak, maglumatlary we beýleki habarlary simsiz ulgamyň üsti bilen geçirmegi amala aşyrmak, aragatnaşyk we geçiriji gurluşlara tehniki taýdan hyzmat etmek we ulanmak, ýerüsti liniýalar arkaly, radiotolkunlar ýa-da hemra aragatnaşygynyň ýerüsti tolkunlar bilen goşulyşmagy arkaly aragatnaşygyň endigan bolmagyny üpjün etmek; ykjam telefonlar we beýleki simsiz aragatnaşyklary ulanmak we olara tehniki taýdan hyzmat etmek*<br>*Simsiz aragatnaşyk dürli tehniki serişdeleri we usullary ulanmak arkaly (ýeke ýa-da beýlekiler bilen goşulyşyp) amala aşyrylýar*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *simsiz aragatnaşyk ulgamy hyzmatynyň eýeleriniň we operatoplaryň ýanynda ygtyýarlyk hukugyna eýe bolmak; simsiz aragatnaşyk ulgamy arkaly Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aragatnaşyk hyzmatyny täzeden satmak (61.90 seret)* |
| | 61.3 | | | Hemra arkaly aragatnaşyk hyzmaty |
| | | 61.30 | 61.30.00 | Hemra arkaly aragatnaşyk hyzmaty<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ulanmak, tehniki taýdan hyzmat etmek arkaly şekil geçiriji gurluşlara ygtyýar almak, hemra arkaly aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen maglumatlary we beýleki habarlary bermek; kabel torlarynyň üsti bilen şekili sesli ýa-da tekst habarlaryny bermek, geçirmek; lokal telestansiýalaryň ýa-da radio alyp eşitdiriş tory gönüden-göni hemra arkaly aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen berilýär (bu ýerde berilýän programmalaryň mazmunly bölümlerini öndürmeýän birlikler klasifisirlenýär)*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *hemra arkaly aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aragatnaşyk hyzmatyny täzeden satmak (61.90 seret)* |
| | 61.9 | | | Beýleki telekommunikasion hyzmatlar |
| | | 61.90 | 61.90.00 | Beýleki telekommunikasion hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýörite telekommunikasion hyzmatlary: ýagny hemranyň hereketine, telemetriki aragatnaşygynyň we radiolakasion aragatnaşygynyň işine gözegçilik etmek ýaly hyzmatlar, hemra arkaly aragatnaşyk ulgamyny abatlamagy amala aşyrýar, radar stansiýalaryny* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ulanmak; hemra arkaly aragatnaşyk ulgamynyň terminal stansiýalaryny, gurluşlaryny, ýerüsti aragatnaşyk bilen baglanyşykly gurluşlary we hemra arkaly aragatnaşyk ulgamy bilen aragatnaşygy ýola goýmaga ukyply gurluşlary ulanmak. FAI-niň eýeçiliginde durmaýan, FAI bilen müşderiniň arasynda Internet ulgamy arkaly aragatnaşygy üpjün etmek; jemgyýetçilik ýerlerinde telefon aragatnaşygyny we Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek; Internet ulgamynda sesli aragatnaşygy ýola goýmak; aragatnaşyk hyzmatlaryny täzeden satmak* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aragatnaşyk infrastrukturalarynyň üsti bilen Internet ulgamyna girmegi üpjün etmek (61.10; 61.20; 61.30 seret)* |
| **JC (kiçi seksiýa): 62-63** | | | | **HASAPLAÝYŞ TEHNIKASY WE INFORMASION HYZMAT ETMEK ULGAMYNYŇ IŞLERI** |
| **62** | | | | **Programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak, maslahat bermek we hasaplaýyş tehnikasy ulgamynda gaýry işler** <br> ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *işiň indiki görnüşlerini: informasion usuly ugry boýunça işiň ýagdaýyna baha berip bilmek; modifisirlemek, gözegçilik etmek we programma üpjünçiligini taýýarlamagy bilelikde alyp gitmek, kommunikasion usulyny, programma üpjünçiligini, kompýuter enjamlaryny, hasaplaýyş ulgamyny proýektleşdirmek we meýilleşdirmek; maglumatlary işlemek serişdeleri we müşderileriň hasaplaýyş ulgamyny ulanmagy we saýtlary dolandyrmak işi; hasaplaýyş tehnikasy bilen baglanyşykly beýleki professional we tehniki işler.* |
| | 62.0 | | | Programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak, maslahat bermek we hasaplaýyş tehnikasy ulgamynda gaýry işler |
| | | 62.01 | 62.01.00 | Programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *modifisirlemegi, gözegçilik we programma üpjünçiligini taýýarlamagy bilelikde alyp gitmegi öz içine alýar* <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşyny we mazmunyny taslamak ýa-da döretmek we işletmek üçin gerekli bolan kompýuter koduny ýazmak (sistemanyň programma üpjünçiligi (modernizirlemegi we operatiw üýtgetmeleri we düzedişleri girizmegi goşmak bilen); tejribe ähmiýetli programmalaryň üpjünçiligi (modernizirlemegi we operatiw üýtgetmeleri we düzedişleri girizmegi öz içine almak bilen); maglumatlar bazasy; Internetiň Web- sahypasy; ulanyjynyň meselesi astynda üpjünçilik programmasyny ýazmak, ýöne ulanyjynyň informasion ulgamy bilen ylalaşykda we bilelikde hereket etmegini maksat edinip, öňden bar bolan standart modifisirlenen tejribe ähmiýetli programma üpjünçiligini ýazmak; EHM-ler we maglumat binýatlary (programma serişdeleri we hasaplaýyş tehnikasynyň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *maglumat önümleri) üçin programma üpjünçiliklerini işläp düzmek, olary ornaşdyrmak, kämilleşdirmek boýunça hyzmatlary bermek (ýerine ýetirmek) işlerini amala aşyrmak* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *standart programma üpjünçiligini çap etmek (58.29 seret); şahsy ulanyjylar üçin niýetlenilmedik käbir bazarlaryň öz hasabyna programma üpjünçiligini geçirmegi we endik edilmegi (58.29 seret); görnüşler boýunça maslahat bermek we konfigurasiýa apparat serişdeleri we programma üpjünçiliginiň ylalaşygyny ulanmak (62.02 seret)* |
| | | | 62.01.10 | Tehniki platformanyň, blokçeýniň ýa-da tokenleriň döredilmegi bilen baglanyşykly emissiýa (maýning, döretmek) işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *emissiýa (maýning, döretmek) işi tehniki platformanyň, blokçeýniň ýa-da tokenleriň döredilmegi bilen baglanyşykly bolsa* |
| | | 62.02 | 62.02.00 | Hasaplaýyş tehnikasy ugrundan maslahat bermek **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *kommunikasion usulyny, programma üpjünçiligini, kompýuter enjamlaryny birleşdiriji, hasaplaýyş ulgamyny taslama işleri we meýilnamalaşdyrmak boýunça maslahat bermek. Bu bölüme ulanyjylary okatmak bilen baglanyşykly hyzmatlar hem girýär* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *uly kompýuter ulgamlaryny gurnamak (33.20 seret); programma üpjünçiligini satmak (46.51; 47.41 seret); personal (konfigurasiýa) gurnamak (62.09 seret); programma üpjünçiliginiň gurluşy, döwlen enjamlary abatlamak (62.09 seret)* |
| | | 62.03 | 62.03.00 | Hasaplaýyş ulgamlaryny dolandyrmak işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *saýtlary dolandyrmagy üpjün etmek, ulanyjylaryň hasaplaýyş sistemalaryny ulanmak ýa-da maglumatlary täzeden işleýän serişdeler, şeýle hem bular bilen baglanyşykly tehniki işler* |
| | | 62.04 | 62.04.00 | Maglumat ulgamlaryny kiber hüjümlerinden goralyşyny (howpsuzlygyny) synagdan geçirmek, barlamak, howpsuzlygy bahalandyrmak işlerini amala aşyrmak |
| | | 62.09 | 62.09.00 | Informasion usuly we hasaplaýyş tehnikasynyň ugry boýunça beýleki işler **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *başga toparlara goşulmadyk informasion usuly we hasaplaýyş tehnikasynyň ugry boýunça beýleki işler, şeýle hem personal kompýuterleri (konfigurasiýa) gurnamak; programma üpjünçiligini gurnamak, döwlen enjamlary abatlamak* **Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** *ýangyn howpsuzlygynyň awtomatlaşdyrylan we habar beriş ulgamlaryny (ulgamlaryň bölekleri) enjamlaryny, abzallaryny we programma serişdelerini gurnamasy we bejermesi* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *uly kompýuter ulgamlaryny* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gurnamak (33.20 seret) programma üpjünçiligini taýýarlamak (62.01 seret); hasaplaýyş ulgamy boýunça tehniki maslahat bermek (62.02 seret); hasaplaýyş ulgamlaryny dolandyrmak (62.03 seret); maglumatlary işlemek we ýerleşdirmek (63.11 seret)* |
| | | | 62.09.10 | Ýangyn howpsuzlygynyň ulgamlary üçin programma serişdelerini (şol sanda ulgamlaryň böleklerini) işläp taýýarlamak |
| | | | 62.09.20 | Gapjyklary ýa-da platformalary işläp taýýarlaýan hyzmatlar üçin, şeýle hem fiat pul we wirtual aktiw bilen işleýän platformalar üçin wirtual aktiwler hyzmatlaryny üpjün edijileriň işi |
| | | | 62.09.90 | Informasion usuly we hasaplaýyş tehnikasynyň ugry boýunça beýleki işler |
| **63** | | | | **Informasion hyzmat etmek ulgamynda işler**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *Internetdäki gözleg bölüminiň işi (WEB - portaly), habarlary işläp taýýarlamak we ýerleşdirmek, şeýle hem esasy maksady habar bilen üpjün etmek bolan beýlekiler.* |
| | 63.1 | | | Habarlary işläp taýýarlamak we ýerleşdirmek, amaly programmalar we olar bilen baglanyşykly işler, Web-portaly ulanmak<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *Internetdäki gözleg portallaryny üpjün etmek, habarlary ýerleşdirmek üçin gerek bolan tehniki şertler bilen üpjün etmek, habarlary täzeden işlemek we beýleki şulara meňzeş işler* |
| | | 63.11 | 63.11.00 | Maglumatlary işlemek, amaly programmalary ýerleşdirmek we şonuň bilen bagly işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *maglumatlary ýerleşdirmek we işlemek üçin zerur bolan tehniki şertleri üpjün edýän iş we beýleki şoňa meňzeş işler, şol sanda: Web-saýtlary ýerleşdirmek; maglumat akymlaryny paýlamak (akymlaýyn üznüksiz hyzmat etmek); amaly programmalary ýerleşdirmek we olaryň işlemegini üpjün etmek; maglumatlary işlemek (şol sanda buýrujy tarapyndan berlen maglumatlary doly işläp geçmek, buýrujy tarapyndan berlen maglumatlaryň esasynda ýörite hasabatlary taýýarlamak); maglumatlary girizmek; müşderilere wagt hasabyndan hyzmat etmek (peýdalanyjynyň esasy hasaplaýyş ulgamyna elýeterliginiň wagt boýunça berk tertipleşdirilmegini üpjün etmek)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *işiň barşynda kompýuter iş guraly hökmünde ulanylýan iş (amala aşyrylýan wezipä baglylykda klassifikasiýalaşdyrylýar)* |
| | | | 63.11.10 | Maýning<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *maýnerleriň we maýning-puluň işleri* |
| | | 63.12 | 63.12.00 | Web – portallaryň (Internediň) ulanylyşy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gözlegin aňsat usulyny üpjün* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *edýän Internetde belli bir formatda bolan, gözleg saýtlaryny ulanmak (meslem, «Ýandeks» we ş.m.) (maglumat bazalaryny döremek we saklamak üçin); mazmuny belli bir senä gönükdirilen KMU ýaly portal funksiýasyny ýerine ýetirýän gaýry Web-saýtlary ulanmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *Internetde döwürleýin metbugatlary, kitaplary we žurnallary neşir etmek (58 seret); Internetde teleýaýlym (60 seret)* |
| | 63.9 | | | Maglumatlary işläp taýýarlamak boýunça gaýry işler<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *maglumat agentlikleriniň we beýleki maglumat hyzmatlarynyň işi*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** *kitaphanalaryň we arhiwleriň işi (91.01seret)* |
| | | 63.91 | 63.91.00 | Habarlar agentlikleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *köpçilikleýin habar beriş serişdelerine täzelikleri, suratlary we beýleki materiallary ýetirýän neşirýat agentlikleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *özbaşdak fotoreporterlaryň işi (74.20 seret); özbaşdak žurnalistleriň işi (90.03 seret).* |
| | | 63.99 | 63.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry maglumat hyzmatlaryna degişli işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gaýry maglumat hyzmatlaryny ýerine ýetirmek; kompýuter bazalaryndan peýdalanyp, telefon arkaly maglumat hyzmatlary; üçünji tarap arkaly maglumat gözlemek (pul hakyna ýa-da şertnama esasynda); metbugata syn we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *telefon maglumat mekezleriniň işi (82.20 seret)* |
| **K (seksiýa): 64-66** | | | | **MALIÝE DELLALÇYLYGY WE ÄTIÝAÇLAN-DYRMAK**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar*** *maliýe araçylyk işlerini,şol sanda ätiýaçlandyrma, pensiýa üpjünçilik we kömekçi maliýe işlerini. Ondan başga-da bu seksiýa holding-kompaniýalaryň, maýa goýum gaznalarynyň we beýleki maliýe guramalarynyň işi goşulan.* |
| **64** | | | | **Ätiýaçlandyrmak we pensiýa üpjünçiligi boýunça hyzmatlardan başga maliýe dellalçylygy**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *ätiýaçlandyrma, pensiýa üpjünçiligi we hökmany durmuş ätiýaçlandyrmagyna niýetlenenlerden başga maliýe serişdeleriniň alynmagy we täzeden paýlanmagy bilen baglanyşykly işler.*<br>***Bellik:***<br>*Bu bölümiň çäginde ýuridiki birlikleriň klassifikasiýalanma-synyň anyklanmagynda bu döwletde kabul edilen oňa degişli institusional birlikleriň guramasy uly wezipäni ýerine ýetirýär.* |
| | 64.1 | | | Pul dellalçylygy |
| | | 64.10 | 64.10.00 | Pul dellalçylygy |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *geçiriji depozitler görnüşinde maliýe serişdelerini almak (talap edilýänçä depozit)* |
| | | 64.11 | 64.11.00 | Merkezi bankyň *işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleri amala aşyrýar; kanunçylygyna laýyklykda daşary ykdysady gatnaşyklarda pul kadalaşdyrmasyny we pul gözegçiligini özbaşdak we bank ulgamynyň üsti bilen guraýar hem-de amala aşyrýar; milli pula gatnaşykda daşary ýurt pullarynyň resmi hümmetlerini belleýär; pul belgileriniň emissiýasyny we olaryň dolanyşykdan alynmagyny amala aşyrýar hem-de pul belgileriniň ýeke-täk emitenti bolup durýar; nagt pul dolanyşygyny guraýar; pul belgilerini we beýleki gymmatlyklary hasaba almagyň, saklamagyň, daşamagyň we inkassasiýa etmegiň düzgünlerini belleýär; pul belgileriniň we beýleki gymmatlyklaryň döwlet ätiýaçlyk gaznalaryny döredýär; kanunçylygyna laýyklykda karz edaralarynyň bellige alynmagyny, bank işiniň, gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly işiň ygtyýarlylandyrylmagyny amala aşyrýar; hasaplaşyklary geçirmegiň düzgünlerini belleýär we olaryň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar; merkezleşdirilen döwlet býujetiniň hasaplaryna, karz edaralarynyň we beýleki müşderileriň hasaplaryna hyzmat edýär; döwletiň ätiýaçlyk altyn goruny goşmak bilen, halkara ätiýaçlyklarynyň (altyn pul aktiwleriniň) saklanylmagyny we hyzmat edilmegini üpjün edýär; kanunçylygyna we maliýe hasabatlylygynyň halkara standartlaryna laýyklykda bellige alnan karz edaralarynda buhgalterçilik hasaba alnyş we maliýe hasabatlylyk ulgamynyň kadalaşdyrylmagyny amala aşyrýar; bank hasaplaryny açmagyň we bank amallaryny geçirmegiň umumy düzgünlerini belleýär; halkara guramalary we daşary ýurt döwletleri bilen, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň fiziki we ýuridik şahslary bilen hasaplaşyklary amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýär; karz edaralaryny gaýtadan maliýeleşdirmegi amala aşyrýar we olar üçin soňky basgançakdaky karz beriji bolup durýar; töleg balansynyň düzülmegini guraýar; bank kadalaşdyrmasyny we bank gözegçilik barlagyny amala aşyrýar; karz edaralary hem-de gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly işi amala aşyrýan şahslar tarapyndan jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy çäreleriň geçirilişine gözegçiligi amala aşyrýar; daşary ýurt korrespondent banklaryndan we beýleki karz edaralaryndan şertnamalaýyn şertlerde depozitleri kabul edýär; bank amallarynyň we geleşikleriň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ähli görnüşlerini amala aşyrýar; kanunçylyga laýyklykda öz ygtyýaryna girýän beýleki wezipeleri amala aşyrýar. Merkezi bank Ministrler Kabinetiniň bankiri, geňeşçisi we fiskal agenti bolup durýar* |
| | | | 64.11.10 | Merkezi bankyň *işi* |
| | | | 64.11.20 | Pul biržasynyň işleri.<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *birža söwdalaryň meýdanyny bermek; birža söwdalary guramak we geçirmek; bu ugurda guramaçylyk-araçylyk, maglumat beriş we geňeşdarlyk hyzmatlaryny etmek;birža geleşikleri bilen bagly hasaplaşyk-kliring hyzmatlaryny ýerine ýetirmek; birža söwdalary bilen bagly beýleki işler* |
| | | | 64.11.90 | Merkezi bankyň beýleki işleri |
| | | 64.19 | 64.19.00 | Gaýry pul-karz dellalçylygy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *merkezi bankdan başga maliýe guramalarynyň pul araçylygy, şol sanda karz-pul guramalarynyň işi (täjirçilik banklar we bank amallaryny ýerine ýetirmeklige rugsady bolan karz edaralary): hasaplaşyk we kassa amallary; goýumlar boýunça amallar,şol sanda lomaý goýumlar we başga bankdaky goýumlar; karz bermek; kredit kartlary bilen baglanyşykly işler; walýuta amallary; poçta nagt däl hasaplaşyklar we poçta-amanat banklaryň işleri (kommunal hyzmatlaryň töleleri; poçta pul geçirmeleri we ş.m.); depozit kabul edýän, ipoteka karzlaryny berýän (jaý almak üçin) ýöriteleşdirilen guramalaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *depozit kabul etmeýän, ipoteka karzlaryny berýän (jaý almak üçin) ýöriteleşdirilen guramalaryň işi (64.92 seret); faktoring amallaryny geçirmek (64.99 seret); maliýe araçylygy boýunça maslahat bermek (66.19 seret)* |
| | | | 64.19.10 | Karz edaralarynyň bank amallary<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *karz edaralarynyň (şol sanda, daşary ýurt banklaryň şahamçalarynyň we daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky karz edaralaryň) bank amallary:*<br>*- karz, depozit we girew amallaryny geçirmek; ýuridik we fiziki şahslaryň, şol sanda korrespondent banklaryň hasaplaşyk we/ýa-da kassa hyzmatlaryny amala aşyrmak;*<br>*- milli we/ýa-da daşary ýurt pulunda hususy we/ýa-da çekilen serişdeleri öz adyndan we öz hasabyna gaýtarylmak, tölenilmek we möhletlilik şertlerinde ýerleşdirmek;*<br>*- fiziki we ýuridik şahslaryň (milli we/ýa-da daşary ýurt pulunda) bank hasaplaryny, şol sanda gymmatbahaly metallardaky hasaplaryny açmak we ýöretmek;*<br>*- gymmatbahaly metallary goýumlara (depozitlere) çekmek we ýerleşdirmek;*<br>*- töleg-hasaplaşyk resminamalaryny inkassirlemek;* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *- gymmatly kagyzlar, maliýe gurallary, şol sanda başga maliýe amalyna esaslanýanlary bilen amallar;* <br> *- bank kepilliklerini bermek;* <br> *- söwda däl bank amallaryny geçirmek;* <br> *- halkara hasaplaşyklaryny we konwersiýa amallaryny geçirmek* |
| | | | 64.19.11 | Fiziki şahslaryň tabşyrygy boýunça milli we/ýa-da daşary ýurt pulunda bank hasaplaryny açmazdan, pul serişdeleriniň geçirilmegini amala aşyrmak |
| | | | 64.19.12 | Nagt we nagt däl görnüşlerde daşary ýurt puluny satyn almak we satmak |
| | | | 64.19.13 | Karz edaralaryň plastik kartlaryny dolanyşyga goýbermek we (ýa-da) ekwaýring |
| | | | 64.19.14 | Ýuridik we fiziki şahslar bilen şertnama boýunça pul serişdelerini we gaýry emlägi ynanyşykly dolandyrmak |
| | | | 64.19.19 | Beýleki toparlara goşulmadyk karz edaralarynyň beýleki bank amallary |
| | 64.2 | | | Holding-kompaniýalarynyň işleri |
| | | 64.20 | 64.20.00 | Holding-kompaniýalarynyň işleri <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga kompaniýalaryň gymmatbahaly kagyzlaryna (ýa-da maýalarynyň böleklerine) eýe bolmak, olary saklamak we gözegçilik etmek işi, şeýlelikde, ol kompaniýalara gözegçilik etmek we dolandyrmak; emma bu holding – kompaniýalar beýleki kompaniýalar üçin administrtiw-dolandyryş işlerini ýerine ýetirmeýärler* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *başga kompaniýalary dolandyrmak boýunça holding – kompaniýalarynyň işi (70.10 seret)* |
| | 64.3 | | | Trast - kompaniýalaryň, maýa goýum fondlarynyň we şuňa meňzeş maliýe edaralaryň işi |
| | | 64.30 | 64.30.00 | Trast - kompaniýalaryň, maýa goýum fondlarynyň we şuňa meňzeş maliýe edaralaryň işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar****: paýdarlar ýa-da benefisiarlar üçin maliýe aktiwlerini ýygnamaklyk üçin döredilen maliýe guramalaryň işi. Maýa goýmagyň aýratyn häsiýetlerine (diwersifikasiýa, töwekgellik, girdejililiginiň göterimi we ş.m.) uýgunlaşan gymmatbaha kagyzlaryň (aktiwleriň) paketi. Bu guramalaryň işi göterim, diwident we gaýry girdeji almaklyga gönükdirilen, emma olarda işgär az bolup, olar öz hyzmatlaryny satmakdan hiç hili peýda gazanmaýarlar* <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *üýtgeýän maýaly maýa goýum kompaniýalary; belli bir maýaly maýa goýum kompaniýalaryň işi; maýalary ýerleşdirmek boýunça gaznalaryň işi; karz berijiniň karz üzülenden soňra gaýtaryp berýän emläk almagy; esasan hem başga maliýe araçylaryň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *hasabyna eýeçilige edilýän goýum (meselem, trast-kompaniýalaryň hasabyna)* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *holding-kompaniýalaryň işi (64.20 seret); pensiýa üpjünçiligi (65.30 seret); gaznalary dolandyrmak (66.30 seret)* |
| | 64.9 | | | Ätiýaçlandyrmadan we pensiýa üpjünçiliginden başga gaýry maliýe araçylyk ***Bu topar öz içine alýar:*** *maliýe guramalaryň işinden tapawutly maliýe araçylyk işi* ***Bu topar öz içine almaýar:*** *ätiýaçlandyrma we pensiýa üpjünçiligi (65 seret).* |
| | | 64.91 | 64.91.00 | Maliýe lizingi ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lizing, hereket edýän wagty aktiwleriň takmynan gulluk möhletini öz içine alýar we kireýine alyjy esasan hem, olary ulanmakdan gelýän hemme girdejini öz içine alýar we oňa eýeçilik etmek bilen baglanyşykly hemme töwekgelligi öz üstüne alýar. Aktiwler öz gezeginde soňunda öz bahasyny ödäp hem biler, ödemän hem biler* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *amaly lizing (kärendä berilýän harytlaryň görnüşi bilen klassifisirlenýär – 77seret)* |
| | | 64.92 | 64.92.00 | Karzlaşdyrmagyň gaýry görnüşleri ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dürli görnüşlerdäki depozit kabul etmeýän guramalar tarapyndan ( şol sanda bank däl karz edaralary) karzyň berilmegi:* ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dürli görnüşlerdäki depozit kabul etmeýän guramalar (şol sanda bank däl karz edaralar) tarapyndan karz berilmegi: depozit kabul etmeýän ýöriteleşdirilen guramalar tarapyndan sarp ediş karzlaryny we ipoteka karzlaryny bermek (jaý almak üçin); kredit kartlar bilen baglanyşykly işler* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *depozitleri kabul edýän guramalar tarapyndan ipoteka karzlaryny bermek (64.19 seret); amaly lizing (kireýine berilýän harytlaryň görnüşi bilen klassifisirlenýär – 77 seret); muzdsuz ssudalary bermek (dotasiýa, subsidiýa) jemgyýetçilik guramalary tarapyndan (94.99 seret)* |
| | | | 64.92.10 | Lombardlaryň işi |
| | | | 64.92.11 | Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly lombardlaryň işi |
| | | | 64.92.12 | Gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly bolmadyk beýleki lombardlaryň işi |
| | | | 64.92.80 | Ýuridiki şahslaryň, gymmat bahaly metallaryň we gymmat bahaly daşlaryň goragy, saklanmagy we gatnadylmagy boýunça işler |
| | | | 64.92.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk karz bermegiň beýleki görnüşleri |
| | | 64.99 | 64.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry maliýe araçylyk |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *karz bermekliklden başga, esasan hem maliýe serişdelerini ýerleşdirmek bilen baglanyşykly gaýry maliýe araçylyk; faktoring amallary; gymmatbahaly kagyzlara maýa goýumlar, meslem, aksiýalar, obligasiýalar, wekseller, ynamly paý gaznalarynyň gymmatbaha kagyzlary we ş.m.; dillerleriň öz hasabanyna amala aşyrylýan gymmatbaha kagyzlar bilen amallar; esasan hem başga maliýe araçylaryň hasabyna eýeçilige edilýän goýum (meselem trast-kompaniýalaryň hasabyna); swoplaryň, opsionlaryň we beýleki arbitraž geleşikleriniň baglaşylmagy; wençur kompaniýalarynyň, maýa goýum klublaryň we ş.m. işleri* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *maliýe lizingi (64.91 seret); başga adamlaryň tabşyryklary boýunça gymmatbaha kagyzlar bilen amallar (66.12 seret); gozgalmaýan emlägi alyp-satmak, kireýine bermek we lizing (68 seret); hasaplar boýunça tölegleri tutup galmak (82.91 seret); muzdsuz ssudalary bermek (dotasiýa,sibsisiýa) jemgyýetçilik guramalary tarapyndan (94.99 seret)* |
| | | | 64.99.10 | Maliýe serişdelerini ýerleşdirmek bilen baglanyşykly gaýry maliýe araçylyk |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *maliýe serişdelerini ýerleşdirmek, karzlary bermekden başga: gymmatly kagyzlara maýa goýumlary; dillerler tarapyndan öz hasabyna gymmatly kagyzlar bilen amala aşyrylýan amallar; esasan beýleki maliýe araçylarynyň hasabyna amala aşyrylýan maýa goýumlar (maýa goýum gaznasy)* |
| | | | 64.99.20 | Wirtual aktiwleriň emissiýasy (goýberilmegi) we ilkinji ýerleşdirilmegi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *emläge bolan eýeçilik hukugynyň tassyklanylmagyny, hasaba alynmagyny we alyş-çalşygyny üpjün etmek; iş maýa goýum häsiýetli bolsa, onda wirtual aktiwleriniň ilkinji ýerleşdirilmegi we (ýa-da) satylmagy bilen bagly maliýe hyzmatlarynyň hödürlenilmegi we (ýa-da) şol hyzmatlaryň hödürlenilmegine gatnaşylmagy* |
| **65** | | | | Hökmany durmuş üpjünçilikden başga atiýaçlandyrmak, gaýtadan ätiýaçlandyrmak we pensiýa üpjünçiligi |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *döwlet renta ätiýaçlandyrmak we beýleki ätiýaçlandyrmagyň görnüşleri boýunça şertnamalara (polislere) gol çekmek, şol sanda bolmagy mümkin ätiýaçlyk hadysalar üçin maliýe aktiwleriň portfelini düzmek maksady bilen baýrak salmak. Şeýle-de täzeden ätiýaçlandyrma boýunça işler hem goşulan.* |
| | 65.1 | | | Ätiýaçlandyrmak |
| | | | | ***Bu topar öz içine alýar:*** *uzak wagtlaýyn we gysga wagtlaýyn ätiýaçlyk töwekgelligini tygşytlylyk alamatlary bilen ýa-da onsuz ýapmak* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 65.11 | 65.11.00 | Ömri ätiýaçlandyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döwlet renta ätiýaçlandyrmak we beýleki ätiýaçlandyrmagyň görnüşleri boýunça şertnamalara (polislere) gol çekmek, ömür ätiýalandyrmasy, ömür ätiýalandyrmasy bilen baglanyşykly zähmete ukypsyzlykdan ätiýaçlandyrma,birden ölmekden ätiýaçlandyrma, şeýle-de bölekleýin ömür ätiýçlandyrmasy düýpli tygşytlylyk alamatlary bilen ýa-da onsuz* |
| | | 65.12 | 65.12.00 | Gaýry ätiýaçlandyrmalaryň görnüşleri (ömür ätiýaçlanmasyndan başga)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *durmuş ätiýaclandyrmasyna degişli däl ätiýaçlandyrma;heläkçilikli wakadan we ýangyndan ätiýaçlandyrma; kesellerden ätiýaçlandyrma; emläk ätiýaçlandyrmasy; awtotransportyň, suw, howa we gaýry transportlaryň ätiýaçlandyrmasy; pul ýitgilerinden (zyýanyndan) we graždan jogapkärçiliginden ätiýaçlandyrma* |
| | | | 65.12.10 | Döwlet ätiýaçlandyrmasy (ömür ätiýaçlandyryşyndan başga)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlandyryşyň hökmany we meýletin görnüşleri* |
| | | | 65.12.20 | Döwlete dahylsyz ätiýaçlandyrma (ömür ätiýaçlandyryşyndan başga)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri* |
| | 65.2 | | | Gaýtadan ätiýaçlandyrma |
| | | 65.20 | 65.20.00 | Gaýtadan ätiýaçlandyryş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga ätiýaçlandyryjylaryň ätiýaçlandyryş polisleri bilen baglanyşykly töwekgelçiligi bölekleýin ýa-da doly öz üstüňe almagy* |
| | 65.3 | | | Pensiýa üpjünçiligi |
| | | 65.30 | 65.30.00 | Pensiýa üpjünçiligi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hökmany däl pensiýa üpjünçilik; pensiýa çykanlygy sebäpli döwlet we döwlet däl (öz goýumlaryňy göz öňünde tutýan) girdeji üpjünçiligi, şol sanda pul serişdeleriniň inwestirlenmegi we inkassirlenmegi bilen baglanyşykly işler*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *pensiýa çykmanlygy üçin tölegleriň üpjünçiligi; pensiýa gaznalaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *pensiýa gaznalaryny dolandyrmak (66.30 seret); hökmany durmuş ätiýaçlandyrma programmalaryny dolandyrmak (84.30 seret)* |
| **66** | | | | **Maliýe dellalçylyk we ätiýaçlandyrmak ulgamynda kömekçi işler** |
| | 66.1 | | | Maliýe araçylyk we ätiýaçlandyrma ulgamlarynda kömekçi hojalyklar<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *gymmatbaha kagyzlary, borçnamalary, harylaryň kontraktlaryny almak we satmak bilen baglanyşykly işleri aňsatlaşdyrmak işleri* |
| | | 66.11 | 66.11.00 | Malýe bazarlaryny dolandyrmak |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *maliýe bazarlarynyň işlemegi we olara gözegçilik etmek (şol fýuçers, döwlet edaralarynyň gözegçiliginden başga; fond biržalarynyň, haryt biržalarynyň we ş.m. işi; maliýe bazarlarynda söwdany guramak bilen baglanyşykly işler* |
| | | 66.12 | 66.12.00 | Fond gymmatlyklary bilen birža amallary |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga adamlaryň tabşyrygy bilen maliýe bazarlarynda amallary ýerine ýetirmek we onuň bilen balanyşykly işler (meselem, fond biržalarynda brokerleriň işi); kommision haky esasynda gymmatbaha kagyzlary dolandyrmak işleri; alyş - çalyş nokatlarynyň işleri we ş.m.* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *öz hasabyna amala aşyrylýan amallar (64.99 seret); gaznalary dolandyrmak (66.30 seret)* |
| | | | 66.12.10 | Başga şahslaryň tabşyrygy boýunça maliýe bazarlarynda amallary amala aşyrmak we onuň bilen baglanyşykly işler |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga şahslaryň tabşyrygy boýunça maliýe bazarlarynda amallary amala aşyrmak (meselem: gazna biržalarynda dellalçylyk amallary)* |
| | | | 66.12.20 | Gymmatly kagyzlar bilen geleşikler boýunça dellalçylyk işi |
| | | 66.19 | 66.19.00 | Maliýe araçylygy ulgamynda gaýry kömekçi işler |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *beýleki toparlara goşulmadyk maliýe araçylygyna garanyňda kömekçi bolup durýan hemme işler; ipoteka amallary boýunça brokerleriň işi; maliýe serişdelerini ýerlemekde we başga maliýe araçylyk işlerinde maslahat bermek; maslahat bermek boýunça geňeşçileriň, baha kesijileriň, maklerleriň we başga maliýe araçylarynyň işi; pul haky esasynda ýa-da bergidarlyk esasynda hossarlaryň we goraýjylaryň (gymmatlyklary saklamak boýunça) işi* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ätiýaçlyk agentleriniň we brokerleriň işi (66.22 seret); gaznalary dolandyrmak (66.30 seret)* |
| | | | 66.19.10 | Wirtual aktiwler hyzmatlaryny üpjün edijileriň işi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *wirtual aktiwler bilen bagly hyzmatlaryň edilmegi (wirtual aktiwleri satyn almak-satmak we (ýa-da) alyş-çalşygy; wirtual aktiwleriň arasynda özara alyş-çalşygy; wirtual aktiwleriň geçirilmegi; wirtual aktiwleriň saklanylmagy, dolandyrylmagy we gözegçiligi; emitentiň wirtual aktiwleriniň ilkinji ýerleşdirilmegi we (ýa-da) satylmagy bilen baglanyşykly maliýe hyzmatlarynyň edilmegi)* |
| | 66.2 | | | Ätiýaçlyk we pensiýa üpjünçilikde kömekçi işler |
| | | | | ***Bu topar öz içine alýar:*** *agentleriň we brokerleriň satuw, gepleşikler, ätiýaçlandyrmanyň baglaşylan şertnamalary we pensiýa üpjünçiligi çäklerinde, şeýle hem şikaýatlary ýola goýmak we adalat kazyýetine ugratmak işi boýunça işleri* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *(eminiň gatnaşmagynda geçirilýän kazyýet)* |
| | | 66.21 | 66.21.00 | Zyýan çekmek we töwekgelçilik etmekde ätiýaçlyk boýunça baha kesijileriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlyk bilen berk baglanyşykly ýa-da oňa degişli iş we töwekgelçilik, çekilen zyýanlariň öwezini dolmak boýunça ätiýaçlyk baha kesijileriniň işi. Şeýle hem çekilen zyýan we ýetirilen zeleliň öwezini dolmak boýunça edilýän talabyň esaslydygyny kesgitlemek we ätiýaçlyk polisi esasynda çekilen zyýanyň üstüni ýapmak we düzgünleşdirmek boýunça ätiýaçlyk baha kesijileriniň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gozgalmaýan emläge baha kesmek (68.31 seret); başga maksatlar üçin baha kesmek (74.90 seret); barlag-derňew işlerini geçirmek (80.30 seret)* |
| | | 66.22 | 66.22.00 | Ätiýaçlandyryş wekilleriniň we dellallaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlandyryş wekilleriniň we araçylarynyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin gepleşikler geçirmek we söwda boýunça işi* |
| | | 66.29 | 66.29.00 | Ätiýaçlandyrma we pensiýa üpjünçiligine ýardam berýän beýleki iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ätiýaçlyk we pensiýa üpjünçiligine degişli başga işler ýa-da olar bilen berk baglanyşykly (maliýe araçylygyndan başga, ätiýaçlyk ýagdaýlary boýunça dörän nägilelikleri sazlaşdyrmak we ätiýaçlyk agentleriniň işi): halas edilen emläge eýeçilik etmek; ätiýaçlyk höweslendiriji baýragynyň hasaby we ätiýaçlyk töwekgelçiligini kesgitlemek boýunça agentleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *deňiz gämilerini halas etmek işi (52.22 seret)* |
| | 66.3 | | | Fondlary dolandyrmak |
| | | 66.30 | 66.30.00 | Fondlary dolandyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *özara şärikli gaznalary, diýmek, inwestision kompaniýalary tarapyndan dolandyrylýan açyk görnüşli (gaznalary) paý tristalaryny dolandyrmak; maýa goýum gaznalary dolandyrmak; pensiýa gaznasyny dolandyrmak* |
| **L (seksiýa): 68** | | | | **GOZGALMAÝAN EMLÄK BILEN BAGLY AMALLAR**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *gozgalmaýan emlägi almak ýa-da satmak boýunça kärendeçileriň, agentleriň ýa-da araçylaryň işi; gozgalmaýan emlägi kärendesine bermek; gozgalmaýan emläge baha kesmek ýa-da karzçynyň gozgalmaýan emlägi yzyna almagy we karz alnan pul üzülenden soňra yzyna bermegi. Bu iş hususy gozgalmaýan emläk bilen ýa-da kärendesine alnan gozgalmaýan emläk bilen, şol sanda üçünji tarapyň hasabyna amala aşyrylyp bilner. Şeýle-de gozgalmaýan emlägi dolandyrmak we gozgalmaýan emläge* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *eýeçilik hukugyny kesgitlemek işi hem goşulandyr.* |
| **68** | | | | **Gozgalmaýan emläk bilen bagly amallar** |
| | 68.1 | | | Hususy gozgalmaýan emlägi almak ýa-da satmak |
| | | 68.10 | 68.10.00 | Hususy gozgalmaýan emlägi almak ýa-da satmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *köpöýli jaýlarda we beýleki ýaşaýyş jaýlarynda hususy gozgalmaýan emlägi (tutuş ýa-da belli bir bölegini) almak ýa-da satmak, hususy ýerini satmak; ýaşalmaýan jaýlarda, şol sanda sergi zallaryny, ammar üçin niýetlenen jaýlary we ş.m.*<br>*- ýerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak niýeti bilen hiç hili iş geçirmezden, ýerleri böleklere bölmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gozgalmaýan emlägi satmaga taýýarlamak (41.10 seret); ýerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak niýeti bilen degişli işleri geçirip, ýerleri böleklere bölmek (42.99 seret)* |
| | 68.2 | | | Hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermek |
| | | 68.20 | 68.20.00 | Hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hususy gozgalmaýan emlägi (köpöýli jaýlary we beýleki ýaşaýyş jaýlaryny; ýaşalmaýan jaýlary, şol sanda sergi zallaryny, ammar jaýlaryny,söwda zallaryny we ş.m.ýerleri) kärendä we ulanmaga bermek, hususy gozgalmaýan emlägi kärendä bermäge taýýarlamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *myhmanhanalary, goş-golamly otaglary, kempingleri, ýaşamak üçin tirkegleri we gelenler ýa-da az wagtlyk ýaşaýanlar üçin gaýry ýerleri peýdalanmak (55 seret)* |
| | 68.3 | | | Sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly amallary geçirmek |
| | | 68.31 | 68.31.00 | Gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly amallar boýunça agentleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gozgalmaýan emläge baha kesmek, kärendesine bermek, almak-satmak bilen baglanyşykly araçylyk işi; gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly amallar boýunça agentleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hukuk ugrundan iş (69.10 seret)* |
| | | | 68.31.10 | Gozgalmaýan emläge baha kesmek işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sylag almak üçin ýa-da şertnama esasynda gozgalmaýan emlägi almak-satmak ýa-da kärndesine bermek bilen baglanyşykly baha kesmek boýunça hyzmatlar* |
| | | 68.32 | 68.32.00 | Gozgalmaýan emlägi dolandyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hukuk ugrundan iş (69.10 seret); binalaryň işlemegini (meselem, arassalamak we ş.m.) goldamak boýunça kömekçi işler (81.10 seret); institusional guramalary, meselem, harby bazalary, tussaghanalary (türmeleri) we ş.m. dolandyrmak (administratiw-dolandyryş* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *toplumlarynyň işlerinden başga) (82.11; 81.10 seret)* |
| **M (seksiýa): 69-75** | | | | **HÜNÄRMENLIK, YLMY WE TEHNIKI IŞLER** |
| **MA (kiçi seksiýa): 69-71** | | | | **HUKUK ULGAMYNDA BUHGALTERÇILIK HASABA ALYŞ, DOLANDYRMAK, BINAGÄRLIK, INŽENER GÖZLEGLERI, TEHNIKI SYNAGLAR WE GÖZEGÇILIK ULGAMYNDA IŞLER** |
| **69** | | | | **Hukuk we buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamyndaky iş**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *bir tarapyň bähbidi üçin beýleki tarapyň garşysyna kazyýetde ýa-da kazyýet edaralarynda aklawjylaryň çykyş etmegi ýa-da olaryň gözegçiligi astynda bu işiň amala aşyrylmagy, şeýle hem zähmet bilen baglanyşykly jedellerde, raýat we jenaýat işlerinde wekilçilik etmek we maslahat bermek, umumy soraglar boýunça maslahatlar we görkezmeler bermek, hukuk resminamalaryny taýýarlamak: kompaniýanyň hasaba alnandygy baradaky resminamalary, şahadatnamany, guramalaryň düzgünnamalaryny we ş.m. kompaniýanyň döredilmegi baradaky resminamalary, patentleri, awtorlyk şahadatnamalaryny, miras goýmak we ynanç hatlary barada hukuk namalaryny taýýarlamak we ş.m.; kepillendiriş, döwlet kepillendiriş edaralary, kazyýet ýerine ýetirijileriniň, ekspertleriň, arbitrleriň işleri.*<br>*Şeýle hem audit we buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlary etmek, şol sanda maliýe hasabatlylygyny düzmek boýunça işi, salgyt maslahatlaryny bermek boýunça işi, maliýe auditini geçirmek boýunça işi öz içine alýar.* |
| | 69.1 | | | Hukuk işleri |
| | | 69.10 | 69.10.00 | Hukuk pudagynda iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*kazyýetde, kazyýet edaralarynda ýa-da beýleki edaralarda taraplaryň bähbidini goramak we wekilçilik etmek:*<br>• *raýat işlerinde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>• *jenaýat işlerinde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>• *zähmet bilen baglanyşykly jedellerde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>*-umumy soraglar boýunça teklipler we maslahatlar bermek;*<br>*ýuridiki resminamalary taýýarlamak:*<br>• *ýuridiki şahsyň döredilmegi bilen baglanyşykly, hasaba alyş şahadatnamasyny, kärhanalaryň düzgünnamalaryny (tertipnamalaryny) we ş. m. resminamalary taýýarlamak;*<br>• *patentler we awtorlyk hukuklary;*<br>• *hukuk namalary, wesýetnamalary, ynanç hatlary we ş.m. taýýarlamak*<br>*- döwlet notariuslaryň, notariuslaryň, döwlet bellige alyjylaryň, kazyýet ýerine ýetirijileriniň, ekspertleriň we arbitrlaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kazyýet işleri (84.23 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | 69.10.10 | Adwokatlar kollegiýasynyň we ýuridiki maslahathanalaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *- adam hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridiki şahslaryň kanuny bähbitlerini goramak maksady bilen, kanunçylykda bellenilen tertipde professional kömegini bermek üçin gönükdirilen adwokatlyk işini*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *adwokatlaryň beýleki birleşikleriniňi, adwokatlyk işini özbaşdak amala aşyrýan adwokatlaryň işini* |
| | | | 69.10.11 | Fiziki we ýuridik şahslara hukuk kömegini bermek işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *fiziki we ýuridik şahslara professional hukuk kömegini bermek üçin gönükdirilen şahslaryň işini:*<br>• *adam hukuklaryny we azatlyklaryny, ýuridiki şahslaryň kanuny bähbitlerini goramaklyga gönükdirilen ýuridik kömegini bermek:*<br>*kazyýetde, kazyýet we beýleki edaralarda taraplaryň bähbitlerini goramak; raýat, jenaýat, administartiw, arbitraž we beýleki işlerde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>*zähmet we beýleki jedellerde maslahat bermek we wekilçilik etmek;*<br>• *ýuridik şahslary döretmek bilen bagly maslahatalary bermek we resminamalary taýýarlamak: esaslandyryş şertnamalary, hyzmatdaşlyk hakynda şertnamalary, kärhanalaryň düzgünnamalaryny (tertipnamalaryny) şeýle hem, ynançly dolandyrmak hakynda şertnamalary we beýleki resminamalary taýýarlamak;*<br>• *patentler we awtorlyk hukuklary bilen bagly, maslahatlary bermek we resminamalary taýýarlamak*<br>• *hukuk namalaryň taslamalaryny we beýleki resminamalary taýýarlamak;*<br>*kanunçylykda göz öňünde tutulan beýleki işleri amala aşyrmak* |
| | | | 69.10.20 | Notarial işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kanunçylykda bellenen tertipde notarial işi amala aşyrmak bilen, notarial hereketleri we beýleki işleri amala aşyrmaga gönükdirilen döwlet notariuslaryň, notariuslaryň işini* |
| | | | 69.10.30 | Gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we onuň bilen bagly geleşikleri döwlet tarapyndan bellige almak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kanunçylykda bellenen tertipde gozgalmaýan emläge bolan hukuklary we onuň bilen bagly geleşikleri döwlet tarapyndan bellige almak bilen bagly bellige alyş hereketleri we beýleki işleri amala aşyrmaga gönükdirilen döwlet bellige alyjylaryň işi* |
| | | | 69.10.40 | Hukuk pudagynda gaýry işler |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *emläk jedellerini düzgünleşdirmek işini; üçinji taraplar hökmünde resminamalary saklamak üçin kabul etmek boýunça işini; ýokarky kiçi klaslarda görkezilmedik beýleki hukuk işlerini* |
| | 69.2 | | | Buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlary etmek boýunça, salgyt maslahatlaryny bermek boýunça, maliýe auditini geçirmek boýunça iş<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak (dikeltmek), şol sanda hasaba alyş syýasatyny saýlamak we düzmek, maliýe hasabatlylygyny düzmek, buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça maslahatlary bermek boýunça işi, salgyt maslahatlaryny bermek we müşderileriň adyndan salgyt edaralarynda wekilçilik etmek, şol sanda salgyt deklarasiýalaryny taýýarlamak boýunça işi, maliýe auditini geçirmek işi*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** *jemleýji maglumatlary girizmek we gaýtadan işlemek boýunça işi, şol sanda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň maksatlary üçin (63.11 seret); buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamy bilen, býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçiligiň düzgünleri bilen bagly dolandyrmak boýunça maslahatlary bermek işi (70.22 seret); hasap boýunça tölegleri töletdirmek (82.91 seret)* |
| | | 69.20 | 69.20.00 | Buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlary etmek boýunça, salgyt maslahatlaryny bermek boýunça, maliýe auditini geçirmek boýunça iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kompaniýalaryň we beýleki kärhanalaryň söwda amallaryny hasaba almak;maliýe hasabatyny taýýarlamak, olaryň dogrudygyny barlamak we tassyklamak; sahsy taraplar ýa-da kärhanalar üçin girdejiler baradaky salgyt beýannamasyny taýýarlamak; maslahatçylaryň işine müşderileriň adyndan salgyt müdirliginiň öňünde wekilçilik etmek (ýuridik wekilçiligin-den başga)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** tablisadaky maglumatlary *işläp taýýarlamak we jemlemek boýunça iş, şol sanda buhgalterçilik hasaba alnyşynyň maksady üçin (63.11seret); buhgalterçilik hasaba alnyşynyň taslamasyny düzmek, önümçilik çykdajylarynyň hasabatynyň meýilnamasyny düzmek, döwlet býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek ýaly dolandyryş boýunça maslahat bermek (70.22 seret); hasap boýunça tölegi tutup galmak (82.91 seret)* |
| | | | 69.20.10 | Buhgalterçilik hasaba alnyşy ulgamynda hyzmatlary etmek iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *buhgalterçilik hasaba alnyşyny alyp barmak (dikeltmek), şol sanda hasaba alyş syýasatyny saýlamak we düzmek, maliýe hasabatlylygyny düzmek, buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça maslahatlary bermek,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *maliýe hasabatlylygyny kabul etmek ýygnamak we jebislendirmek işi* |
| | | | 69.20.20 | Salgyt maslahatlaryny bermek boýunça iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *salgyt maslahatlaryny bermek we müşderileriň adyndan salgyt edaralarynda wekilçilik etmek, şol sanda salgyt deklarasiýalaryny taýýarlamak boýunça işi* |
| | | | 69.20.30 | Maliýe auditini geçirmek işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *auditorçylyk işi (umumy audit; ätiýaçlandyryş guramalarynyň auditi; bank işiniň auditi; maýa goýum institutlarynyň auditi), maliýe hasabatyny taýýarlamak, olary seljermek, olaryň dogrulygyny tassyklama işleri, maslahat alyşmagy hem goşmak bilen* |
| **70** | | | | **Merkezi ofisleriň işleri, dolandyrmak ulgamynda işler** |
| | 70.1 | | | Merkezi ofisleriň işleri<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *täjirçilik işini dolandyrmak boýunça maslahat we ýardam bermek, şol sanda maliýe we býujet ugruny meýilnamalaşdyrmak, guramak, netijeliligini we gözegçiligini üpjün etmek, buhgalterçilik hasaba alnyşynyň düzgünini düzmek, önümçilik çykdajylarynyň hasabatynyň meýilnamasyny düzmek, býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, maliýe dolandyryşy, önümçiligi, marketingi, adam baýlyklaryny dolandyryşy boýunça maslahat bermek*<br>***Bu topar şeýle-de öz içine alýar:*** *şol kompaniýanyň başga birliklerini ýa-da başga kompaniýalary syn etmek we dolandyrmak, başgaça aýdylanda baş ofislerde işiň alnyp barlyşy* |
| | | 70.10 | 70.10.00 | Merkezi ofisleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *firmanyň başga birligi, şeýle hem firmalaryň we olaryň şahamçalarynyň (özbaşdak kärhanalaryň) ösüşiniň ugruny kesgitleýän we meýilleşdirýän, dolandyryş, gözegçilik we dolandyryş wezipelerini merkezi dolandyryş ofisler we baş dolandyryş (merkezi) ofisler amala aşyrýar*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *dolandyrmaga gatnaşmaýan holding-kompaniýalaryň işi (64.20 seret)* |
| | 70.2 | | | Dolandyryş ugry boýunça maslahat bermek |
| | | 70.21 | 70.21.00 | Jemgyýet bilen aragatnaşyk boýunça maslahat bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *guramalaryň abraýyny ýokary galdyrmaga we guramalaryň şahsy taraplar bilen, hökümet bilen, jemgyýet bilen, saýlawçylar bilen, paýçylar bilen we ş.m. arasyndaky gatnaşyklary gowulandyrmak usuly boýunça maslahat bermek, dolandyryş we işjeň, ýerine ýetiriji (operatiw) kömekleri bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *mahabat we habar beriş agentliginiň işi (73.1 seret); sorag etmek usuly bilen* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *jemgyýetiň pikiri arkaly bazary öwrenmek (73.20 seret)* |
| | | 70.22 | 70.22.00 | Dolandyrmak we täjirçilik işi boýunça maslahat bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- täjirçilik kärhanalaryna we döwlet gullugyna umumy dolandyryş ugry boýunça tejribelik kömegini bermek, maslahat bermek we görkezme bermek, mysal üçin:*<br>*• kärhananyň (kompaniýanyň) strategiýasyny işläp düzmek, şol sanda strategik biznes-planlary işläp düzmek;*<br>*• buhgalterçilik hasabynyň düzgüniniň taslamasyny düzmek, önümçilik çykdajylarynyň hasabatynyň meýilnamasyny düzmek, býujetiň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;*<br>*• dolandyryş kararyny kabul etmek;*<br>*• telekeçilik işi boýunça üýtgetmeleri meýilleşdirmek;*<br>*• dolandyryş maglumatlarynyň ulgamyny saýlamak we ş.m.*<br>*- täjirçilik kärhanalaryna we döwlet gullugyna meýilleşdirmek, guramak, netijeliligini we gözegçiligi üpjün etmek we dolandyrmak boýunça habarlar we ş.m. ugurlar boýunça maslahat bermek we kömek etmek, mysal üçin:*<br>*• maliýe dolandyryşy boýunça;*<br>*• marketing dolandyryşy boýunça;*<br>*• adam baýlyklaryny dolandyrmak boýunça;*<br>*• önümçiligi dolandyrmak boýunça;*<br>*• beýleki täjirçilik işleri boýunça*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hasaplaýyş ulgamy boýunça hyzmatlar (62.01 seret); ýuridiki hyzmatlar (69.10 seret); buhgalterçilik hyzmaty (69.20 seret); binagärçilik, inženerlik gözlegi we olar bilen baglanyşykly tehniki ugurlar boýunça maslahat bermek (71.11, 71.12 seret); bilim ugrundan maslahat bermek (85.60 seret); agronomçylyk ugrundan we oba hojalyk pudagy boýunça maslahat bermek. (74.90 seret); işçileri hakyna tutma agentliginiň işi (78.10 seret)* |
| | | | 70.22.10 | Ýangyn howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreleri işläp düzmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýerine ýetiriji häkimiýet we edara-kärhanalar we guramalar bilen bilelikde ýangyn goragynyň işlerini guramak; ýangynlaryň öňüni almak boýunça çäreleri işläp düzmek; ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň we kadalarynyň talaplary barada ylmy-tehniki düşündirişleri bermek; ýangyn howpsuzlygy babatynda ygtyýarnama alyjylaryň ygtyýarnama almazyndan öňki materiallaryň taýýarlygyny amala aşyrmak* |
| | | | 70.22.90 | Beýleki täjirçilik işleri we dolandyrmak meseleleri boýunça maslahat bermek |
| **71** | | | | **Binagärlik we inžener gözlegleri ulgamynda işler; tehniki synaglar we gözegçilik** |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *binagärçilik ugry boýunça maslahat bermek, gurluşyk taslamasyny düzmek we beýleki inženerlik işlerine ýolbaşçylyk etmek, çyzgylar düzmek, gurluşygyň gidişine gözegçilik etmek, ölçeg işlerini geçirmek, ýerleri surata düşürmek we karta çyzmak* ***Bu bölüm şeýle-de öz içine alýar:*** *himiki, fiziki we beýleki synaglary geçirmek; ýer astynyň gurluşy, nebitiň, tebigy gazyň, gaz kondensatynyň we minerallaryň hem-de ýerasty suwlaryň ýataklary barada maglumat berýän üstki ölçegler we synlamalar, çuň gözleg burawlama* |
| | 71.1 | | | Binagärçilik we inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahatlar bermek hyzmaty |
| | | 71.11 | 71.11.00 | Binagärçilik işi ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binagärçilik ugrundan maslahat bermek (binalary taslama işleri, iş çyzgylaryny düzmegi hasaba alyp, şäheri meýilleşdirmek, landşaft binagärçiligini hasaba alyp)* ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşyk babatda taslamadan öňki we taslama resminamalarynyň hem-de çykdajy sanawlarynyň döwlet seljerişini geçirmek işileri; şähergurluşyk işini kämilleşdirmek, şäherlerde we obalarda gurluşyk işleri geçirilende ulanyş hem-de gözellik görkezijilerini milli aýratynlyklara hem-de ýerli tebigy-howa şertlerine laýyklykda ýokarlandyrmak boýunça geçirilýän işleri; binagärlik, taslama we gurluşyk babatda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak işleri* ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ýangyn howpsuzlygy meseleleri boýunça taslama işlerini ýerine ýetirmek: içki we daşky ýangyn söndüriş (şol sanda awtomatiki), ýangyn we gorag-ýangyn habar beriji (şol sanda habar beriş), tüssä garşy gorag ulgamlary (şol sanda ulgamlaryň bölekleri), ýangyna garşy diwarlary gurnamak boýunça taslamalaşdyrmak işleri* ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hasaplaýyş tehnikasy boýunça maslahat bermek (62.02, 62.09 seret); interýerleri bezemek (74.10 seret)* |
| | | | 71.11.10 | Taslama işläp düzmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *senagat howpsuzlygy boýunça işler:* *-partlama-ýangyn howply ýa-da gelejekde howp döredip biljek desgalaryň gurluşygynyň taslamasyny işläp düzmek: himiki, partlamakdan goraýan elektrotehniki enjamlary, gözegçilik ulgamyny we enjamlary, heläkçiligiň öňüni alyş enjamy we duýduryjy sesleri, göteriji desgalary we mehanizmleri, gazanlary, gaplary, basyş esasynda işleýän enjamlary we turbageçirjileri taslamak hem-de ýokary basyşda* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *işleýän gazanlaryň, gaplaryň we turbageçirjileriň berkligini we dykyzlygyny synagdan geçirmek işlerini; senagat partlama materiallarynyň synagy, liftleriň, eskalatorlaryň we ýük göteriji enjamlaryň beýleki görnüşleriniň synagy;*<br>*-dag-magdan önümçiliklerini we desgalaryny taslamak bilen bagly işleri: magdan çykaryjy kärhanalary hem-de gidrotehniki, ulag we ýörite gurluşyk desgalaryny gurmak, durkuny täzelemek, giňeltmek we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak boýunça taslamanyň resminamalaryny işläp taýýarlamak; hereket edýän dag-magdan önümçilikleriniň we desgalarynyň taslama we tehnologiýa resminamalaryny işläp taýýarlamak; dag-magdan önümçilikleriniň we desgalarynyň tehnologiýa taýdan taslamalary boýunça kadalary işläp taýýarlamak;*<br>*-partlaýjy maddalary taýýarlamak bilen baglanyşykly önümçilikleri taslamak, şeýle hem partlaýjy maddalary saklamak üçin ammarlary taslamak bilen bagly işler: olaryň durkuny täzelemek we olary tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak üçin taslama resminamalaryny işläp taýýarlamak; partlaýjy maddalary we önümleri taýýarlamak boýunça önümçilikleri gurmak, sarp edijilerde-kärhanalarda zawodda öndürilýän partlaýjy maddalary taýýarlaýan nokatlary gurmak we olaryň durkuny täzelemek üçin taslama resminamalaryny işläp taýýarlamak; partlaýjy maddalaryň ammarlary we partlaýjy maddalaryň ýüklenýän-düşürilýän nokatlary üçin taslama we tehnologiýa resminamalaryny işläp taýýarlamak; partlaýjy maddalary taýýarlamak, saklamak, gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly desgalary taslamak we ulanmak boýunça kadalaşdyryjy resminamalary işläp taýýarlamak*<br>*-nebit we gaz senagatynyň desgalaryny, şol sanda magistral nebit we gaz önüm geçirijilerini taslamak bilen bagly işleri: nebiti, gazy, termal (ýyly, çeşme) suwlary çykarmak üçin gözleg we ulanyş guýularynyň resminamalaryny işläp taýýarlamak (taslamak); ýerasty we açyk geologiýa-gözleg işlerinde buraw abzallaryny we dag-magdan enjamlaryny goşmak bilen, buraw we nebit, gaz çykaryş işlerini geçirmek üçin tehnologiýa ulgamlary, enjamlary we mehanizmleri taslamak; nebit we gaz, gaz kondensatly we geotermal ýataklary abadanlaşdyrmak we işlemek boýunça taslamalary işläp taýýarlamak; nebiti we gazy çykaryş hem-de toplumlaýyn taýýarlaýyş desgalaryny, nebit-gaz çykaryjy hem-de nebiti we gazy gaýtadan işleýän toplumlaryny gurmak, durkuny täzelemek, giňeltmek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak we ýapmak (ýok etmek) üçin resminamalary taýýarlamak (taslamak); magistral turbageçiriji ulgamlaryny gurmak, olaryň durkuny täzelemek, giňeltmek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak we ýapmak (ýok etmek) üçin resminamalary* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *taýýarlamak (taslamak); nebit we gaz senagatynyň hereket edýän desgalary we önümçilikleri üçin tehnologiýa resminamalaryny işläp taýýarlamak (taslamak); nebit we gaz senagatynyň tehnologiýa taýdan taslamalary üçin kadalary işläp taýýarlamak*<br>*-bug gazany-gözegçilik desgalaryny taslamak bilen bagly işler: basyşly işleýän ýyladyş gazanlaryny, gaplary, bug we gyzgyn suw üçin niýetlenen turbageçirijileri taslamak; bug gazany-gözegçilik desgalarynyň durkuny täzelemek, döwrebaplaşdyrmak we modifisirlemek üçin taslamalary işläp taýýarlamak; bug gazany-gözegçilik desgalaryny oturtmak we düzmek üçin taslamalary işläp taýýarlamak; ulanylýan bug gazany-gözegçilik desgalary üçin TDS-2.601 howpsuzlyk Kadalaryna laýyklykda ulanyş resminamalaryny (dublikatlary) işläp taýýarlamak*<br>*-göteriji desgalary taslamak bilen bagly işler: göteriji desgalary, olaryň böleklerini (uzellerini), mehanizmlerini, abzallaryny, dolandyryş, gorag ulgamlaryny we howpsuzlyk gurallaryny taslamak; gurluşyk-gurnama işleriniň önümçiliginiň we ýük göteriji kranlar bilen ýüklemek-düşürmek işleriniň tehnologiýa kartalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak; göteriji desgalaryň durkuny täzelemek, döwrebaplaşdyrmak we modifisirlemek üçin taslamalary işläp taýýarlamak; ulanylýan göteriji desgalar üçin TDS-2.601 howpsuzlyk Kadalaryna laýyklykda ulanyş resminamalaryny (dublikatlary) işläp taýýarlamak; kranlaryň ýollary, bölünip aýrylýan ýükleýiş gurallary we gaplar üçin, şeýle hem göteriji desgalary oturtmak üçin taslamalary işläp taýýarlamak*<br>*-gaz hojalygy desgalaryny taslamak bilen bagly işleri: gaz hojalygy kärhanalaryny (desgalaryny) gurmak, olaryň durkuny täzelemek, giňeltmek we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak üçin taslama resminamalaryny işläp taýýarlamak; Türkmenistany, welaýatlary, şäherleri, etraplary we ilatly ýerleri gaz bilen üpjün etmegiň shemalaryny işläp taýýarlamak we ekspertiza geçirmek; artyk basyşy 1,2 megapaskaldan ýokary bolmadyk nebit we gaz ýataklaryndan alynýan tebigy gazy we artyk basyşy 1,6 megapaskaldan ýokary bolmadyk suwuklandyrylan uglewodorod gazyny ýangyç hökmünde peýdalanýan şäherleriň we beýleki ilatly ýerleriň gaz üpjünçiligi ulgamlarynyň toplumlaýyn taslamasyny taýýarlamak; gaz paýlaýjy stansiýalardan ýa-da birikdirilýän ýerinden sarp edijä barýan gazgeçirijileriniň (şäherçeleriň arasyndaky gaz geçirijileri goşmak bilen) taslamasyny taýýarlamak; suwuklandyrylan uglewodorod gaz abzallarynyň (gaz dolduryjy stansiýa, gaz dolduryjy nokada, awtoulaglara gaz guýýan stansiýa, suwuklandyrylan gaz üçin ätiýaçlyk üçin çelekleri we toplumlaýyn ballon abzallaryny) taslamasyny taýýarlamak; gaz hojalygynyň desgalaryny we ýerasty* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gazgeçirijilerini elektrohimiki korroziýadan goraýjy serişdeleriň taslamasyny taýýarlamak; gaz paýlaýjy nokatlaryň, şkaf nokatlaryň taslamasyny taýýarlamak; senagat, oba hojalyk kärhanalarynyň, durmuş taýdan hyzmat edýän kärhanalaryň, kotelnýalaryň, ýylylyk elektrik stansiýasynyň, ýylylyk energiýa merkeziniň, döwlet elektrik merkeziniň, jemgyýetçilik binalarynyň, ýaşaýyş jaýlarynyň gaz üpjünçilik ulgamlarynyň taslamasyny taýýarlamak; gaz hojalygynyň desgalarynyň enjamlarynyň görnüşlerini we nusgalyklaryny işläp düzmek (konstruirlemek), şol sanda uglewodorod gazlarynyň gaz gurşawy üçin goraýjylary, baglaýjy (gorag) klapanlary, gazyň basyşynyň göni we göni däl hereketini düzgünleşdiriji gurallary, durmuşda ulanylýan gaz enjamlar toplumlaryny; standart däl enjamlaryň (şol sanda polietilen turbalary taýýarlamak we olardan gazgeçirijilerini gurnamak); gaz gorelkasynyň abzallarynyň; gaz üpjünçiligi ulgamlary we desgalary üçin howpsuzlyk gözegçiliginiň, dolandyryş we awtomatiki gurallaryň (serişdeleri); bloklaýyn ýyladyş gazanlarynyň we beýleki enjamlaryň, gözegçilik-ölçeg we awtomatika gurallarynyň hem-de gaz hojalygy üçin enjamlar toplumlarynyň taslamasyny taýýarlamak; ýerasty gazgeçirijileriň, gaz enjamlarynyň we apparatlarynyň ygtybarlylygyny we berkligini üpjün etmäge, gaz hojalygy desgalarynyň we kärhanalarynyň hyzmat edýän işgärleri üçin howpsuzlyk derejesini ýokarlandyrmaga, ilaty we taslamada peýdalanylýan daşky gurşawy goramaga gönükdirilen maksatnamalary, usulyýetleri we kadalary işläp taýýarlamak*<br>*-himiki, nebit- himiki, nebiti we gazy gaýtadan işleýän, himiki-farmasewtiki, sellýuloza-kagyz, mikrobiologiýa önümçiliklerini we desgalaryny, şeýle hem zäherleýji maddalaryň, şeýle-de howa çaň-tozan ýa-da bug-gaz gatyşmagy bilen howply garyndylary döredip biljek maddalaryň ulanylmagy ýa-da saklanmagy bilen bagly beýleki partlama-ýangyn howply önümçilikleri we desgalary taslamak bilen bagly işler: önümçilikleri we toplumlaýyn tehnologiýa taýdan desgalary gurmak we durkuny täzelemek üçin taslama resminamalaryny işläp taýýarlamak; aýry-aýry tehnologiýa prosesler üçin tehnologiýa ulgamlary (zolaklary, döwürler, bölekler), ulag ulgamlaryny, arassalaýyş desgalary ulgamlaryny we fakel ulgamlary üçin taslama-konstruktorçylyk resminamalary işläp taýýarlamak; aýry-aýry tehnologiýa taýdan desgalar üçin tehnologiýa enjamlary, sorujy-gysyjy we sowadyjy beketler, sorup goýberiş beketleri, ammarlar, saklanýan ýerler, gazgolderler, guýuş-dolduryş nokatlary, tehnologiýa taýdan turbageçirijileri, arassalaýyş enjamlary, galyndylary gaýtadan peýdalanyş enjamlary üçin taslama resminamalaryny işläp taýýarlamak; hereket edýän tehnologiýa önümçilikleriň we desgalaryň durkuny täzelemek üçin tehnologiýa taýdan resminamalary işläp taýýarlamak;* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *tehnologiýa enjamlaryň tehnologiýa taýdan resminamalaryny işläp taýýarlamak; dolandyryş we düzgünleşdiriş enjamlary we gözegçilik ulgamy, heläkçilige garşy göreş we duýduryş, şeýle hem gözegçilik we duýduryş gurallary, tehnologiýa prosesleriň ölçeg we dolandyryş serişdeleri üçin konstruktorçylyk resminamalaryny işläp taýýarlamak; önümçilikleriň, desgalaryň we enjamlaryň howpsuz ulanylmagyny üpjün etmek bilen baglanyşykly tehnologiýa taýdan we kadalaşdyryjy-tehniki resminamalary, tehniki çözgütleri (talaplary, şertleri), tehniki-ykdysady esaslandyrmalary, tehniki dessurlary, tehniki we tehnologiýa taýdan kadalary işläp taýýarlamak; tehnologiýa taslamalaryny we tehnologiýa taýdan dessurlaryny işläp taýýarlamak* |
| | | | | *- dänäni saklamak we ony gaýtadan işlemek boýunça önümçilikleri we desgalary partlama ýangyn howpsuzlygynyň we gorag serişdeleriniň gurallaryny taslamak bilen bagly işlerni: dänäni saklamak we ony gaýtadan işlemek boýunça önümçilikleriň we desgalaryň gurluşyk, durkuny täzelemek, giňeltmek, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak işleri üçin taslama resminamalaryny işläp taýýarlamak (howpsuzlyk gurallary we gözegçilik ulgamlaryny abzallaşdyrmak böleginde)* |
| | | | 71.11.20 | Binagärçilik işi we binagärçilik ugrundan maslahatlar bermek |
| | | | 71.11.30 | Binagärçilik işinde ýangyn howpsuzlygy babatynda taslama işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *içki we daşky ýangyn söndüriş (şol sanda awtomatiki), ýangyn habar beriji (şol sanda habar beriş), tüssä garşy gorag ulgamlary (şol sanda ulgamlaryň bölekleri), ýangyna garşy diwarlary gurnamak boýunça taslamalaşdyrmak işleri* |
| | | | 71.11.40 | Elektroenergetika ulgamynda taslama işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ähli güýjenmeli howa elektrik geçirijilerini; ähli güýjenmeli kabel torlaryny; güýjenmeli bolan paýlaýjý merkezleri (paýlaýjý merkez, transformator beketleri we ş.m.); elektrik yşyklandyryş ýapyk paýlaýjy merkezleri, transformator beketleri; açyk transformator beketleri; dispetçer we tehnologiki dolandyryş serişdeleri (howa elektrik ulgamarynyň (HU) simleri arkaly ýokary ýygylykly aragatnaşyk, telemehanizasiýa); ultra-gysga tolkunlar (UGT) radioaragatnaşyk, radiogeçirijiler arkaly aragatnaşyk; ösüş shemalaryny we kiçi beketleri (KB) energiýa ulgamyna birikdiriş shemalaryny; kömekçi hökmünde niýetlenen jaýlar we desgalaryny (dolandyrmak pulty-DP we ýapyk paýlaýjy gurluşy-ÝPG) we beýleki; önümleri we böleklerini kämilleşdiriş işleri* |
| | | | 71.11.90 | Binagärçilik ulgamynda beýleki işler |
| | | 71.12 | 71.12.00 | Inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahatlar bermek hyzmaty |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *inžener gözleg ugrundaky işleri we bu ugurdaky tehniki maslahat berşi, eger-de ýokarda görkezilen iş peýdaly magdanlaryň gazyp alynýan ýerlerinde däl-de, gözleg ýerlerinde amala aşyrylýan bolsa.*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- taslamalary taýýarlamak, tehniki işleriň taslamalaryny dolandyrmak we aşakdaky ugurlar boýunça maslahat bermek;*<br>*• maşynlary we enjamlary ýerleşdirmegi hasaba alyp, önümçilik jaýlaryň taslamalaryny taýýarlamak;*<br>*• gidrotehniki desgalary hasaba alyp,inžener desgalary bilen baglanyşykly taslamalary çyzmak;*<br>*• elektrotehnika,elektron tehnikasyna, gazyp almak işlerine, himiýa tehnologiýasyna, maşyn gurluşygyna,senagat gurluşygyna, tehniki gurluşlara, tehniki howpsuzlyga degişli taslamalary işläp düzmek we iş ýüzüne geçirmek;*<br>*• suw üpjünçiligi bilen baglanyşykly taslamalary dolandyrmak:*<br>*- howany kondisionirlemek, sowadyjy enjamlary,sanitar-tehniki we töweregimizi gurşap alan gurşawyň hapalanmazlygyna gözegçilik etmek. Akustiki gurluşlar we ş.m. ugurlardan taslamalary işläp düzmek:*<br>*- geofiziki, geologiki gözleg-barlag işleri, seýsmografiki işleri;*<br>*- geodeziki gözleg-barlag işleri:*<br>*• ýerüsti barlaglar*<br>*• gidrografik gözleg-barlag işleri*<br>*• ýeriň ýokarky gatlagynda barlag işlerini geçirmek*<br>*• serhete çäk çekmek bilen baglanyşykly işler*<br>*• kartografiýa we älem habarlary bilen baglanyşykly işler*<br>*• gurluşyga we senagata degişli gözleg-barlag işlerini geçirmek.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *inžener gözleg ugrundaky işleri we bu ugurdaky tehniki maslahat berşi, eger-de bu iş peýdaly magdanlaryň gazyp alynýan ýerlerinde amala aşyrylýan bolsa, ýagny barlag (synag) üçin burawlamak işini geçirmek (09.10, 09.90 seret); programma üpjünçiligini işläp taýýarlamak ýa-da çap etmek (58.29, 62.01 seret); tehniki barlaglar we gözlegler (71.20 seret); ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar boýunça işler (72.19 seret); interýeri bezemek (74.10 seret); aero surata düşürmek (aerofotosurat almak) (74.20 seret)* |
| | | | 71.12.10 | Nebitiň, tebigy gazyň we gaz kondensatynyň çuň gözleg burawlaýşy ugrundaky işler |
| | | | 71.12.20 | Meýdan geofiziki barlaglaryň ugrundaky işler (seýsmiki gözleg, grafiki gözleg, elektriki gözleg, guýudaky we |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | beýleki barlaglar) |
| | | | 71.12.30 | Peýdaly gaty magdanlaryň barlagynyň we gözleginiň ugrundaky işler (geologiki surata almak, mehaniki sütünleýin burawlama, dag känleriniň işlenilişi we beýleki işler) |
| | | | 71.12.40 | Gidrogeologiki we inžener-geologiki işleriň ugurlary (gidrogeologiki, inžener-geologiki we geoekologiki surata almak, ýerasty suwlaryň balansyny, derejesini we hilini öwrenmek, mehaniki sütünleýin burawlama, ýertitremeleriň gidrogeologiki alamatlaryny öwrenmek we beýleki işler) |
| | | | 71.12.50 | Topografiýa-geodezik işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *geodezik, topografik, markşeýderçilik, inženerçilik-geodezik agtaryşlary hem-de şelfleri topografiki surata düşüriş işleri; gurluşyga we senagata degişli inžener-geodeziýa gözleg işleri* |
| | | | 71.12.60 | Kartografiýa boýunça hyzmatlar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *grafiki, sanly (sifrli), fotografik we başga görnüşlerdäki umumy geografiki, syýasy-dolandyryş, ylmy-maglumatnama we beýleki tematik kartalary, okuw kartografiýa gollanmalaryny döretmek, täzelemek, neşir etmek we köpeltmek; kartografiýa maglumatlaryny we aerokosmiki suratlaryň materiallaryny taýýarlamak, ýygnamak, işläp taýýarlamak we şol materiallaryň esasynda önümleri taýýarlamak; geografiki maglumatlar ulgamyny döretmek we alyp barmak* |
| | | | 71.12.70 | Tehniki synag we gözegçilik etmekde senagat howpsuzlygy boýunça işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýokary basyşda işleýän gazanlaryň, gaplaryň we turba geçirijileriň berkligini we dykyzlygyny synagdan geçirmek işleri; liftleriň, eskalatorlaryň, funikulýorlaryň, asma ýollaryň we ýük göteriji enjamlaryň beýleki görnüşleriniň (seljerişi) gözegçiligi we tehniki synagy*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *senagat howpsuzlygynyň bilermenler seljermesini geçirmek boýunça işler (TDS 2205-2025 laýyklykda "Howply önümçilik desgalary. Toparlama")* |
| | | | 71.12.80 | Ýaşalýan we ýaşalmaýan binalary we desgalary gurmak boýunça taslama işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *1-12, 13-25 we ondan hem köp gatly binalaryň we desgalaryň taslama işlerini ýerine ýetirmek, aýry-aýry bölümler boýunça taslama işleri ýerine ýetirmek we resminamalaryny işläp düzmek (arhitektura, gurnama, smeta, inženerçilik ulgamy, gurluşyk-gurnama we beýlekiler) we bu ugurlarda maslahatlar bermek, inženerçilik ulgamynyň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *taslamasyny düzmek; şähergurluşyk taslama resmi namalaryny işläp taýýarlamak, ilatly nokatlaryň we çäkleriň inženerçilik ulgamynyň shemasyny işläp taýýarlamak; landşaft taslamalary we gurluşyk işleri bilen bagly dizaýn işleri ýerine ýetirmek* |
| | | | | *Gurluşygyň tehniki-ykdysady esaslandyrmasyny işläp düzmek, düýpli abatlaýyş işleriniň ýerine ýetirilmegi boýunça taslama resminamalaryny işläp düzmek, ýöriteleşdirilen işleri ýerine ýetirmek boýunça taslama resminamalaryny işläp düzmek* |
| | | | 71.12.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk inžener gözlegleriniň beýleki işleri we bu ugurlarda tehniki maslahatlary bermek |
| | | | 71.12.91 | Inžener gözlegleriniň işi we bu ugurlar boýunça tehniki maslahatlar bermek hyzmaty |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** edara görnüşli tarapyň we şahsy tarapyň howa giňişliginiň arassalygyny goramak boýunça kadalaşdyryjy namalary işläp düzmek bilen bagly işler, şol sanda howany hapalaýan serişdeleriň goýberilmeginiň möçberini kesgitleýän kadalaşdyryjy namalary işläp düzmek, daşky gurşawa edilýän täsire baha bermek we ekologiýa pasportyny işläp düzmek işleri, şeýle-de suw giňişligine goýberilýän hapalaýjy serişdeleriň möçberini kesgitlemek boýunça geçirilýän işler* |
| | 71.2 | | | Tehniki synag we gozegçilik etmek |
| | | 71.20 | 71.20.00 | Tehniki synag we gozegçilik etmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** materiallarda we önümlerde fiziki, himiki we beýleki synaglary geçirmek: ses we titremeler bilen baglanyşykly synaglar, minerallaryň himiki düzümi we arassalygy bilen baglanyşykly seljermeler geçirmek we ş.m. howanyň we suwuň arassalygyny, radiasiýasyny we ş.m. ölçemek tüsse, akýan hapa suw ýaly howany hapalaýan çeşmelerde barlag geçirmek; weterinar gözegçiligini hasaba alyp, azyk önümleriniň hilini barlamak; çylşyrymly enjamlaryň, önümleriň, materiallaryň berkligini, ynamlylygyny we könelmezlik derejesini synagdan geçirmek; gurluşyk elementlerini, meselem, kebşirlenen ýerleri, esasy gurluşlary we ş.m. barlagdan geçirmek, hasaplamalaryny çykarmak; heläkçilik hadysalaryndaky zaýaçylyklary seljermek; gämileri, uçarlary, awtoulag serişdelerini, rezerwuarlary, ýadro basyşy astynda işleýän gurluşlary we ş.m. sertifikasiýalaşdyrmak; awtoulag serişdelerini döwürleýin tehniki taýdan gözden geçirmek; modullar we maketler arkaly (uçarlaryň, gämileriň, dambalaryň we bentleriň we ş.m.) synagdan geçirmek; kazyýet barlaghanalarynyň işi; sanitar- epidemiologiýa işleri* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** ýangyn söndüriji tehnikalary we söndüriji serişdeleri synagdan geçirmek (ýangyn enjamlaryny, gurallaryny we inwentarlaryny;* |
| | | | | *- ýangyn söndürijileriň özbaşdak we köpçülikleýin gorag* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *serişdelerini; ýangyn söndüriji ulgamy üçin abzallaryny we enjamlaryny (ulgamlaryň böleklerini); ýangyn we gorag-ýangyn habar beriji ulgamy üçin abzallaryny we enjamlaryny (ulgamlaryň böleklerini); ot söndürijileri synagdan;*<br>*- ot söndüriji düzümleri; ýangyna garşy diwarlaryndaky boşluklary doldurmak üçin elementlerini synagdan geçirmek); maddalaryň, materiallaryň, önümleriň, enjamlaryň we konstruksiýalaryň ýangyn howpsuzlyk talaplaryna laýyklygyny synagdan geçirmek (maddalary we materiallary, önümleri, enjamlary we konstruksiýalary synagdan geçirmek; maddalaryň we materiallaryň ýangyn howpuny görkezijilerini anyklamak)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** weterinariýa işi (75.00 seret); anyklaýyş barlaglaryny, testleri we lukmançylyk barlarlary üçin analizleri almak (86 bölüme seret)* |
| | | | 71.20.10 | Ýangyn söndüriji tehnikalary, ot söndüriji serişdeleri, ýangyn enjamlaryny, gurallaryny we inwentarlaryny synagdan geçirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** ýangyn söndürijileriň özbaşdak we köpçülikleýin gorag serişdelerini, ýangyn söndüriji ulgamy üçin abzallaryny we enjamlaryny (ulgamlaryň böleklerini), ýangyn habar beriji ulgamy üçin abzallaryny we enjamlaryny (ulgamlaryň böleklerini) hem-de ot söndürijileri*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** ot söndüriji düzümleri, ýangyna garşy diwarlaryndaky boşluklary doldurmak üçin elementlerini, maddalaryň, material-laryň, önümleriň, enjamlaryň we konstruksiýalaryň ýangyn howpsuzlyk talaplaryna laýykdygyny (maddalary we materiallary, önümleri, enjamlary we konstruksiýalary, maddalaryň we materiallaryň ýangyn howpuny görkezijilerini anyklamak)* |
| | | 71.30 | 71.30.00 | Ölçeg serişdeleriniň barlagy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** nusgalyk we iş ölçeg serişdeleriniň barlagyny* |
| | | 71.40 | 71.40.00 | Ölçeg serişdeleriniň kalibrlemesi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** fiziki ululyk birlikleriň etalon nusgalyklaryny, nusgalyk ölçeg serişdelerini we iş ölçeg serişdelerini kalibrlemekligi* |
| **MB (kiçi seksiýa): 72** | | | | **YLMY BARLAGLAR WE IŞLÄP TAÝÝARLAMALAR** |
| **72** | | | | **Ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:** ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň üç görnüşi:*<br>*- düýpli barlaglar:*<br>*• garaýyşlara esaslanyp, täze bilimleri ele almak maksady bilen hadysanyň esasynda ýatan, gözegçilige boýun egýän faktlary anyk ulanmazdan ýa-da* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *peýdalanmazdan öň eksperimental ýa-da nazaryýet işler*<br>*- tejribe ähmiýetli barlaglar:*<br>*• täze bilimleri ele almak maksady bilen, ozaly bilen, anyk tejribe maksatlaryna gönükdirilen ýa-da anyk tejribe meselelerini ýerine ýerirmek üçin asyl nusgaly gözlegleri geçirmek*<br>*- eksperimental işläp taýýarlamalar:*<br>*• barlaglaryň esasynda ýa-da tejribeler arkaly alnan bar bolan bilimlere esaslanýan gullukda we ulgamda önümçilige gönükdirilen täze ýa-da öňden bar bolan materiallary, önümleri, gurluşlary kämilleşdirmek we durmuşa ornaşdyrmak işleri.*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *bazar harytlaryny we hyzmaty öwrenmek (73.20 seret).* |
| | 72.1 | | | Tebigy we tehniki ylymlaryň barlaglary we işläp taýýarlamalary |
| | | 72.11 | 72.11.00 | Biotehnologiýa boýunça barlaglar we işläp taýýarlamalar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *biotehnologiýa ugry boýunça aşakdaky çygyrlarda barlaglary we eksperimental işläp taýýarlamalary geçirmek:*<br>*DNK/PHK gen inženeriýasynda, derman senagatynda, genetikada we ş.m.(bu usuly işläp taýýarlamak we ulanmak) klonirlemek maksady bilen we beýleki adaty däl usullar uçin DHK–nyň düzümini we onuň sintezini öwrenmek, peýdalanmak we ýaýratmak; proteinler we beýleki molekulalar: sinteziň, inžener proteinleriň we peptidleriň yzygiderlilikde DHK-a birleşdirilmeginiň (şol sanda iri molekulýar garmonlary) ösüşini çaltlandyrmak we lukmançylyk derman serişdeleriniň hilini gowulandyrmak we derman serişdeleriniň molekulýar derejesini artdyrmak; proteinleri saýlamak (özbaşdaklaşdyrmak) we arassalamak, öýjük reseptorlaryna meňzetmek; dokumalary we öýjükleri ösdürmek we inženeriýa; dokumalary we öýjükleri ösdürmek, şol sanda öýjük sintezini, sanjym stimulýatorlaryny we immunitete degişli embrion derejesiniň manipulýasiýasyny täzeden dikeltmek;biotehnologiki prosesler: bioreaktorlaryň, bioişlemeleriň, biosulfura-siýanyň, biofiltrasiýanyň we ş.m. kömegi bilen fermentleşmek; gen ýaýradyjylar we PHK (genetiki terapiýa, ýokanç wiruslary geçirijiler); bioinformatika: genomalar,protein yzygiderligi boýunça maglumat-lar bazasyny düzmek, çylşyrymly biologiki prosesleriň modelini, şol sanda biologiki sistemalary düzmek; nana biotehnologiýa: nana/ mikro taýýarlamalaryny, zatlaryny we proseslerini ulanyp, biosistemany öwrenmek üçin gurluşlary düzmek, derman serişdelerini ulanmak arkaly keselleri anyklaýyş işlerini geçirmek we ş.m.* |
| | | 72.12 | 72.12.00 | Gurluşyk boýunça barlaglar we işläp taýýarlamalar |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** <br>*- taslamalary (ýyladyş, ýelejiretme, kondisionirleme, bug gazan enjamlarynyň, ýylylyk üpjünçiligi ulgamlarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak; suw lagym we suwaryş ulgamynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak; demir-beton, metal we beýleki gurnawlarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak; taslamalaryň elektrotehniki bölümini işläp taýýarlamak; awtomobil ýollaryň (köçeleriň), köprüleriň we demir ýollaryň taslamalarynyň toplumyny işläp taýýarlamak; taslamanyň tehnologik bölümini işläp taýýarlamak; sil akymyndan goranyş çäreleriň taslamalaryny işläp taýýarlamak; önümçiligiň awtomatiki we awtomat-laşdyrmagyny taslamalaryny işläp taýýarlamak; çenlik resminamalary işläp taýýarlamak; gazüpjünçiligiň ulgamlarynyň taslamalaryny işläp taýýarlamak we ş.m.);*<br>*- gurluşyk kadalaryny we düzgünlerini işläp taýýarlamak we gaýtadan işläp taýýarlamak;*<br>*- ylmy-innowasion taslamalary işläp taýýarlamak;*<br>*- binagärlik we şähergurluşygyny boýunça uzak möhletleýin ýörelgeleriň baş ugurlaryny işläp taýýarlamak;*<br>*- inžener-geologiki işleri (topragynyň fiziki we mehaniki ýagdaýlarynyň barlagyny geçirmek, statiki sünjümleme (zondirleme) we ş.m.)* |
| | | 72.19 | 72.19.00 | Tebigy we tehniki ylymlaryň barlaglary we işläp taýýarlamalary, biotehnologiýadan başga<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *tebigy we tehniki ylymlar boýunça ylmy barlaglary we eksperimental işläp taýýarlamalary yzygiderli öwrenmek; matematika, fizika, astronomiýa, himiýa, biologiýa, lukmançylyk ylymlary, topragy öwreniş, oba hojalyk ylymlary we ş.m. Olar bilimleriň möçberini giňeltmäge we peýdalanmagyň täsirliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Munuň içine garyşyk ylymlaryň barlaglary we işläp taýýarlamalary hem girizilen*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *biotehnologiýa ugrundan geçirilen ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar (72.11 seret)* |
| | 72.2 | | | Jemgyýetçilik we gumanitar ugurlar boýunça ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar |
| | | 72.20 | 72.20.00 | Jemgyýetçilik we gumanitar ugurlar boýunça ylmy barlaglar we işläp taýýarlamalar<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *jemgyýetçilik we gumanitar ugurlar boýunça ylmy barlaglary we eksperimental işläp taýýarlamalary yzygiderli öwrenmek (ykdysadyýet, psihologiýa, sosiologiýa, hukukşynaslyk, lingwistika, dil bilimleri, sungaty öwreniş we ş.m.). Olar bilimleriň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *möçberini giňeltmäge we peýdalanmagyň täsirliligini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir* |
| **MC (kiçi seksiýa): 73-75** | | | | **BEÝLEKI HÜNÄR, YLMY WE TEHNIKI IŞLER** |
| **73** | | | | **Mahabat işleri we bazary öwrenmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *mahabat kompaniýalaryny düzmek we mahabat işlerini geçirmek, köpçülik habar beriş serişdeleriniň üsti bilen mahabaty ýaýratmak (gazetleriň, žurnallaryň, teleýaýlymyň, radionyň), mahabat kompaniýalaryny geçirmegiň konsepsaiýasyny işläp düzmek.* |
| | 73.1 | | | Mahabat işleri |
| | | 73.11 | 73.11.00 | Mahabat agentliginiň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- mahabat kompaniýalaryny düzmek we mahabat işlerini geçirmek:*<br>*• gazetlerde we beýleki döwürleýin neşirler çap etmelerde, radioda, teleýaýlymlarda, Internetde we beýleki HBS wagty we ýeri satyn almak ýoly bilen*<br>*• mahabatlary düzmek we ýerleşdirmek, meselem, afişa sütünlerinde, mahabat şitlerinde, bildirişler we afişalar üçin diwarlarda, witrinalarda, demonstrasiýa zallarynda, awtoulaglarda we awtobuslarda we ş.m.*<br>*• howa mahabatyny geçirmek*<br>*• mahabat materiallaryny we nusgalaryny ýaýratmak we eltip görkezmek*<br>*• mahabat üçin ýer taýýarlamak*<br>*- sarp edijileriň ünsüni çekmek üçin mahabat aksiýalaryny geçirmek, şol sanda:*<br>*• söwdany giňeltmek (agentleriň we araçyllaryň önümleri görkezmegi)*<br>*• satyş bölümlerinde marketing*<br>*• alyjylara maslahat bermek*<br>*• poçta üsti bilen iberilen mahabat bildirişleri.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *mahabat materiallaryny çaphana ýerine ýetirmeler (58.19 seret); kino üçin, radio we teleýaýlym üçin mahabat habarlaryny taýýarlamak (59.20, 59.11 seret); bazar şertlerini öwrenmek (73.20 seret); mahabat üçin surata düşürmek (74.20 seret); ýany bilen gitmek hyzmaty (82.19 seret); professional salonlary guramak (82.30 seret)* |
| | | 73.12 | 73.12.00 | Mahabat hyzmatyny ýerine ýerirmekde HBS-niň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dürli göşrnüşli köpçülikleýin habar beriş serişdelerinden mahabat üçin ýerleri satyn almak we alyp satmak boýunça HBS-niň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *mahabat üçin ýeri we wagty ýeriň eýeleriniň özüniň satmagy (degişli klasa girýär); jemgyýetçilik bilen aragatnaşyk boýunça iş (70.21 seret)* |
| | 73.2 | | | Bazar şertlerini we jemgyýetçilik pikirini öwrenmek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 73.20 | 73.20.00 | Bazar şertlerini we jemgyýetçilik pikirini öwrenmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bazar şertlerini onuň öňe gitmeginiň potensial mümkinçiligini öwrenmek we gowy mälim bolan giňden tanyş ýa-da täze alyjylara harytlary hödürlemek hyzmaty öwrenmek; alyjylaryň ukyplaryny, halkyň täze haryda bolan islegini öwrenmek we harytlary ýerleşdirmek maksady bilen, şol sanda mahabat serişdelerini mahabat agentleriniň üsti bilen ýaýratmak; şeýle barlaglaryň netijesini statistiki seljermek; syýasy, ykdysady, durmuşa degişli soraglar bilen halkyň pikirini öwrenmek we onuň netijesini statistiki seljermek* |
| | | | 73.20.10 | Bazar şertlerini öwrenmek |
| | | | 73.20.20 | Jemgyýetçilik pikirini öwrenmek |
| **74** | | | | **Beýleki hünär, ylmy we tehniki işler**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *ýöriteleşdirilen ylmy we tehniki hyzmatlaty etmek (ýuridiki, buhgalter hyzmaty,binagärcilik we inženerçilik boýunça hyzmatlar, gözegçilik we tehniki synaglar, ylym we mahabat hyzmatlaryny dolandyrmakdan başga)* |
| | 74.1 | | | Ýöriteleşdirilen dizaýn işleri |
| | | 74.10 | 74.10.00 | Ýöriteleşdirilen dizaýn işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dokma önümleriniň, egin-eşikleriň, aýakgaplaryň, zergärçilik önümleriň, mebelleriň, beýleki interýer zatlarynyň, ýörgünli harytlaryň, şeýle hem şahsy we hojalykda ulanylýan beýleki harytlaryň modellerini düzmek; senagat dizaýni, ýagny harydyň bahasyny we daşky görnüşini artdyrýan we hereketini optimallaşdyrýan taslamalary we spesifikasiýalary taýýarlamak we işläp düzmek, şol sanda, materiallary saýlamak, mehanizmleri, gurluşlary, görnüşleri, reňkleri,we önümiň üstki bezeglerini, adam faktoryny göz öňüne tutup ulanmagy, ýeňil, gelşikli, özüne çekiji, howpsuz harytlary öwrenmek; grafika ugry boýunça dizaýn işleri; jaýyň içki bezegi (interýer bezegi)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *Web- sahypasyny işläp taýýarlamak (62.01 seret); binagärçilik dizaýni (71.11 seret); inženerlik (71.12 seret)* |
| | 74.2 | | | Surata düşürmek boýunça iş |
| | | 74.20 | 74.20.00 | Surata düşürmek boýunça iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- täjirçilik maksady bilen ýa-da şahsy müşderiler üçin surata düşürmek:*<br>*• portret üçin, resminamalar üçin, mekdep üçin, toý suratlaryny we ş.m.*<br>*• mahabat üçin, çap edilýän önümler üçin,moda žurnaly üçin, gozgalmaýan emläk bilen baglanyşykly amallar üçin, syýahatçylyk maksatlary üçin suratlary taýýarlamak*<br>*• aerofotosurat (aerofotosurat almak)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *- fotoplýonkalary işläp taýýarlamak:*<br>*• müşderiler tarapyndan düşürilen negatiwdäki ýa-da plýonkadaky suratlary çykarmak, ulaltmak, köpeltmak*<br>*• fotolaborotoriýalarda suratlary çykarmak, ulaltmak, köpeltmek*<br>*• fotoussahanalarynda gyssagly suratlary taýýarlamak (foto we kino apparatlary satylýan dükanyň bölegi bolmadyk)*<br>*• diapozitiwleri çarçuwalara salmak*<br>*• suratlary täzeden düşürmek, gaýtadan dikeltmek we retuş etmek*<br>*- fotožurnalistleriň işi.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** teleýaýlym we kino bilen baglanyşykly kinoplýonkalary işläp taýýarlamak (59.12 seret); karta düzmek işi (71.12 seret); fotoawtomatlary ulanmak (96.09 seret)* |
| | | | 74.20.10 | Aerosuratadüşüriş işleri |
| | 74.3 | | | Ýazmaça we dilden terjime etmek |
| | | 74.30 | 74.30.00 | Ýazmaça we dilden terjime etmek |
| | 74.9 | | | Beýleki toparlara goşulmadyk beýleki hünär, ylmy we tehniki işler |
| | | 74.90 | 74.90.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk beýleki hünär, ylmy we tehniki işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** dellallçylyk amallary, ýagny ýörüte tejribäni goşmak bilen ownuk ýa-da orta täjirçilik kärhanalaryň satyn alyş we satyş guramalary; bahalar boýunça iş (gozgalmaýan emläk ýa-da ätiýaçlandyrma bilen bagly bahalardan başga), meselem, antikwariýat, zergär şaý-sepleriniň bahalary boýunça; patentleri almaklygy we satmaklygy gurnamak; hasaplary barlamak we ulaglara tarifleri barada maglumat bermek; howa maglumatyny düzmek; howpsuzlyk üpjünçiliginiň meseleleri barada maslahat bermek; agronomiýa çygry, daşky gurşaw boýunça maslahat bermek; dürli ugrlar boýunça (binagärçilik, inženerlik, menejer işleri boýunça maslahat bermekden başga); gaýry tehniki işler boýunça maslahat bermek; hünärmenleriň (inspektorlaryň) san taýdan (bahalar) derňewleri boýunça işi*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** köplenç kinofilmlere,teatr oýunlaryna hem-de beýleki tomaşalara we sport çärelerine gatnaşmaga şertnama baglaşmak bilen bagly we aýratyn şahsyýetler tarapyndan ýerine ýetirilýän agentleriň we agentlikleriň işi,şeýle hem kitaplary, pýesalary, şekillendirş sungatynyň zatlaryny,suratlary we ş.m.neşirýatylara, prodýuserlere we ş.m. teklip etmek bilen*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** auksionlarda saklanan awtoulaglaryň lomaý söwdasy (45.1 seret); auksionlarda* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *saklanan harytlaryň bölek söwdasy (47.79 seret); auksionlaryň bölek söwdasy (47.91, 47.99); gozgalmaýan emläk bilen geçirilýän amallar boýunça araçylaryň işi (68.31); buhgalterligi ýöretmek boýunça hyzmatlary bermek (69.20 seret); dolandyryş meseleleri boýunça maslahat bermek (70.22 seret); binagärlik we inženerlik çygry boýunça maslahat bermek (71.1 seret); senagat bezegi (71.12, 74.10 seret); azyk önümleriniň hilini weterinar barlag we seljeriş (71.20 seret); mahabat işi (73.11seret); hünär salonlaryny we kongreslerini geçirmegi guramak (82.30 seret); özygtyýarly baha kesijileriň işi (82.99 seret); müşderileri çekmegiň meýilnamasyny dolandyrmak (82.99 seret); alyjy karzynyň we bergisiniň meseleleri boýunça maslahat bermek (88.99 seret)* |
| **75** | | | | **Weterinariýa işleri** |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine alýar:*** *oba hojalyk we öý haýwanlarynyň saglyk ýagdaýyna gözegçilik etmek we bejermek bilen baglanyşykly işler. Bu işler ökde hünärli mal lukmanlary tarapyndan mal hassahanalarynda ýerine ýetirilýär, şeýle hem fermalara barlanda, it ýataklarynda, itler we beýleki haýwanlar üçin ýataklarda, şahsy iş ýerlerinde, operasion kabinetlerde geçirilýär.* |
| | | | | *Bu bölüme haýwanlara berilýän ambulatoriýa kömegi we tiz kömek işleri hem goşulan.* |
| | 75.0 | | | Weterinariýa işi |
| | | 75.00 | 75.00.00 | Weterinariýa işi |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *oba hojalyk haýwanlarynyň saglyk ýagdaýlarynyň gözegçiligi we bejergisi bilen baglanyşykly işler; öý haýwanlarynyň (ideg edilýän), balyklaryň, guşlaryň we arylaryň saglyk ýagdaýyna gözegçilik etmek we bejermek bilen baglanyşykly işler. Bu işler mal lukmanlary tarapyndan mal hassahanalarynda ýerine ýetirilýär, şeýle hem fermalara, aw itleriniň ýataklara we itler we beýleki haýwanlar saklanýan ýerlere barlanda, it ýataklarynda, itler we beýleki haýwanlar üçin ýataklarda, şahsy iş ýerlerinde, operasion kabinetlerde geçirilýär, maldarçylykda, guşçulyk bilen meşgullanýan hojalyklarda, et, süýt, önümlerini gaýtadan işleýän kärhanalarda, mal soýum meýdançalarynda geçirilýän dezinfeksion, dezinseksion we deratizasion hyzmatlary* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *haýwanlar üçin tiz tiz kömek işleri; weterinar lukmanlaryň kömekçileri we beýleki kömekçi işgärler; haýwanlarda kesel anyklaýyş çärelerini geçirmek; haýwanlara ambulatoriýa kömegini bermek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *weterinariýa hyzmatlaryny bermek üçin oba hojalyk haýwanlaryny saklamak üçin işi (01.62 seret); goýunlary gyrkmak (01.62 seret); emeli* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *tohumlandyrmak üçin (01.62 seret) işi; weterinariýa hyzmatlaryny bermezden öý haýwanlary (ideg edilýän haýwanlary) saklamak üçin işi (96.09 seret)* |
| **N (seksiýa): 77-82** | | | | **ADMINISTRATIW WE KÖMEKÇI IŞLER** |
| **77** | | | | **Kärende we lizing**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *wagtlaýyn bellenen töleglere maliýe gymmatlygy bolmadyk emläkleri buýrujylara kärendesine bermek 4 topara bölünýär:*<br>*1) awtoulag serişdelerini kärendesine bermek*<br>*2) durmuşda ulanylýan harytlary, sporta, dynç alşa degişli harytlary kireýine (kärendesine) bermek*<br>*3)maşynlary we enjamlary,esasan, täjirçilik maksatlary üçin kireýine we lizing bermek*<br>*4) intellektual emlägi we ş.m material önüm bolmadyk lizingler*<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *diňe amaly lizingi*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *maliýe lizingi (64.91 seret); gozgalmaýan emläk bilen bagly amallar (L seksiýa); enjamy operatorlary bilen bile kärendesine bermek (anyk enjamlar, meselem, gurluşyk F- seksiýa, transport H-seksiýa degişli toparlarda klassifisirlenýär).* |
| | 77.1 | | | Ýolagçy awtoulaglary we ýeňil awtofurgonlary lizinge we kärendesine bermek |
| | | 77.11 | 77.11.00 | Ýolagçy awtoulaglary we ýeňil awtofurgonlary lizinge we kärendesine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýolagçy we beýleki ýeňil awtoulaglary we ýeňil (agramy 3,5 t ýokary bolmadyk) sürüjisiz abtofurgonlary kärendesine we amaly lizinge bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtoulaglary we awtofurgonlary sürüjisi bilen kärendesine bermek (49.32, 49.39 seret)* |
| | | 77.12 | 77.12.00 | Beýleki awtoulaglary kärendesine we lizinge bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *kärende we amaly lizing: ýük awtoulaglaryny, tirkeg çekijileri,tirkegleri we ýarym tlrkegleri, awtofurgonlary (agramy 3,5 t ýokary bolan) sürüjisiz; sporta we dynç alşa degişli awtoulag serişdelerini kärendesine we amaly lizinge bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *awtoulag serişdelerini we ýük awtoulaglaryny sürüjisiz kärendesine we lizinge bermek (49.41 seret)* |
| | 77.2 | | | Durmuşda ýa-da sahsy ulanylýan önümleri we zatlary kireýine bermek<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *durmuşda ýa-da sahsy ulanylýan önümleri we zatlary gysga möhlete, aýratyn ýagdaýlarda uzak möhletleýin kireýine bermek* |
| | | 77.21 | 77.21.00 | Sport we dynç alyş üçin harytlary kireýine bermek |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sport we dynç alyş üçin, gezim edilýän gämileri, kanoýe we ýelkenli gaýyklary kireýine bermek; tigirleri kireýine bermek; şezlonglary we saýawanlary (plýažy hasaba alyp) kireýine bermek; beýleki sport harytlary; lyžalary kireýine bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gezim edilýän gämileri we ýelkenli gaýyklary operatorlary bilen bile kärendesine bermek (50.10, 50.30 seret); wideokassetalary we ş.m. kärendesine bermek (77.22 seret); öý hojalygy üçin beýleki harytlary kireýine bermek (77.29 seret); dynç alyş we göwün açyş seýilgählerinde enjamlary kireýine bermek (93.29 seret)* |
| | | 77.22 | 77.22.00 | Diskleri we wideokassetalary kireýine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *wideokassetalary, diskleri, CD, DVD we ş.m. kireýine bermek* |
| | | 77.29 | 77.29.00 | Beýleki durmuşda ulanylýan önümleri we şahsy zatlary kireýine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *edaralar, guramalar ýa-da öý hojalygy üçin başga harytlary: dokma önümlerini, geýimlerini, aýakgaplary kireýine bermek; mebelleri, keramika we aýna önümlerini aşhana we naharhana gap-gaçlaryny, elektrik enjamlaryny we beýleki hojalyk enjamlaryny kireýine bermek; altyn-kümüş önümlerini, saz gurallaryny, teatr bezeglerini we geýimlerini, kitaplary gazetleri we žurnallary kireýine bermek; boş wagtlary özbaşdak güýmenmek üçin maşynlary we enjamlary, şol sanda otaglary, öýleri abatlamak üçin gurallary kireýine bermek; gülleri we beýleki ösümlikleri, durmuşda ulanmaga niýetlenen elektron enjamlary kireýine bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýeňil awtoulaglary we awtofurgonlary, motosiklleri, ýaşaýyş awtofurgonlaryny we tirkeglerini sürüjisiz kärendesine bermek; (71.1 seret); sport we dynç alyş üçin harytlary kireýine bermek (77.21 seret); wideokassetalary kireýine bermek (77.22 seret); motosiklleri sürüjisiz kärendesine bermek (77.39 seret); ýuwulýan eşikleri, işçi eşikleri we şoňa meňzeş önümleri kireýine bermek (96.01 seret)* |
| | 77.3 | | | Başga maşynlary we enjamlary we başga zatlary kärendesine bermek |
| | | 77.31 | 77.31.00 | Oba hojalyk maşynlaryny we enjamlaryny kärendesine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *oba we tokaý hojalygy maşynlaryny we enjamlaryny sürüjisiz kärendesine bermek we amaly lizing; 28.30 klasdaky toparlara degişli oba hojalyk traktorlary ýaly enjamlary kärendesine bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oba hojalyk maşynlaryny we enjamlaryny sürüjisiz kärendesine bermek (01.61, 02.40* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *seret)* |
| | | 77.32 | 77.32.00 | Gurluşyk maşynlaryny we enjamlaryny kärendesine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gurluşyk maşynlaryny we enjamlaryny sürüjisiz kärendesine bermek we amaly lizing; gurnalmadyk we sökülmedik gurluşyk agaç önümlerini we podmostlary kärendesine bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gurluşyk maşynlaryny we enjamlaryny sürüjili kärendesine bermek (43 seret)* |
| | | 77.33 | 77.33.00 | Hasaplaýyş tehnikalaryny goşmak bilen, ofis maşynlaryny we enjamlaryny kärendesine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ofis maşynlaryny we enjamlaryny, hasaplaýyş tehnikalaryny hasaba alyp, operatorsyz: hasasplaýyş enjamlaryny we enjamlaryny, nusgasyny alyp köpeldýän maşynlary, ýazylýan maşynlary we tekstleri täzeden işlemek üçin maşynlary kärendesine bermek we amaly lizing; buhgalterçilik hasaby üçin maşynlary we enjamlary (kassa apparatlaryny, elektron kalkulýatorlary we ş.m.) kärendesine bermek; ofis mebellerini kärendesine bermek* |
| | | 77.34 | 77.34.00 | Suw ulag serişdelerini we enjamlaryny kärendesine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *suw ulag serişdelerini we enjamlaryny, söwda gämilerini we beýleki gämileri ekipažsyz kärendesine bermek we amaly lizing*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *suw ulag serişdelerini we enjamlaryny ekipažy bilen kärendesine bermek (50 seret); gezim edilýän katerleri kireýine bermek (77.21 seret)* |
| | | 77.35 | 77.35.00 | Howa ulag serişdelerini we enjamlaryny kärendesine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *howa ulag serişdelerini we enjamlaryny ekipažsyz kärendesine bermek we amaly lizing* |
| | | 77.39 | 77.39.00 | Başga toparlara goşulmadyk beýleki maşynlary we enjamlary kärendesine bermek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- kärhanalarda senagat enjamlary hökmünde ulanylýan maşynlary we enjamlary operatorsyz kärendä we lizinge bermek:*<br>*• maşynlary we turbinalary;*<br>*• stanoklary;*<br>*• dag-magdan we nebit önümçilik enjamlary;*<br>*• professional radio, teleýaýlym we aragatnaşyk enjamlary;*<br>*• gözegçilik-ölçeg enjamlary;*<br>*• ylma, söwda, senagata niýetlenen beýleki enjamlar*<br>*• gury ýer sürüjisiz ulag serişdeleri we enjamlary, awtoulaglardan başga;*<br>*• demir ýol wagonlary;*<br>*• motosikller, ýaşaýyş awtofurgonlary we tirkegleri we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ýük konteýnerlerini kärendesine bermek; ýüküň aşagyndan goýulýan enjamlary* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *(platformalary, poddonlary) kärendesine bermek; ýaşamaga ýa-da ofis üçin konteýneri kärendesine bermek; haýwanlary (meselem, çapylýan atlary) kärendesine bermek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tigirleri kärendesine bermek (77.21 seret); oba hojalyk maşynlary we enjamlary kärendesine bermek (77.31 seret); gurluşyk maşynlary we enjamlary kärendesine bermek (77.32 seret); ofis maşynlaryny we enjamlaryny hasaplaýyş tehnikasyny hasaba alyp, kärendesine bermek (77.33 seret)* |
| | 77.4 | | | Intellektual eýeçiligiň we şoňa meňzeş önümleriň lizingi, awtorlyk hukugy goralan önümden başga |
| | | 77.40 | 77.40.00 | Intellektual eýeçiligiň we şoňa meňzeş önümleriň lizingi, awtorlyk hukugy goralan önümden başga<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başga şahslara ulanmaga rugsat berýän intellektual eýeçilik we ş.m. önümler; eýeçilikdäki şeýle önümler üçin lisenziýa tölegi ýa-da öwezini doluş tölegi (meselem,tebigy resurslary işläp taýýarlan hukugy üçin töleg) tölenýär. Bu önümleriň lizinginiň dürli gornüşleri kabul etmegi mümkin: nusgasyny almaga rugsat, işiň gidişinde (önümçilikde) peýdalanmak (meselem, täze usullarda), kärhanalarda françaýzing çäginde ulanmak we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- intellektual eýeçilik lizingi (awtorlyk hukugy bilen goralan önümlerden başga, kitaplar, filmler we programma üpjünçiligi)*<br>*- ulanmaga hukugy üçin öwezini doluş ýa-da ygtyýarnama töleglerini almak:*<br>*• patentlenen işläp taýýarlamalar, täze usullar we beýleki intellektual eýeçilikler;*<br>*• söwda markalary;*<br>*• firma belgileri (brendler);*<br>*• gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň barlaglary we magdan gorlaryna baha bermegiň netijeleri;*<br>*• françaýzing şertnamasy (ylalaşygy).*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *neşir etmäge hukuk almak (58, 59 seret); awtorlyk hukugy bilen goralan önümleriň nusgasyny almak, ýaýratmak (kitaplary, kinolary, programma üpjünçiligini) çykarmak (58, 59 seret); gozgalmaýan emlägi käredesine bermek (68.20 seret); maddy önümleri (emlägi) kärendesine we lizinge bermek (77.1, 77.2, 77.3 seret)* |
| **78** | | | | **Iş bilen üpjünçilik çygryndaky işler**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *işgäri gözlemek, dalaşgärleri saýlamak we iş ýerlerine ýollamak; işe ýerleşmek isleýän dalaşgärleri saýlamak, olar bilen söhbetdeşlik geçirmek, kärhanalary potrat esasynda hakyna tutma işçi güýji bilen* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *üpjün etmek, esasan wagtlaýyn işi ýerine ýetirmek üçin we işçi güýji bilen üpjünçilige meňzeş beýleki hyzmatlar. Şeýle hem agentlikleriň (iş bilen üpjünçilik gulluklary) işgärleri hakyna tutmak boýunça işi hem goşulan (şol sanda saýlamak boýunça).* <br> ***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *teatr agentleriniň we agentliginiň işi, şahsy artistler tarapyndan amala aşyrylýan (74.90 seret).* |
| | 78.1 | | | Işe ýerleşdirmek boýunça agentlikleriň işi |
| | | 78.10 | 78.10.00 | Işe ýerleşdirmek boýunça agentlikleriň işi <br> ***Bu klas öz içine alýar:*** *boş duran wezipeleriň sanawyny düzmek we iş gözleýänleri işe ýollamak (ýerleşdirmek)* <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *işgärleri gözlemek, dalaşgärleri saýlamak we iş ýerlere ýerleşdirmek; işe durmak isleýän dalaşgärleri saýlamak we olar bilen söhbetdeşlik geçirmek; agentlikleriň (iş bilen üpjünçilik gulluklaryň) we saýlamak boýunça byurolaryň işi, şol sanda wezipeleri paýlamak; işgärleri daşary ýurtlarda işe ýerleşdirmek* <br> ***Bu klas öz içine almaýar:*** *impresario işi we şoňa meňzeş işler (74.90 seret)* |
| | | | 78.10.10 | Işgärleri saýlamak we iş bilen üpjün etmek boýunça agentlikleriň işi |
| | | | 78.10.20 | Işgärleri daşary ýurtlarda işe ýerleşdirmek boýunça agentlikleriň işi |
| | 78.2 | | | Wagtlaýyn işçi güýji bilen üpjün etmek |
| | | 78.20 | 78.20.00 | Wagtlaýyn işçi güýji bilen üpjün etmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar****: kärhanalary potratçylyk esasynda wagtlaýyn işleri ýerine ýetirmek üçin hakyna tutma işçi güýji bilen üpjün etmek. Şol agentlikler olara ýerine ýetirilen iş üçin sylag berýärler* |
| | 78.3 | | | Beýleki zähmet resurslary (işgärler) bilen üpjün etmek boýunça iş |
| | | 78.30 | 78.30.00 | Beýleki zähmet resurslary (işgärler) bilen üpjün etmek boýunça iş <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *uzak wagtlyk ýa-da hemişelik zähmet resursy bilen buýrujyny üpjün etmek. Potensial iş bilen üpjün edýän adam ýa-da potensial işçilere ýerine ýetirilmeli işiň ýagdaýyny düşündirmek (meselem, wezipe gözükdirijisini düzmek), hödürnama seretmek we ş.m. hyzmatlar edilýär. Ýokary hünärli işgärlere iş gözlemek (iş bilen üpjün edýän agentleriň işi)* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kärhanalarda (degişli toparlarda klassifisirlenýär) zähmet resurslaryny (işgärleri) dolandyrýan iş: wagtlaýyn işçi güýji bilen üpjün etmek işi (78.20 seret)* |
| **79** | | | | **Syýahatçylyk agentliginiň, syýahaty alyp baryjylaryň** |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | **işleri, ýer bronlamak we syýahatçylyk ulgamynda gaýry işler**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *syýahatçylyk agentliginiň, syýahaty alyp baryjylaryň, ulag we ýaşaýşy üpjün etmek bilen, toparlara we şahsy syýahatçylara syýahatçylygy guramak we petekleri satmak boýunça işi, şol sanda hem hususy sektorlarda.*<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *syýahat ugurlaryny meýilleşdirmek we maslahat bermek, öňden meýilleşdirilen syýahatyň syýahat petegini öňünden satmak, şeýle hem syýahat guramaçylarynyň we ýolbeletleriň işi.*<br>***Bu bölüm şeýle-de öz içine alýar:*** *myhmanhanalardan, ulaglardan ýer bronlamak, medeni-köpçülik we srort çärelerine, göwün açyjy programmalara öňünden petek almak işleri.* |
| | 79.1 | | | Syýahatçylyk agentliginiň, syýahaty alyp baryjylaryň işleri |
| | | 79.11 | 79.11.00 | Syýahatçylyk agentliginiň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lomaý we bölekleýin (şahsy adamlara we toparlara) guralan syýahatçylyk, gezelenç gidişligine peteklerini satmak, ulag üpjünçiligini we ýaşaýşy, şol sanda hususy sektorlarda guramak işi* |
| | | 79.12 | 79.12.00 | Syýahaty alyp baryjylaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *syýahaty alyp baryjylaryň meýilnama düzmek we guramak boýunça (gezelenje, syýahata gidişlik) işi. Guramaçylykly syýahatçylyk ulag, ýaşamaga ýer we iýmit bilen üpjün edilýär; taryhy ýerlere, muzeýlere, çykyşlara gitmek guralýar*<br>*Bu syýahatçylyk hyzmatlary syýahaty alyp baryjylar ýa-da araçylar, ýagny syýahatçylyk agentlikleri tarapyndan gös-göni satylýar* |
| | 79.9 | | | Syýahatçylyk işlerinde bronlamak we beýleki işler |
| | | 79.90 | 79.90.00 | Syýahatçylyk çygrynda bronlamak we beýleki işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *jemgyýetçilik we şahsy ulaglardan, myhmanhanalardan, restoranlardan, medeni-köpçülik we sport we çärelerden we ş.m. ýerleri bronlamak işi. "Taým-şera" hyzmat çalşygy, medeni- köpçilik, sport we göwün açyjy çykyşlara petekleri üpjün etmek; syýahatçylyk hyzmatyny peýdalanyjylara kömek hereketi (syýahatçylyk, jahankeşdelik baradaky doly maglumaty ýetirmek, şol sanda şahsy syýahatçylyk ugruny düzmäge maslahat bermek we ş.m; gidleriň we ýany bilen gidýänler); syýahatçylyk mahabat işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *syýahatçylyk gullugynyň we jahankeşdelik býurosynyň işi (79.11, 79.12 seret); kongres, maslahat, ýygnak we ş.m. çäreleri guramak we geçirmek (82.30 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| **80** | | | | **Derňew işlerini geçirmek we howpsuzlygy üpjün etmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *howpsuzlygy üpjün etmek, şol sanda penakärleriň we garawullaryň gymmatlyklar daşalýan döwründe olary goramak üçin ýörite taýýarlanan işgäriň kömegi bilen pul we beýleki gymmatlyklary ýygnamak we tabşyrmak boýunça işi. Ogurlyga garşy we ýangyna garşy enjamlary gurnamak, olara hyzmat etmek, ol enjamlary elektron ulgamynyň üsti bilen uzak aralykdan dolandyrmak arkaly gözegçilik işini guramak. Howpsuzlygy üpjün etmek üçin ýörite armirlenen otaglar taýýarlamak, olara mehaniki we elektron gurluşly, blokirleýji demir gapylary oturtmak.* |
| | 80.1 | | | Şahsy goragçylaryň işi we hususy goragçylyk býurosy |
| | | 80.10 | 80.10.00 | Şahsy goragçylaryň işi we hususy goragçylyk býurosy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *garawullaryň we penakärleriň işi; daşalýan döwründe gymmatlyklary goramak üçin taýýarlanan ýörite işgäriň kömegi bilen pul we beýleki gymmatlyklary ýygnamak we eltip bermek boýunça işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bronlanan ulaglarda ýanynda gitmek bilen gymmatlyklary daşamak; penakärleriň işi; ýalany biliji guraly ulanmak; daktiloskopiýa geçirmek; garawullaryň, sakçylaryň, wahtýorlaryň, garawul gulluklarynyň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *jemgyýetçilik düzgünini we howpsuzlugyny üpjün etmek (84.24 seret)* |
| | 80.2 | | | Howpsuzlyk ulgamynyň hereketde bolmagyny üpjün etmek |
| | | 80.20 | 80.20.00 | Howpsuzlyk ulgamynyň hereketde bolmagyny üpjün etmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *elektron howpsuzlyk ulgamynyň üsti bilen gözegçilik etmek we ony uzak aralykdan dolandyrmak, şol sanda ogurlyga garşy we ýangyna garşy enjamlary gurnamak, olara hyzmat etmek, ol enjamlary elektron ulgamynyň üsti bilen uzak aralykdan dolandyrmak arkaly gözegçilik işini guramak. Howpsuzlygy üpjün etmek üçin ýörite armirlenen otaglar taýýarlamak, olara mehaniki we elektron gurluşly, blokirleýji demir gapylary oturtmak. Bu hyzmatlary ýerine ýetirýän kärhanalaryň ol enjamlary satmagy hem mümkin*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *signal ulgamyny gurnamak (43.21 seret); signallaşdyrma ulgamyny we ogurlyga garşy serişdeleri satmak (47.59 seret); howpsuzlygy üpjün etmek boýunça maslahat bermek (74.90 seret); jemgyýetçilik tertibini we howpsuzlygy üpjün etmek (84.24 seret); açarlaryň nusgasy bilen üpjün etmek (95.29 seret)* |
| | 80.3 | | | Derňew geçirmek |
| | | 80.30 | 80.30.00 | Derňew geçirmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *derňew geçirmek; şahsy detektiwiň müşderiniň meselesine, derňewiň maksadyna bagly bolmadyk işi* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| 81 | | | | **Binalara hyzmat etmek we landşafty üýtgetmek boýunça işler**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *binalaryň ulanylyşy boýunça iş, şol sanda binanyň jaýlaryny saklamak we zerur bolanda toplumlaýyn hyzmat etmek, binanyň içki jaýlarynyň ähli görnüşlerini arassalamak kömek, goltgy bermek; eýwanlary, howdanlary, pyýada ýorelýän, peç turbalaryny arassalamak, kaminleri, plitalary, peçleri, galyngy ýakylýan ýerleri, boýlerleri, wentilýasiýa şahtalaryny,howany sorup çykarýan wentilýatorlary, senagat enjamlaryny arassalamak, suwa düşülýän howdanlary arassalamak we hyzmat etmek, otlularyň içini arassalamak, awtobuslary arassalamak, uçarlary arassalamak we ş.m.; sisternalary we tankerleri arassalamak; binalarda, gämilerde, otlularda dezinfeksiýa, dezinseksiýa we deratizasiýa işlerini geçirmek, çüýşeleri arassalamak; düşelen köçeleri buzdan, gardan arassalamak, süpürmek; landşafty üýtgetmek boýunça we meýdanlary gerekli ýagdaýda saklamaga ýollary we ş.m. desgalary meýilnama laýyklykda gurmak hyzmaty* |
| | 81.1 | | | Kömekçi-tehniki gullugyň toplumlaýyn işi |
| | | 81.10 | 81.10.00 | Kömekçi-tehniki gullugyň toplumlaýyn işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binanyň jaýlaryny saklamak we zerur bolanda toplumlaýyn hyzmat etmek. Bu hyzmatlar jemläp alanyňda şeýle işleri amala aşyrýar: umumy jaýlaryň içki ýygnaşdyrmalary, hapalary dökmek, güllere, ösümliklere seretmek, ýyladyş ulgamyna we wentilýasiýa ulgamyna gözegçilik etmek, içki jaýlarda jemgyýetçilik tertibini*<br>*myhmanlary kabul etmegi we garşylamagy guramak, saklamak, poçta ibermelerini paýlamak, ýany bilen gitmek, ugratmak, myhmanlary kabul etmegi we garşylamagy ("resepşen"), kir ýuwmak, arassalamak; geýim asylýan ýerleri we ş.m. ýerleri arassalamak ýaly kömekçi-tehniki gullugyň işgärleriniň etmeli işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hyzmatyň diňe bir görnüşini ýa-da ýygnaşdyrmak işini etmek (degişli klaslarda klasifisirlenýär); hasaplaýyş maşynlarynyň peýdalanylyşy we olary dolandyrmak (62.03 seret); düzediş guramalaryny sylag almak islegi bilen ýa-da şertnama esasynda dolandyrmak (84.23 seret); liftleriň, restoranlaryň, şahtalaryň, hassahanalaryň we ş.m. eksplupatasiýasy (degişli klaslarda klasifisirlenýär)* |
| | 81.2 | | | Ýygnaşdyrmak boýunça iş<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *binalaryň ähli görnüşinde içki jaýlary ýygnaşdyrmak işi, binalaryň ähli görnüşinde daşky jaýlary ýygnaşdyrmak, peç turbalaryny arassalamak, kaminleri, plitalary, peçleri, galyngy ýakylýan ýerleri,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *boýlerleri, wentilýasiýa şahtalaryny, howany sorup çykarýan wentilýatorlary, senagat enjamlaryny arassalamak, suwa düşülýän howdanlary arassalamak we hyzmat etmek, otlularyň içini arassalamak, awtobuslary arassalamak, uçarlary arassalamak we ş.m.; sisternalary we tankerleri arassalamak; binalarda, gämilerde, otlularda dezinfeksiýa, dezinseksiýa we deratizasiýa işlerini geçirmek, çüýşeleri arassalamak; düşelen köçeleri buzdan, gardan arassalamak, süpürmek*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** *awtoulaglary ýuwmak we arassalamak (45.20 seret); oba hojalygyna zyýan berýän zyýankeşlerden goramak (01.61 seret); gurlup gutarylandan soňraky ýygnaşdyrmalar (43.39 seret); halylary, tutulary arassalamak (96.01 seret)* |
| | | 81.21 | 81.21.00 | Binalaryň ähli görnüşinde umumy ýygnaşdyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binalaryň ähli görnüşinde umumy (ýöriteleşdirilmedik) ýygnaşdyrmak, şol sanda ofislerde, fabriklerde, zawodlarda,dükanlarda, institutlarda we beýleki söwda we professional guramalarda we köpotagly öýlerde aýnalary we eýwanlary ýuwmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ýöriteleşdirilen ýygnaşdyrmalar (81.22 seret)* |
| | | 81.22 | 81.22.00 | Beýleki binalary (ýöriteleşdirilen) ýygnamak we senagat enjamlaryny arassalamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *binalaryň ähli görnüşinde daşky ýygnaşdyrmak işi, şol sanda ofislerde, fabriklerde, zawodlarda,dükanlarda, institutlarda we beýleki söwda we professional guramalarda; ýöriteleşdirilen ýygnaşdyrmak, aýnalary we howdanlary ýuwmak, peç turbalaryny arassalamak, kaminleri, plitalary, peçleri, galyngy ýakylýan ýerleri, boýlerleri,wentilýasiýa şahtalaryny,howany sorup çykarýan wentilýatorlary, senagat enjamlaryny arassalamak, ýuwmak; beýleki toparlara goşulmadyk binalary gaýry ýygnaşdyrmalar, şol sanda senagat enjamlaryny arassalamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *binalaryň fasadlaryny bug pürküji, çäge pürküji enjamlar arkaly we beýleki arassalamak işlerini geçirmek: (43.99 seret)* |
| | | | 81.22.10 | Ýangyn howply galyndylardan we tozanlardan arassalamak (suw howuzlary, tehniki kameralary, filtrleri, tutujylar, ot saklaýjy gurluşlary, şahtalary, howaçalşyjylary we wentilýatorlary) |
| | | | 81.22.90 | Beýleki binalary (ýöriteleşdirilen) ýygnamak we senagat enjamlaryny arassalamak |
| | | 81.29 | 81.29.00 | Ýygnaşdyrmak boýunça beýleki işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *suwa düşülýän howdanlary arassalamak we hyzmat etmek; otlularyň içini arassalamak, awtobuslary arassalamak, uçarlary arassalamak we ş.m.;* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *sisternalary we tankerleri arassalamak; binalarda, gämilerde, otlularda dezinfeksiýa, dezinseksiýa we deratizasiýa işlerini geçirmek, çüýşeleri arassalamak; düşelen köçeleri buzdan, gardan arassalamak, süpürmek; beýleki toparlara goşulmadyk binalary gaýry ýygnaşdyrmalary, şol sanda senagat enjamlaryny arassalamak* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *oba hojalygyna zyýan berýän zyýankeşlerden goramak (01.61 seret); awtoulaglary ýuwmak we arassalamak (45.20 seret)* |
| | | | 81.29.10 | Howuzlary arassalamak we abatlamak boýunça işler |
| | | | 81.29.20 | Otlulary, awtobuslary, uçarlary we ş.m arassalamak boýunça işler |
| | | | 81.29.30 | Awtomatsisternalaryň içgi böleklerini we tankerleri arassalamak boýunça işler |
| | | | 81.29.40 | Binalarda ( şol sanda binalaryň ähli görnüşinde olaryň daş-töweregini işläp geçmek), gämilerde, otlularda we ş.m. dezinfeksiýa, dezinseksiýa we deratizasiýa işlerini geçirmek |
| | | | 81.29.50 | Çüýşeleri arassalamak boýunça işler |
| | | | 81.29.60 | Düşelen köçeleri buzdan, gardan arassalamak, süpürmek boýunça işler |
| | | | 81.29.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry arassalamak işleri |
| | 81.3 | | | Landşaftlary üýtgetmek |
| | | 81.30 | 81.30.00 | Landşaftlary üýtgetmek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- seslerden, şemaldan, poslamadan, ýagtylykdan, hapalanmadan goramak üçin landşaftlary abadanlaşdyrmak we agaç nahallaryny oturtmak*<br>*- binalaryň töweregine agaç ekmek (üçeklere agaç oturtmak, fasad ösümlikleri, içki baglar)*<br>*- sport meýdançalaryna, oýun we dynç alyş zonalara (oýun geçirilýän meýdançalara, gün wannalaryny kabyl edilýan ýerlere, golf meýdançalaryna) agaç oturtmak we gök otlary düşemek*<br>*- suw çeşmeleriniň kenarlaryna gök otlary düşemek we agaç ekmek (suw howdanlaryna,batgalyklara, howuzlara, suwa düşülýan howdanlara, ganawlara,derýalara, suwaryş kanallaryna)*<br>*- awtoulag ýollaryna, demir ýollaryna we portlara gök otlary düşemek we agaç ekmek*<br>*- aşakdaky ýaly landşaftlary saklamak we gurmak:*<br>*• baglary we seýilgähleri;*<br>*• hususy we döwlet ýaşaýyş jaýlarynyň daş töweregini;*<br>*• jemgyýetçilik binalarynyň daş - töweregini (mekdepleriň, hassahanalaryň, dolandyryş edaralarynyň, metjitleriň we ş.m.);*<br>*• munisipal ýerleri (seýilgähleri, gök ot zolaklary,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gonamçylyklary we ş.m.);*<br>*• senagat we söwda edaralarynyň daş- töwereklerini.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** oba hojalyk üçin agaçlary we ösümlikleri oturtmak (01, 02 seret); nahalhanalaryň we şitilhanalaryň işi (01.30, 02.10 seret); oba hojalyk ýerlerini saklamak (01.61 seret); obýektleriň gurulmagy üçin daş töwereklerini abadanlaşdyrmak (seksiýasy F); binagärçilik ugry boýunça iş (71.11 seret)* |
| **82** | | | | **Täjirçiligi goldamaklyga gönükdirilen administratiw we gaýry goşmaça işler**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:** her günleýin kanselýar we tehniki hyzmatlar toparynyň ýerine ýetirilişi.*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** bu *hyzmatlary ýerine ýetirýän işgärleri işe ýygnamak (78 seret)* |
| | 82.1 | | | Biznesi goldamaklyga gönükdirilen dolandyryş we gaýry goşmaça işler<br>***Bu topar öz içine alýar:** kätip işi,"resepşn" (ýagny duşuşyklary gurnamak, müşderileri kabul etmek,maliýe meýilnamalaşdyrma, buhgalterçilik žurnallaryny ýöretmek; işgärler bilen baglanyşykly iş (ýagny* dolandyryş *işi, işgärler bölümi we gaýry işgärler gulluklary) we gaýry edaranyň işlemegi üçin goşmaça zerur bolan işler*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** bu *hyzmatlary ýerine ýetirýän işgärleri işe ýygnamak (78 seret)* |
| | | 82.11 | 82.11.00 | Edaralaryň we guramalaryň dolandyryş gulluklarynyň toplumlaýyn işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** kätip işi, "resepşn" (ýagny duşuşyklary gurnamak, müşderileri kabul etmek, maliýe meýilnamalaşdyrma, buhgalterçilik žurnallaryny ýöretmek; işgärler bilen baglanyşykly iş (ýagny* dolandyryş *işi, işgärler bölümi we gaýry işgärler gulluklary) we gaýry edaranyň işlemegi üçin goşmaça zerur bolan işler, hatlary işlemek we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** her bir *hyzmaty aýratynlykda ýerine ýetirmek (iş görnüşi boýunça klasifisirlenýär; işgärleri tapmak we işe almak boýunça iş (78 seret)* |
| | | 82.19 | 82.19.00 | Fotokopiýalama, resminamalary taýýarlama we gaýry ýörite goşmaça işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** fotokopiýalama, resminamalary taýýarlama we gaýry şuňa meňzeş işler. Bu ýerde resminamalary nusga almak kiçi göwrümlerde amala aşyrylýar*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** resminamalary taýýarlama; resminamalary, hatlary we gaýry resminamalary düzetmek we düzediş girizmek; ýazuw maşynkasynda işlemek; gaýry kätip işi, olardan nusgasyny almak, swetokopiýalma we şuňa meňzeş işler; bukjalara salgylary ýazmak, bukjalara ýerleşdirmek, hat-*petekleri *ugratmak, salgy sanawlaryny* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *düzmek we ş.m., mahabatlandyrma maglumatlary ugratmak* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *resminamalary we gaýry çaphana önümleri çap etmek (18.12 seret); tiraža we çap etmeklige taýýarlamak (18.13 seret); stenografist işi (82.99 seret); stenografiýa ugrunda ýöriteleşdirilen iş (82.99 seret)* |
| | 82.2 | | | Telefon maglumathana merkezleriniň işi |
| | | 82.20 | 82.20.00 | Telefon maglumathana merkezleriniň işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *telefon maglumathana merkezleriniň işi, şol sanda awtojogapberijiler arkaly jogaplar (kompýuteriň we telefonyň birleşmegi), şeýle-de müşderiler bilen gepleşikler, müşderileriň sargytlaryny ýerleşdirmek, habar beriji maglumatlary bermek, müşderileriň şikaýatlaryna seretmek; alyjylary çekmek, haryt we hyzmat satuw bazarlaryny öwrenmek üçin telefon maglumathana merkezlerini ulanmak; jemgyýetçilik pikirlerini bilmek üçin sorag geçirmek we dürli meseleler boýunça ses bermek, şuňa meňzeş "daşarky" işler maksady bilen telefon maglumathana merkezleriniň işi* |
| | 82.3 | | | Professional salonlary we kongresleri gurnamak işi |
| | | 82.30 | 82.30.00 | Professional salonlary we kongresleri gurnamak işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *söwda ýarmarkalaryny, kongresleri, konferensiýalary we ýygnaklary hem-de salonlary dolandyrmak, öňe sürmek we gurnamak işleri, bu hadysalaryň bolup geçýän ýeriniň binalaryny dolandyrmaklyk üçin işgär bermek bilen (ýa-da olarsyz)* |
| | 82.9 | | | Beýleki toparlara goşulmadyk biznesi goldamaklyga gönükdirilen işler **Bu topar öz içine alýar:** *hasaplar boýunça tölegleri ýygnamaklyk, şahsy tarapyň ýa-da firmanyň söwda tejribesine ýa-da maliýe ýagdaýyna esaslanyp, töleýiş ukybyna baha bermek işi we gaýry biznesi goldamaklyga gönükdirilen goşmaça işler* |
| | | 82.91 | 82.91.00 | Karz amallarynyň hasabyny ýoredýän býuro we töleg ýygnamaklyk işi bilen meşgullanýan agentlikler **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *hasaplar boýunça tölegleri ýygnamaklyk; şahsy tarapyň ýa-da firmanyň söwda tejribesine ýa-da maliýe ýagdaýyna esaslanyp, töleýiş ukybyna baha bermek işi* |
| | | 82.92 | 82.92.00 | Gaplama **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *şertnama esasynda ýa-da pul hakyna ýerine ýetirilýän gaplama işleri (olaryň awtomatlaşdyrylan ýa-da awtomatlaşdyrylmadykdygyna garamazdan); howa gaplaryny doldurmak; çüýşeleri we bankalary suwuk önümler bilen doldurmak, şol sanda içgiler we azyk önümleri; gaty harytlary blister gaplaryna, folga we ş.m. gaplamak; gaplary etiketkalaşdyrmak, olara nyşan goýmak we hat ýazmak; paketlere gaplamak we sowgatlary* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gaplamak; eti çekip gaplama; howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmek bilen lukmancylyk preparatlaryny gaplamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *mineral suwlary we beýleki alkogolsyz içgi önümlerini öndürmek (11.07 seret) ýük daşamak bilen baglanyşykly gaplamak işleri (52.29 seret)* |
| | | 82.99 | 82.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk biznesi goldamaklyga gönükdirilen gaýry işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *açyk we ýapyk ýygnaklarda stenografiýa ulgamynyň işi (şol sanda stenografistleriň işi); disklerden we magnit ýazgylardan şifr okama işleri; teleýaýlymda görkezilýän ýygnaklaryň we konferensiýalaryň subtitrlemesi; ştrih koduny ýazmak; şertnama esasynda ýa-da pul hakyna serişde ýygnama; emläge eýeçilik etmegi dikeltmek; garaşsyz baha kesijileriň işi; müşderileri çekmek programmalarynyň dolandyrylyşy; awtoduralgalarda žeton ýygnamak; pul hakyna ýa-da şertnama esasynda sürüjilik şahadatnamasyny bermek; beýleki toparlara goşulmadyk gaýry goşmaça işler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kinofilmleri, wideo we teleýaýlym programmalaryň soňky taýýarlanylyşy (59.12 seret); nusgasyny almak, swetokopiýalamak (82.19 seret)* |
| | | | 82.99.10 | Garaşsyz baha kesijileriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gozgalýan emläge (puldan we gymmatly kagyzlardan başga) baha kesmek, intellektual eýeçilikdäki obýektleriň we maddy däl serişdeleriň gymmatyna baha kesmek; emläk toplumy hökmündäki kärhana baha kesmek.* |
| **O (seksiýa): 84** | | | | **DÖWLET DOLANDYRYŞY WE GORANMAK; HÖKMANY DURMUŞ ÜPJÜNÇILIK** |
| **84** | | | | **Döwlet dolandyryşy we goranmak; hökmany durmuş üpjünçilik**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *döwleti dolandyrmak pudagynda işler.Institusianal gurama statusy anyklaýjy bolup durmaýar. Merkezi derejeden ýerli derejä çenli hökümet edaralarynyň işleri.*<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *goranmak işi, jemgyýetçilik tertibini we howpsuzlygy üpjün etmek, adalatlyk we ýustisiýa ulgamynda halkara işleri; umumy häsiýetli döwleti dolandyrmak (merkezi, sebitleýin we ýerli hökümet edaralarynyň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we maliýe işleri), ykdysady işleriň netijeli işlemekligi üçin goldaw we sazlama; hökmany durmuş taýdan üpjünçiik*<br>*Bu bölümde döwletiň ähli dolandyryş guramalary klassifisirlenmeýär. Meselem, bilim guramalarynyň işleri P bölüme goşulýar, harby hassahanalaryň işi Q seksiýasyna goşulandyr.* |
| | 84.1 | | | Umumy häsiýetli döwleti dolandyrmak işi; ykdysady – |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | durmuş taýdan dolandyrma<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *döwleti dolandyrmagyň ähli derejelerinde umumy häsiýetli döwleti dolandyrmak işi (ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy, maliýe-administratiw we gaýry işler), şeýle-de durmuş-ykdysady ulgamda döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek* |
| | | 84.11 | 84.11.00 | Umumy häsiýetli döwleti dolandyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- merkezi, sebitleýin we ýerli hökümet edaralarynyň ýerine ýetiriji we kanun çykaryjy işleri*<br>*- salgyt ulgamyna gözegçilik we dolandyryş:*<br>*• salgyt salmak ulgamyny dolandyrmak;*<br>*• salgyt kanunlary bozulan halatynda derňew we harytlara salgyt salmak we paç ýygnamak;*<br>*• gümrügi dolandyrmak*<br>*- býujeti ýerine ýetirmek we döwlet gaznalaryny we bergileri dolandyrmak: salgyt ýygnamak we maliýe serişdelerini kabul etmek, olaryň harçlanmagyna gözegçilik etmek*<br>*- durmuş-ykdysady meýilleşdirme gulluklaryny, kadr, statistiki we sosiologiki gulluklary döwlet dolandyryşyň dürli derejelerinde dolandyrmak we olaryň işlemekligini üpjün etmek*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gozgalmaýan emlägi dolandyrmak (68.2, 68.3 seret); durmuş maksatnamalary dolandyrmak (84.12 seret); ykdysady işleriň netijeli işlemekligini üpjün etmek üçin goldaw we sazlamak (84.13 seret); gorag işi (84.22 seret); döwlet arhiwleriniň işi (91.01 seret)* |
| | | 84.12 | 84.12.00 | Durmuş maksatnamalary dolandyrmak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *adamlaryň maddy hal-ýagdaýlaryny ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatnamalarynyň döwlet dolandyrmasy: saglygy goramak, bilim, medeniýet, sport, dynç alyş, daşky gurşawy goramak, ýaşaýyş jaý gurluşygy, durmuş hyzmatlaryny etmek we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *galyndylary täzeden işäp taýýarlamak (37, 38, 39 seret); hökmany durmuş ätiýaçlandyrmak ulgamy (84.30 seret); bilim ulgamy (P seksiýa); saglygy goraýyş ulgamy (86 seret); döwlet kitaphanalary we arhiwleri, muzeýler we gaýry medeniýet guramalary (91 seret); sport we gaýry dynç alşy we göwün açmaklygy gurnamak işi (93 seret)* |
| | | 84.13 | 84.13.00 | Ykdysady işleriň netijeli işlemekleri üçin goldaw we sazlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ykdysadyýetiň dürli çygyrlarynda döwlet dolandyryşy we düzgünleşdirmek işi (oba hojalygy,ýerden peýdalanmak, ýangyn-energetiki we mineral gorlar, ulag, aragatnaşyk, myhmanhanalar we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *syýahatçylyk, lomaý we bölekleýin söwda); durmuş-ykdysady ösüşiň köpugurly taslamalaryny dolandyrmak; iş güýçleriniň iş bilen üpjünçilgi bilen baglanyşykly umumy soraglary dolandyrmak; sebit ösüşleri bilen baglanyşykly syýasy çäreleri durmuşa geçirmek, şol sanda işsizligi azaltmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ylmy-barlag işleri (72 seret)* |
| | | 84.14 | 84.14.00 | Hojalyk dolandyryş guramalary<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *jemgyýetiň islegini kanagatlandyrmak we girdeji almak maksady bilen önümi öndürmek, harytlary ýerlemek, işleri ýerine ýetirmek we hyzmatlary etmek üçin döredilen ykdysady işiniň özbaşdak subýektlerini öz içine alýan bitewi önümçilik-hojalyk toplumyny döredýän önümçilik birleşikleriň (konsern, korporasiýa, birleşik, trest, dolandyryş edarasy we ş.m-ler) dürli görnüşlerini; önümçilik-hojalyk (önümçilik funksiýasyz) işini dolandyrmak* |
| | 84.2 | | | Umumy jemgyýete döwlet tarapyndan edilýän hyzmatlar<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *halkara, gorag, kanuna laýyklykda jemgyýetçilik tertibini we goragyny üpjün etmek* |
| | | 84.21 | 84.21.00 | Halkara işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *daşary işler ministrliginiň daşary ýurtlarda ýa-da halkara guramalaryň müdiriýetinde ýerleşýän diplomatik we konsul wekillikleriniň dolandyrmasy we işlemeklerini üpjün etmek. Ýerine ýetirýän işleri döwlet çäklerinden geçýän maglumat we medeni gulluklarynyň dolandyrmasy, işlemeklerini upjün etmek we goldamak; gönüden-göni ýa-da halkara guramalaryň üsti bilen daşary ýurt döwletlerine kömek etmek; daşary ýurt döwletlerine harby kömek bermek; daşary söwda, halkara maliýe işleri we halkara tehniki hyzmatdaşlygy dolandyrmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *adatdan daşary ýagdaýlarda halkara kömegini bermek (88.99 seret)* |
| | | 84.22 | 84.22.00 | Goranmak işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- goranmak meselelerini we gury ýer, deňiz, howa we kosmiki ýaragly güýçleri dolandyrmak (gözeçilik etmek we düzgünleşdirmek):*<br>*• gury ýer güýçleriniň, deňiz flotunyň we harby-howa güýçleriniň söweş bölümleri;*<br>*• inžener we ulag goşunlary, aragatnaşyk, barlag,maddy-tehniki üpjünçilik, ştablaryň şahsy düzümi we gaýry söweş däl podrazdeleniýeler;*<br>*• goranmagyň ätiýaçlyk we kömekçi güýçleri;*<br>*• harby tehnika,azyk harytlar we enjamlar, inžener-tehniki binalar we ş.m. bilen üpjün etmek;*<br>*• meýdan şertlerinde goşunyň şahsy düzümine lukmançylyk hyzmatlary* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *- raýat goranmak güýçleriniň dolandyryşy, işlemegi üpjün etmek we goldamak*<br>*- adatdan daşary ýagdaýlary ýok emek boýunça meýilnamalary düzmäge kömek etmek we raýat guramalary hem-de ilat gatnaşýan tälim okuwlaryny geçirmek*<br>*- döwletiň goranmagynyň ukybyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen köpugurly taslamalary dolandyrmak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ylmy-barlag işlerini (72 seret); daşary yurt döwletlerine harby kömek bermek (84.21 seret); harby tribunallarynyň (kazyýet mejlisi) işi (84.23 seret); parahatçylyk döwründe bolup geçýän heläkçilikler bolan ýagdaýynda ilkinji zerur zatlar bilen üpjün etmek (84.24 seret); harby mekdepler, ýörite mekdepler, institutlar, we akademiýalar tarapyndan ýerine ýetirilýän bilim ulgamyndaky işler (85.4 seret); harby gospitallaryň işi (86.10 seret)* |
| | | 84.23 | 84.23.00 | Adalatlylyk we ýustisiýa ulgamlarynda iş<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dolandyryş, raýat we jenaýat kazyýetleriniň, harby tribunallaryň (kazyýet mejlisi) we kazyýet ulgamynyň dolandyrylyşy we işlemekligini üpjün etmek; kazyýetiň kararlaryny we hökümlerini ýerine ýetirmek we kanunlary düşündirmek; türmeleriň we düzediş edaralarynyň dolandyrylyşy; şertnama ýa-da pul haky esasynda döwlet ýa-da hususy guramalar tarapyndan reabilitasiýa kömekleri*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:***<br>*- hökümetiň tabşyrygy boýunça we öz başlangyjy bilen kanunlaryň hem-de beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamak;*<br>*- ministrlikleriň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň kanunlary we kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hukuk taýdan seljermesini geçirmek;*<br>*- kanunçylygy tertipleşdirmek;*<br>*- jemgyýetçilik birleşikleriniň, gaznalaryň, dini guramalaryň, syýasy partiýalaryň döwlet tarapyndan hasaba alynmagyny üpjün etmek;*<br>*- kanunçylyga laýyklykda dolandyryş edaralarynyň üstüne ýüklenen beýleki meseleler.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *raýat, jenaýat we gaýry işlerde maslahat bermek we wekilçilik etmek (69.10 seret); türme mekdepleriniň işi (85 seret); tussaghanalaryň hassahanalarynyň işi (86.10 seret)* |
| | | 84.24 | 84.24.00 | Jemgyýetçilik tertibini we howpsuzlygyny üpjün etmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döwlet häkimiýeti tarapyndan maliýeleşdirilýän gündelik we kömekçi polisiýa güýçleriniň dolandyrmasy we işlemekligini üpjün etmek, şeýle hem port, serhet, kenar goraglary we gaýry ýöriteleşdirilen polisiýa* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *güýçleri, ýol hereketlerini düzgünleşdiriji, daşary ýurt raýatlaryny hasaba alyjy, polisiýa barlaghanalary we tussaglary hasaba alyjy gulluklar hem goşulan; parahatçylyk döwründe bolup geçýän heläkçilikler bolan ýagdaýynda ilkinji zerur zatlar bilen üpjün etmek; balyk gözegçilik we balyk gorag inspeksiýalaryň işi* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *kazyýet barlaghanalarynyň işi (71.20 seret); ýaragly güýçleri dolandyrmak, gözegçilik etmek we düzgünleşdirmek (84.22 seret)* |
| | | 84.25 | 84.25.00 | Adatdan daşary ýagdaýlarda howpsuzlygy üpjün etmek **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *ýangynyň öňüni almak we ýangyny söndürmek: döwlet häkimiýeti tarapyndan maliýeleşdirilýän ýangynlaryň öňüni alýan, ýangyn söndürýän, adamlary we haýwanlary halas edýän, tebigy betbagtçylyklarda, ýol hadysalarynda, suw almakda we ş.m. kömek işlerini ýerine ýetirýän, gündelik we kömekçi ýangyn howpsuzlyk toparlarynyň we gaýry gulluklarynyň dolandyrmasy we olaryň işlemegini üpjün etmek* **Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** *ýangyn hopsuzlyk deňiz gämileri tarapyndan hyzmatlary ýerine ýetirmek* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *tokaýlary ýangyndan goramak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmek (02.40 seret); nebit we gaz ýataklarynda ýangynlaryň öňüni almak we ýangyn söndürmek işi (09.10 seret); ýöriteleşdirilmedik bölümler tarapyndan aerodromlarda ýangynlaryň öňüni almak we ýangyn söndürmek işi (52.23 seret)* |
| | | | 84.25.10 | Howa menzillerinde, howa gämilerinde, demir ýol wokzallarynda, demir ýollarda we otlularda, deňiz we derýa portlarynda, deňiz we derýa gämilerinde ýangyn barada duýduryş bermek we ony söndürmek bilen bagly işler |
| | | | 84.25.90 | Adatdan daşary ýagdaýlarda howpsuzlygy üpjün etmek |
| | 84.3 | | | Hökmany durmuş we pensiýa ätiýaçlandyrmasy çygryndaky iş |
| | | 84.30 | 84.30.00 | Hökmany durmuş we pensiýa ätiýaçlandyrmasy çygryndaky iş **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *pul serişdeleriniň jemlenilmegi we kesellerde, önümçilikde, heläkçilikli, wakada, işsizlikde, göwrelilik we çaga dogurmakda, wagtlaýyn işe ýarawsyzlykda hökmany ätiýaçlandyrylmagy dolandyrmak* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *hökmany däl durmuş ätiýaçlandyryş (65.30 seret); ýaşaýyş ýerini üpjün etmezden durmuş kömeklerini we hyzmatlary ýerine ýetirmek (88.10, 88.99 seret)* |
| | | 84.31 | 84.31.00 | Hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy |
| | | | 84.31.10 | Hökmany pensiýa we hökmany hünär ätiýaçlandyrmasy **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *pul serişdeleriniň jemlenilmegini we hökmany ätiýaçlandyryş gatançlarynyň dolandyrylmagyny, ýaşy boýunça, maýyplyk boýunça,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ekleýjisini ýitirendigi boýunça, gulluk ýyllary boýunça, hünär pensiýasynyň tölemegi* |
| **P (seksiýa): 85** | | | | **BILIM**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *islendik derejedäki döwlet we hususy bilim, islendik hünärleri öwretmek, gaýybana we gaýybana däl,şeýle-de radio we teleýaýlym arkaly.*<br>*Muňa gündelik mekdep ulgamynyň çägindäki, dürli derejedäki dürli guramalar tarapyndan berilýän bilim girizilýär, seýle-de ulular üçin bilim, sowatsyzlygy ýok etmek baradaky meýilnamalar we s.m. girizilýär. Ondan başga-da harby okuw jaýlary we tussaghanalardaky okuw kurslary girizilýär.*<br>*Bilimiň her bir derejesi fiziki we aň ýetmezçilikli okuwçylaryň ýörite okuwlaryny öz içine alýar*<br>*Bu bölümiň düşündirişinde görkezilýän derejeler we basgançaklar baradaky çykgytlar Halkara Bilim Standart Klassifikasyýasyna (HBSK) esaslanyp getirilendir:*<br>*0 dereje – 85.10*<br>*1 dereje – 85.20*<br>*2-3 dereje – 85.3*<br>*4 dereje – 85.41*<br>*5-6 dereje – 85.42.*<br>***Bu seksiýa şeýle-de öz içine alýar:*** *okuwlaryň gaýry görnüşlerini, yagny ulag serişdeleriniň sürüjilerini taýýarlaýan mekdeplerdäki okuwlar; ulular üçin okuwlar, bular ýerine ýetirýän hyzmatlarynyň häsiýetleri boýunça bu seksiýanyň toparlarynda gözrkezilen okuw görnüşlerine meňzeş.* |
| **85** | | | | **Bilim**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *umumybilim we hünär bilimi maksatnamalary.*<br>*Umumybilim maksatnamalary şahsyýetiň umumy medeniýetini kemala getirmek, şahsyýetiň jemgyýetdäki durmuşa uýgunlaşmak wezipelerini çözmäge, hünär bilimi maksatnamalaryny oýlanyşykly saýlap almak üçin esas döretmäge gönükdirilendir.*<br>*Umumybilim maksatnamalaryna mekdebe çenli bilim; başlangyç bilim; umumy orta bilim; mekdepden daşary bilim degişlidir.*<br>*Hünär bilimi maksatnamalary umumybilim we hünär almak hem-de olary yzygiderli ýokarlandyrmak wezipelerini çözmäge, degişli käri bolan hünärmenleri taýýarlamaga gönükdirilendir.*<br>*Hünär bilimi maksatnamalaryna başlangyç hünär bilimi; orta hünär bilimi; ýokary hünär bilimi; ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi; hünär taýýarlygy;işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *olary gaýtadan taýýarlamak maksatnamalary degişlidir.*<br>***Bu bölüm şeýle hem öz içine alýar:*** *bilim almagyň görnüşleri okaýanlaryň isleglериниň we mümkinçilikleriniň göz öňünde tutulmagy bilen bilim maksatnamalary bilim edarasynyň, özbaşdak bilim almagyň, eksternatyň, şeýle hem uzak aralykdan okatmak tehnologiýalarynyň üsti bilen özleşdirip bilner. Bilim edaralarynda bilim almagyň gündizki, gündizki-gaýybana (agşamky) we gaýybana ýaly görnüşleri ulanylýar.*<br>*Anyk umumybilim ýa-da hünär maksatnamasynyň çäklerinde bilim almagyň ähli görnüşi üçin bitewi döwlet bilim standartlary hereket edýär.*<br>*Şu aşakdaky kysymly edaralar bilim edaralaryna degişlidir: mekdebe çenli çagalar edaralary; umumybilim edaralary; başlangyç hünär bilimi edaralary; orta hünär bilimi edaralary; ýokary hünär bilimi edaralary; ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimini amala aşyrýan edaralar; işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrýan we olary gaýtadan taýýarlaýan edaralar; saglyk ýagdaýy sebäpli mümkinçilikleri çäkli okaýanlar we terbiýelenýänler üçin ýörite bilim edaralary; ýetim çagalar we ata-eneleriň (olaryň ornuny tutýan adamlaryň) hossarlygyndan mahrum bolan çagalar üçin ýörite bilim edaralary; mekdepden daşary bilim edaralary; bilim işini amala aşyrýan beýleki edaralar.* |
| | 85.1 | | | Mekdebe çenli bilim |
| | | 85.10 | 85.10.00 | Mekdebe çenli bilim<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *çagalaryň terbiýesini we okuwyny üpjün edýän dürli taraplara gönükdirilen mekdebe çenli umumy bilim meýilanamalaryny ýerine ýetirýän mekdebe çenli bilim berýän edaralar ulgamynyň ( çagalar bakjasy, çagalar bakja-bagy, çagalar bagy we başgalar) işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *gündiz çagalara seretmeklik (ideg etmek) işi (88.91 seret)* |
| | | | 85.10.10 | Mekdebe çenli bilim<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *mekdebe çenli çagalar edaralary ulgamynyň (çagalar bakjasy, çagalar bakja-bagy, çagalar bagy we başgalar) işi, mekdebe çenli ýaşly çagalara terbiýe bermäge we olary okatmaga, beden we ruhy saglygyny goramaga we berkitmäge, şahsy gigiýenanyň esaslaryny we sagdyn durmuş endiklerini öwretmäge, şahsy başarnyklaryny ösdürmäge maşgala kömek hökmünde ugrukdyrylandyr* |
| | 85.2 | | | Başlangyç bilim |
| | | 85.20 | 85.20.00 | Başlangyç bilim<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *başlangyç bilim (birinji basgançak bilimi), okuwçylaryň okamaklygy, ýazmaklygy, hasaplamaklygy, okuwyň esasy başarjaňlyklary we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *endikleri, teoretiki pikirlenmäniň esaslaryny,okuw hereketlerinde özüňe erk etmegiň iň ýönekeý endiklerini,özüňi alyp barmaklygyň we sözleýiş medeniýetini, sagdyn ýaşaýyş we şahsy gigiýenanyň esaslaryny öwrenmekliklerini, taryh, geografiýa, biologiýa, oýlap tapyjy sungat we saz ýaly dersleriň ýönekeý düşünmelerini göz öňünde tutýar; mekdeplerde we mekdep bilim ulgamynyň daşynda ýörite meýilnamalar boýunça sowatlylygy öwretmek (şol sanda ululary)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *ulular üçin bilim (85.5 seret); gündiz çagalara seretmeklik (ideg etmek) işi (88.91 seret).* |
| | 85.3 | | | Orta bilim<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *umumy orta bilim, şeýle-de tehniki we ýörite orta bilim.*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** *ulular üçin bilim (85.5 seret)* |
| | | 85.31 | 85.31.00 | Umumy orta bilim |
| | | | 85.31.10 | Umumy orta bilim<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *umumybilim mekdepleri ulgamynda, ýöriteleşdirilen umumybilim mekdeplerindäki işleri (hünärlerini görkezmek bilen), umumybilim mekdep-internatlary we başgalary. Umumy orta bilimiň aýrylmaz bölegi hökmünde başlangyç bilimi* |
| | | 85.32 | 85.32.00 | Umumy orta bilim (ikinji dereje)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bilimiň birinji tapgyrynyň ikinji basgançagy, belli bir derejede mekdep derslerine hökman barmaklyk bilen baglanyşykly; öz bilimiň birinji tapgyrynyň ikinji basgançagy, öz gezeginde ýokary okuw jaýlarynda bilim almaklyga taýýarlaýar*<br>*Bu basgançakda ders ýöriteleşdirmesi umumy meýilnama boýunça barýanlaryň okuwyna hem täsir edýär. Bu meýilnamalar okuwçylary tehniki ýa-da hünär bilim almaklyga ýa-da belli bir hünär saýlamak zerurlygy bolman ýokary okuw jaýlaryna girmäge taýýarlamaklyk üçin niýetlenendir* |
| | | 85.33 | 85.33.00 | Tehniki we orta hühär bilimi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *tehniki we orta hühär bilimi 85.4 toparyna girýän ýokary bilimden aşaky basgançakdadyr*<br>*Esasan hem meýilnamalarda ders ýöriteleşdirmekligine üns berilýär we häzirki wagtdaky ýa-da geljekdäki käri bilen baglanyşykly hem teoretiki esaslar, hem-de praktiki endikler öwredilýär. Meýilnamanyň maksady belli bir kär almazdan öň dürli pudaklarda işe taýýarlygyna görä üýtgäp bilýär*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** professional *gidleri taýýarlamak; aşpezleri taýýarlamak, restoranlaryň we myhmanhanalaryň işgärlerini; wizažistleri we dellekçileri taýýarlamak; hasaplaýjy tehnikalaryň abatlamasyny ýerine* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ýetirýän tehnikleri taýýarlamak; mekdeplerde awtobuslaryň professional sürüjilerini okatmak, uçujy düzümiň hühär mekdepleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** ýokary okuw jaýyň ýa-da uniwersitetiň derejesinde tehniki we hühär bilimi (85.4 seret); boş wagtyňy geçirmek ýa-da özbaşdak bilim almak maksady bilen sungat mekdeplerinde, tans mekdeplerinde, teatr gurnaklarynda we ş.m.geçilýän okuw, (85.52 seret); hühärmen däl sürüjileriň mekdeplerinde geçilýän okuw (85.53 seret); ýaşaýyş jaýyny bermezden, durmuş hyzmatlaryň bölegi hökmünde ýerine ýetirilýän hünäre gözükmeklik kurslarynda okuw (88.10, 88.99 seret)* |
| | | | 85.33.10 | Hünär taýýarlygy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** bilim edaralarynyň, kärhanalarynyň okuw bölümleriniň işini, bilim ugry bolmadyk kärhanalaryň we edaralarynyň işler toplumyny ýerine ýetirmek üçin zerur bolan endikleri çaltlaşdyrylan görnüşde öwretmekleri, ýerine ýetirmek üçin çylşyrymly bolmadyk işleri, şeýle hem degişli hünär derejesi bar bolan hünärmenlerden şahsy taýýarlyk tertibindäki işler toplumyny* |
| | | | 85.33.20 | Başlangyç hünär bilimi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** dürli görnüşli başlangyç hünär bilimi edaralarynyň işini (hünärmentçilik mekdebi,liseý we beýlekiler), şeýle hem umumy orta bilimiň binýadynda jemgyýete peýdaly kämilleşdirilen işiň ähli ugurlary boýunça orta we ýokary hünär bilim edaralarynyň işgärlerini taýýarlamak maksady bilen alnyp barylýan işler* |
| | | | 85.33.30 | Orta hünär bilimi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** umumy orta bilimiň binýadynda ykdysadyýetiň degişli pudaklary üçin orta bölege degişli hünärmenleri taýýarlamaklygy we şahsyýetiň hünär bilimini almak we çuňlaşdyrmak islegini kanagatlandyrmaklygy. Orta hünär bilimi dürli görnüşli (kollej, orta hünär mekdebi we beýlekiler) orta hünär bilimi edaralarynda we degişli ygtyýarnamalary bar bolan ýokary hünär bilimi edaralarynda alnyp bilner* |
| | 85.4 | | | Ýokary bilim<br>***Bu topar öz içine alýar:** dürli basgançakly ýokary okuw, magistr, bakalawr, hünärmen derejelerini almak. Bu basgançakda her dürli tematiki meýilnamalar hödürlenýär, olaryň bir bölegi teoretiki bilimleri almak üçin, beýleki bölegi bolsa praktiki bilimleri almak üçin niýetlenýär. Şeýle-de ylmy derejeleri almak bilen ýokary okuw jaýyndan soňky okuwlar hem goşulandyr*<br>***Bu topar öz içine almaýar:** ulular üçin bilim (85.5 seret)* |
| | | 85.41 | 85.41.00 | Ýokary bilim (doly däl)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** uniwersitet ýa-da onuň bilen deň diplom almaklyga eltmeýän orta bilimden ýokary bilim* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 85.42 | 85.42.00 | Ýokary bilim<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýokary bilimiň birinji, ikinji we üçünji basgançaklaryny öz içine alýar; belim derejesine laýyk bilimi upjün edýän sungat mekdeplerinde okamak* |
| | | | 85.42.10 | Ýokary hünär bilim<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýokary hünär biliminiň dürli görnüşli (ýokary okuw mekdepleri) edaralarynyň işlerini (uniwersitet, akademiýa, konserwatoriýa, institut we beýlekiler). Ýokary hünär taýýarlygynyň maksady düýpli ylmy we amaly taýdan ykdysadyýetiň pudaklary üçin hünärmenleri taýýarlamakdan hem-de şahsyýetiň bilimini çuňlaşdyrmaga we giňeltmäge bolan isleglerini kanahatlandyrmakdan ybaratdyr* |
| | | | 85.42.20 | Ýokary okuw mekdebinden soňky hünär bilimi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ordinatura, aspirantura (adýunktura) we doktoranturanyň, şeýle hem ýokary hünär biliminiň edaralarynda we ylmy edaralarda döredilen alymlyk derejesine dalaşgärlik arkaly işleri. Üznüksiz bilim ulgamynyň ýokary basgançagy hökmünde ýokary okuw mekdebinden soňky hünär biliminiň maksady ýokary hünär biliminiň binýadynda ýokary hünär derejeli ylmy işgärleri taýýarlamakdan ybaratdyr* |
| | 85.5 | | | Gaýry bilim işleri<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *umumy we hühär biliminiň dowamy bolup durýan we islendik hünäri öwredýän, seýle-de boş wagtyňy geçirmek ýa-da özbaşdak bilim almak maksady bilen gurnalan bilim işi*<br>***Bu topar şeýle-de öz içine alýar:*** *bedenterbiýe çygrynda bilim işi we gaýry bilim işleri,şol sanda beýleki toparlara goşulmadyk ýörite okuwlar*<br>***Bu topar öz içine almaýar:*** *85.1 - 85.4. toparlarda klassifisirlenýän bilimleri* |
| | | 85.51 | 85.51.00 | Bedenterbiýe we sport çygrynda bilim<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sport mekdeplerinde we seksiýalarda bedenterbiýe we sport çygrynda bilim işi (toparlarda we özbaşdak), şeýle-de gije-gündiz sport türgenleşik lagerlerinde*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *bedenterbiýe we sport (basketbol, woleýbol, kriket, futbol we baş., gimnastika, ýeňil atletika, atly ýöreme, suwda ýüzmek, ýelkenli gaýykçylar sporty,ýoga, harby (söweş) sungaty, kart oýunlary (bridž), küşt, şaşka we ş.m.) çygrynda bilim işi (hünär mugallymlar tarapyndan teoriýa we praktiki tilsimleri öwretmek); instruktorlaryň, mugallymlaryň, sportuň dürli görnüşinde repetitorlaryň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *medeniýet çygrynda bilim işi (85.52 seret); ýaşaýyş jaý berýän internat-mekdplerinde we* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *sport mekdeplerinde umumybilim derslerini okatmak (85.2, 85.3 seret)* |
| | | 85.52 | 85.52.00 | Medeniyet boýunça bilim<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** teatr, suratçylyk, saz çygrynda bilim işi (hünär mugallymlar tarapyndan teoriýa we praktiki tilsimleri öwretmek). Bu hyzmatlary ýerine ýetirýän guramalar bu bilim boýunça diplom bermeýär*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** saz mugallymlarynyň işi we sazçylyk mekdeplerinde gaýry okuwlary okatmak (gurnaklarda,studiýalarda, klaslarda); sungat mekdep-leriniň işi (gurnaklaryň, studiýalaryň, klaslaryň); tans mekdepleriniň işi (gurnaklaryň, studiýalaryň, klaslaryň); teatr mekdepleriniň işi (gurnaklaryň, studiýalaryň, klaslaryň),okuw jaýlaryndan başga; fotosurat mekdepleriniň iş (gurnaklaryň,, studiýalaryň, klaslaryň)*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** daşary yurt dillerini öwretmek kurslary (85.59 seret)* |
| | | 85.53 | 85.53.00 | Sürüjileri taýýarlaýan mekdepleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** kurslarda we mekdeplerde (söwda sertifikatlary we ygtyýarnama almazdan) uçuş ussatlygyny, gämileri sürmekligi öwretmegi, şol sanda ýelkenli gämileri*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** awtoulag, suw we howa ulaglarynyň hünär sürüjilerini taýyarlamak (85.33 seret)* |
| | | 85.55 | 85.55.00 | Mekdepden daşary okatmak we terbiýelemek |
| | | | 85.55.10 | Bedenterbiýe we sport boýunça mekdepden daşary bilim |
| | | | 85.55.20 | Sazçylyk, medeni-estetiki we döredijilik ugurlary boýunça mekdepden daşary bilim |
| | | | 85.55.30 | Gumanitar, tebigy-ylmy we tehniki ugurlar boýunça mekdepden daşary bilim |
| | | | 85.55.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk, mekdepden daşary okatmak we terbiýelemek |
| | | 85.59 | 85.59.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk bilim boýunça işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:** bilimiň basgançaklary boýunça klassifisirläp bolmaýan bilim işleri; uniwersitetlerde kurator bolmak; repetitorçylyk merkezlerinde okamak; hünär synaglara taýýarlamak kurslarynda okamak; daşary yurt dillerini öwrenmek kurslarynda okamak; kompýuter kurslarynda okamak; dilewarlyk sungaty kurslarynda okamak; çalt okamaklyk kurslarynda okamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** ululara sowatlylyk öwretmek (85.5 seret); esasy doly orta bilim (85.31seret); tehniki we orta hühär bilimi (85.33 seret); ýokary hünär bilim (85.4 seret)* |
| | | | 85.59.10 | Işgärleriň hünär derejesini kämilleşdirmek we olary gaýtadan taýýarlamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar**: ylmy guramalarda, önümçilikde we beýleki guramalardaky bilim edaralarynyň ähli* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *kysymlarynyň işlerini. Işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak, hünär bilimlerini we endikleri çuňlaşdyrmak, ylmyň we tehnologiýalaryň,şeýle hem halkara tejribesiniň häzirki zaman gazananlaryny hasaba almak bilen hünär bilimini täzelemek, täze hünärleri, kärleri we derejeleri öwrenmek maksady bilen amala aşyrylýar* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *nebit-gaz pudagynyň kärhanalarynda önümçilikde işleýän hünärmenleri bilen nebit-gaz çüwdürim howpsuzlygy boýunça okuw-türgenleşik sapaklaryny geçmek* |
| | | | 85.59.90 | Beýleki toparlara goşulmadyk bilim ulgamynda beýleki işler |
| | 85.6 | | | Bilim ulgamynda kömekçi işler |
| | | 85.60 | 85.60.00 | Bilim ulgamynda kömekçi işler <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *bilim ulgamynda kömekçi işler: bilim çygry boýunça maslahat bermek; mekdep hünär ugrukduryşy; test geçirmek; testlere baha bermek; okuwçylary çalyşmak maksatnamalary gurnamak (talyplar)* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ýangyna garşy howpsuzlyk çärelerini öwretmek: ýangyna garşy howpsuzlygy wagyz ediji okuw progammalaryny we görkezme esbaplary işläp taýýarlamak; ýangyn howpsuzlygy ulgamynda hünärmenleriň we fiziki we ýuridiki işgärleriň (ylmy dalaşgärler, ygtyýarnama alyjylar) hunärlerini ýokarlandyrmak, şol sanda howpsuzlyk çygrynda ygtyýarlylandyrmak ulgamynda ekspertlige dalaşgärleri taýýarlamak we ekspertleriň hünärlerini ýokarlandyrmak; maglumatnamalary, gollanmalary, usuly we beýleki ýörite ýangyna degişli çeper edebiýatlaryny, okuw esbaplaryny işläp taýýarlamak* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *durmuş we gumanitar ylymlar çygrynda ylmy barlaglar we eksperemental işläp taýýarlamalar (72.20 seret)* |
| **Q (seksiýa): 86-88** | | | | **SAGLYGY GORAÝYŞ WE ILATA DURMUŞ TAÝDAN HYZMAT ETMEK** <br> ***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *saglygy goraýyş we ilata durmuş taýdan hyzmat etmek ulgamynda edilýän işler. Ol bejerme we olara seretme işlerini alyp barýan köpugurly hassahanalarda ýa-da ýörieleşdirilen hassahanalarda, şypahanalarda profilaktoriýalarda we gaýry lukmançylyk guramalarynda köp wagtlap ýa-da az wagtly bolmaklygy; ruhy keselli hassahanalarda kem akyllylar üçin hassahanalarda, reabilitasiýa merkezlerinde we başga näsaglaryň ýatymlaýyn bejergi alýan bolmaklary üçin şertleri bar bolan lukmançylyk salagdyş guramlarynda bolmaklgy öz içine alýar.* <br> *Umumy ugurly lukmanlar (terapewtler), umumy we ýörite* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *häsiýetli stomatologiýa çygry boýunça hünärmen-lukmanlar we hirurglar tarapyndan ýerine ýetirilýän lukmançylyk maslahatlar we umumy ýörite lukmançylyk çygrynda hassa bejermeklik goşulan. Şeýle-de durmuş hyzmaty edaralarynda durmuş taýdan hyzmat edilmegine mätäç adamlara durmuş taýdan hyzmat etmek işleri degişlidir.* |
| **QA (kiçi seksiýa): 86** | | | | **SAGLYGY GORAÝYŞ** |
| **86** | | | | **Saglygy goraýyş** |
| | 86.1 | | | Hassahanalaryň işleri |
| | | 86.10 | 86.10.00 | Hassahanalaryň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hassahana guramalarynyň işleri; lukmançylyk işi, şol sanda hirurgiýa, anyklaýyş, terapewt, operasiýalary geçirmek, analiz we başga anyklaýyş barlaglar we ş.m.; hassahanalarda bolmaklyk üçin, ýagny ýaşamaklyk, iýmit we ş.m. şertleri döretmeklik.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *näsaglary bejerme we olara seretme işlerini alyp barýan köpugurly hassahanalarda ýa-da ýöriteleşdirilen hassahanalarda, şypahanalarda, profilaktoriýalarda we gaýry lukmançylyk guramalarynda köp wagtlap ýa-da az wagtly bolmak; ruhy keselli hassahanalarda, kemakyllylar üçin hassahanalarda, reabilitasiýa merkezlerinde, ýokanç keseller hassahanasynda we başga näsaglaryň ýatymlaýyn bejergi almaklary üçin şertleri bar bolan lukmançylyk sagaldyş guramlarynda bolmak, şeýle hem harby hassahanalarda we tussaghanalaryň hassahanalarynda bolmak.*<br>*Bu iş ugry, esasan hem ýatymlaýyn bejergi alýan näsaglara degişli bolup, lukmanlaryň gözegçiliginde bolmagy göz öňünde tutýar.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *tehniki we barlag synaglary (71.20 seret); weterinariýa işi (75.00 seret); meýdan şertlerinde ýaragly güýçleriniň şahsy düzümine lukmançylyk hyzmatlaryny ýerine ýetirmek (84.22 seret); ýatymlaýyn bejergi alýan näsaglara özbaşdak lukmançylyk maslahatçylary tarapyndan hyzmatlary ýerine ýetirmek (86.2) seret; hassahana ýerleşdirmezden stomatologiýa hyzmatlaryny ýerine ýetirmek (86.23 seret); tiz kömek işi (86.90 seret); sanitar-ulag serişdeleri bilen näsaglary daşamak (86.9 seret)* |
| | 86.2 | | | Lukman tejribesi we stomatologiýa çygrynda işler |
| | | 86.20 | 86.20.00 | Lukman tejribesi we stomatologiýa çygrynda işler<br>***Bu kiçi klass öz içine alýar:*** *umumy ugurly lukmanlar, hünärmen lukmanlary we hirurglar tarapyndan ýerine ýetirilýän umumy ýörite lukmançylyk çygrynda lukmançylyk maslahatlary we bejeriş*<br>*Bu iş gatnaw şertlerde näsaglar üçin hususy tejribeli lukman toparlary we saglyk öýlerinde ýerine ýetirilip bilner* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *Bu ýere hassahanalarda hususy maslahat bermek, firmalaryň, mekdepleriň, gojalar öýüniň iş we gaýry guramalaryň düzüminde bolan hem-de öý lukmançylyk kömegi, saglyk öýlerinde we lukmançylyk nokatlarynda (gatnaw şertlerde ) ýerine ýetirilýän işler girizilen. Esasan hem, näsaglar gatnaw şertlerde bolup, umumy ugurly lukmanlara ugradylyp bilner (terapewtler)* |
| | | 86.21 | 86.21.00 | Umumy lukman tejribesi çygrynda işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *umumy lukmançylyk çygrynda umumy ugurly lukmanlar tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlar*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hassahanalaryň işi (86.10 seret); orta saglygy goraýyş işgärleriniň işi, ýagny akuşerleriň, şepagat uýalarynyň, tehnik-fizioterapewtleriň işi (fizioterapewtiki otaglaryň işgärleri) (86.90 seret)* |
| | | 86.22 | 86.22.00 | Ýörite lukman tejribesi çygrynda işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ýörite lukmançylyk çygrynda hünärmen lukmanlar we hirurglar tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlar. Şeýle-de maşgala meýyilleşdirmegi boýunça sterilizasiýa we göwrelilgi kesmek ýaly hyzmatlary ýerine ýetirýän merkezleriň işi goşulan*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hassahanalaryň işi (86.10 seret); orta saglygy goraýyş işgärleriniň işi, ýagny akuşerleriň, şepagat uýalarynyň, tehnik-fizioterapewtleriň işi (fizioterapewtiki otaglaryň işgärleri) (86.90 seret)* |
| | | | 86.22.10 | Lukmançylyk kosmetologiýasy hyzmatlary ulgamynda lukmançylyk işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döwlet lukmançylyk edaralarynda lukman-kosmetologlar, umumy ugurly lukmanlar, hünärmen-lukmanlar, hirurglar tarapyndan alyp barýan anyklaýyş-maslahat, bejeriş-öňüni alyş, dikeldiş, hirurgiki, gigiýeniki we beýleki çäreleriň toplumyny* |
| | | | 86.22.19 | Beýleki ýörite lukmançylyk tejribesi ulgamynda işler |
| | | 86.23 | 86.23.00 | Stomatologiýa çygrynda işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *umumy we ýörite häsiýetli stomatologiýa çygrynda hyzmatlary ýerine ýetirmek; ortodontiýa çygrynda hyzmatlary ýerine ýetirmek.*<br>*Bu iş saglyk öýlerinde, guramalaryň operasiýa otaglarda we hususy diş bejeriş hyzmatlary ýerine ýetirilip bilner*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *eger-de özleri goýmaýan bolsalar stomatologlar – tehnikler tarapyndan ýasama dişleri, protezleri we protez enjamlaryny ýasamak (32.50 seret); hassahanalaryň işi (86.10 seret); orta saglygy goraýyş işgärleriň işi, ýagny akuşerleriň, şepagat uýalarynyň, tehnik- fizioterapewtleriň işi (fizioterapewtiki otaglaryň işgärleri) (86.90 seret)* |
| | 86.9 | | | Saglygy goramak çygrynda gaýry işler |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 86.90 | 86.90.00 | Saglygy goramak çygrynda gaýry işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hassahanalar we lukmanlar tarapyndan däl-de, näsaglara seretmek boýunça ýuridiki hukuk berlen orta saglygy goraýyş işgärleriniň adamyň saglygyny goramak boýunça işleri*<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *optometriýa, gidroterapiýa, sagaldyş massažlary, zähmet terapiýasy bilen bejermek, gepleýiş ýetmezçiliginiň bejergisi (logopediýa), aýaklary sagaldyş, gomeopatiýa, manual refleksoterapiýa, iňňe sançmaklyk çygyrlarynda şepagat uýalarynyň, akuşerleriň, fizioterapewt-tehnikleriň we başgalaryň ýerine ýetirýän işi. Bu işler saglyk öýlerinde, guramalaryň, mekdepleriň we ş.m. düzüminde bolan lukmançylyk nokatlarynda, hassahana-lardan başga saglyk guramalarynda, şeýle hem maslahat otaglarynda we başga ýerlerde ýerine ýetirilip bilner*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *stomatologiýanyň kömekçi işgärleriniň, ýagny diş lukman-terapewtleriň, mekdep stomatologiýa otaglarynda şepagat uýalarynyň we gigiýena-stomatologlaryň ýerine ýetirýän hyzmatlary; lukmançylyk barlaghanalarynyň işi we gaýry diagnostika merkezleri, gan barlagyny geçirýän barlaghanalar we ş.m.; gan banklarynyň, döl banklarynyň, transplantasiýa üçin organ banklarynyň we ş.m.); sanitar-ulag serişdeleri arkaly hassalary daşamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *eger-de özleri goýmaýan bolsalar stomatologlar – tehnikler tarapyndan ýasama dişleri, protezleri we protez enjamlaryny ýasamak (32.50 seret); ýörite awtoulag bolmazdan näsaglary daşamak (49.50, 51 seret); azyk önümleriniň hilini barlamak boýunça barlaglar (71.20 seret); tehniki barlaglar we synaglar (lukmançylyk çygrynda däl) (71.20 seret); hassahanalryň işi (86.10 seret); stomatologiýa we sagaldyş tejribesi çygryndaky işler (86.2 seret); hassalara hyzmat etmek bilen orta lukmançylyk işgärli guramalar (87.10 seret)* |
| **QB (kiçi seksiýa): 87-88** | | | | **ILATA DURMUŞ TAÝDAN HYZMAT ETMEK** |
| **87** | | | | **Ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek bilen ilata durmuş taýdan hyzmat etmek** |
| | 87.1 | | | Ýaşaýyş şertlerini döretmek we orta lukmançylyk hünärli işgärler bilen hassalara seretmekde durmuş hyzmatlary |
| | | 87.10 | 87.10.00 | Ýaşaýyş şertlerini döretmek we orta lukmançylyk hünärli işgärler bilen hassalara seretmekde durmuş hyzmatlary<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *şepagat uýalarynyň we gaýry orta we kiçi likmançylyk işgärleriniň hyzmatlaryna mätäç bolan adamlara hyzmat etmek boýunça guramalaryň işi; sagalýanlar üçin sanatoriýalaryň işi; şepagat uýalarynyň hyzmatlary bilen dynç alyş öýleriniň işi; ideg orta lukmançylyk hünärli işgärler bilen ýerine ýetirilýän* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *guramalaryň işi; hususy kesel bejeriş jaýlarynyň işi* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *professional lukmanlaryň işi (86 seret); ideg orta lukmançylyk işgärleri bilen ýerine ýetirilýän üpjünçiliksiz (az üpjünçilikli) gartaň adamlar üçin neýetlenen guramalaryň işi. (87.30 seret); internat-öýlerinde we ş.m guramalarda ýaşamaklyk bilen durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek (87.90 seret)* |
| | 87.2 | | | Aň öşüşi yza galýan, alkogol we narkotiki serişdeleri kän ulanýan, psihiki ýa-da fiziki kemçilikli adamlar üçin ýaşamak şertlerini döretmeklik bilen durmuş taýdan hyzmat etmek |
| | | 87.20 | 87.20.00 | Aň öşüşi yza galýan, alkogol we narkotiki serişdeleri kän ulanýan, psihiki ýa-da fiziki kemçilikli adamlar üçin ýaşamak şertlerini döretmeklik bilen durmuş taýdan hyzmat etmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aň oşüşi yza galýan, alkogol we narkotiki serişdeleri kän ulanýan, psihiki ýa-da fiziki kemçilikli adamlar üçin durmuş taýdan hyzmat etmek (hassahanalarda we gospitallarda hyzmat etmekden başga). Muňa ideg, iýmit bermek, gözegçilik we käbir lukmançylyk hyzmatlary girýär* <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *arakhorlar we neşekeşler üçin dikeldiş guramalaryň işi (bejergisiz); aň we duýgurlygy kemli adamlaryň sagalmagy üçin niýetlenen öýleriň işi; aň ösüşi yza galýan adamlar üçin guramalaryň (öýleriň, internatlaryň) işi; fiziki kemçilikli, şol sanda körler we kerler hem-de lallar üçin niýetlenen guramalaryň (öýleriň, internatlaryň) işi* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *psihiatriýa hassahanalaryň işi (86.10 seret); ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen durmuş taýdan hyzmatlar (meslem, öýsüzler üçin wagtlaýyn ýaşaýyş gonalga) (87.90 seret)* |
| | 87.3 | | | Gartaşan we işe ukypsyz adamlar üçin ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek |
| | | 87.30 | 87.30.00 | Ýaşaýyş şertlerini üpjün etmek bilen gartaşan we işe ukypsyz adamlara durmuş taýdan hyzmat etmek <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *özbaşdak ýaşamaga isleg bildirmeýän (ýa-da) özüne hyzmat we hereket etmek, ukybynyň çäklidigi sebäpli, özleriniň esasy durmuş isleglerini özbaşdak kanagatlandyrmaga mümkinçiliklerini kem-käsleýin ýa-da doly ýitirendikleri bilen baglanyşykly, keseki kömegine mätäç adamlara durmuş taýdan hyzmatlar. Muňa ideg, iýmit bermek, gözegçilik we öý işleri (ýygnaşdyrmak) girýär; aýratyn ýagdaýlarda gaýry birtaraply guramalaryň tejribeli, orta lukmançylyk hünärli işgärleri tarapyndan ideg hem üpjün edilýär* <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *gartaşanlara we işe ukypsyzlara* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *kömek edýän guramalarynyň işi; dynç alyş öýleriniň işi (lukmançylyk hyzmatsyz); orta lukmançylyk personalynyň käbir hyzmatlary bilen gartaň we işe ukypsyz adamlar üçin guramalaryň (öýleriň, internatlaryň) işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *şepagat uýalarynyň hyzmat etmegi bilen gartaşan we işe ukypsyz adamlar üçin niýetlenen guramalaryň işi (87.10 seret); ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen gaýry durmuş taýdan hyzmatlar (87.90 seret)* |
| | 87.9 | | | Ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen durmuş taýdan hyzmat etmegiň gaýry görnüşleri |
| | | 87.90 | 87.90.00 | Ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen durmuş taýdan hyzmat etmegiň gaýry görnüşleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- gije-gündiz ýerine ýetirilýän we çagalara, gartaňlara we özüne seretmeklik işini ýerine ýetirip bilmeýän ýörite adam toparlaryna gönükdirilen durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek, emma bilim bermek we bejermek onuň esasy ýörelgesi bolup durmaýar:*<br>*• ýetim üçin gonalga (çagalar öýi)*<br>*• çagalar üçin internatlar we umumyýaşaýyş jaýlary*<br>*• gije-gündiz işleýän bakjalar*<br>*• öýsüzler üçin gonalga*<br>*• ýeke galan enelere we olaryň çagalaryna ideg edýän edaralar we ş.m.*<br>*- durmuş we şahsy meseleleri bar bolan adamlar üçin gaçybatalgalar*<br>*- düzgün bozujylary (şol sanda kämillik ýaşyna ýetmedikler), birinji gezek kazyýet jogapkärçiligine çekilenleri düzetmek edaralarynyň (ýörite internatlaryň we ş.m.) işi.*<br>*Bu iş döwlet we hususy guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýär*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hökmany durmuş ätiýaçlandyrmasy, meýilnamalar esasynda ýerine ýetirilýän işler (84.30 seret); orta lukmançylyk hünärli işgärler bilen hassalara hyzmat edýän guramalaryň işi (87.10 seret); gartaşanlara we işe ukypsyzlara ýaşaýyş şetlerini döretmek bilen durmuş taýdan edilýän hyzmatlar (87.30 seret); ogullyga (gyzlyga) almak (88.99 seret); heläkçilikde zyýan çeken adamalary gysga wagtlaýyn göçüriş bilen üpjün etmek (88.99 seret)* |
| **88** | | | | **Ýaşaýyş şertlerini üpjün etmezden ilata durmuş taýdan hyzmat etmek** |
| | 88.1 | | | Gartaşanlara we işe ukypsyzlara ýaşaýyş şertlerini döretmezden durmuş taýdan hyzmat etmek işleri |
| | | 88.10 | 88.10.00 | Gartaşanlara we işe ukypsyzlara ýaşaýyş şertlerini döretmezden durmuş taýdan hyzmat etmek işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döwlet gulluklary, hususy we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan ýa-da ýörite* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *hünärmenleri tarapyndan gartaşanlara we işe ukypsyzlara öýlerinde we başga ýerlerde ýerine ýetirilýän durmuş taýdan hyzmat etmek, maslahat bermek, haýyr-sahawat işleri we şuňa meňzeş gaýry işler* **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *gartaşanlary we ise ukypsyzlary görmäge barmak; gartaňlara we işe ukypsyzlara gündiz ideg etmek; işe ukypsyzlaryň professional uýgunlaşmalary* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *hökmany durmuş ätiýaçlandyrmak meýilnamalary esasynda ýerine ýetirilýän işler (84.30) seret;çagalara gündiz ideg etmek (88.91 seret); ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen ilata durmuş taýdan hyzmat etmek (87.30 seret)* |
| | 88.9 | | | Ýaşaýyş şertlerini döretmezden gaýry durmuş taýdan hyzmat etmek işleri |
| | | 88.91 | 88.91.00 | Çagalara gündiz ideg etmek **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *çagalara gündiz ideg etmek (çagalar bakjalary we çagalar baglary), şol sanda fiziki we aň ýetmezçilikleri bar bolan çagalara gündiz seretmek* |
| | | 88.99 | 88.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk ýaşaýyş şertlerini döretmezden gaýry durmuş taýdan hyzmat etmek işleri **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *heläkçilik wagtynda öýlerinde ýa-da başga ýerlerde döwlet ýa-da hususy guramalar, şeýle-de milli we ýerli kömek guramalary, maslahat bermek hyzmatlaryny ýerine ýetirýän hünärmenler tarapyndan adamlara, bosgunlara durmuş häsiýetli hyzmatlary ýerine ýetirmek, maslahat bermek, maddy kömek işleri:çagalara we ýetginjeklere durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek we olara terbiýe berilmegine ýolbaşçylyk etmek; ogullyga (gyzlyga) almak işi; çagalara rehimsiz garamagyň öňüni almak işi; öý býujeti, nika we maşgala barada maslahat bermek işi; ýerli derejede durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek (garyndaşlyk ugurlary bolup ýaşaýanlara ýa-da belli bir ýeriň ýaşaýjylaryna); heläkçilige uçranlara, bosgunlar, immigrantlara we ş.m. kömek etmek, şol sanda gysga wagtlaýyn ýa-da uzak wagtlaýyn ýaşamaklyk üçin öýleri bermek; çäkli okuwly işsizleriň, fiziki ýa-da aň ýetmezçilikleri bolan adamlaryň işe ukyplylygyny dikeltmek we belli bir iş görnüşinde taýýarlamak; durmuş kömegini almaklyk hukuklaryny anyklamak, azyk talonlarynyň ýa-da jaý kireýiniň töleglerine kömek etmek (ýaşaýyş jaý subsidiýalary); öýsüzler we beýleki durmuş taýdan şowsuz toparlara gündizki gaçybatalga; durmuş taýdan hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işlerde kömek etmek ýa-da serişde ýygnamak bilen haýyr-sogap etmek işleri* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *hökmany durmuş ätiýaçlandyrmak meýilnamalary esasynda ýerine ýetirilýän işler (84.30 seret); ýaşaýyş şertlerini döretmek bilen gaýry durmuş taýdan hyzmatlar (87.90 seret)* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| **R (seksiýa): 90-93** | | | | **SUNGAT, DYNÇ ALYŞ WE GÖWÜN AÇYŞ**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *dynç alyş, medeni we sport çärelerini, şol sanda tomaşa geçirmeklik we gurnamaklyk işi, muzeýleri, oýun zallaryny we sport desgalaryny dolandyrmak işi.* |
| **90** | | | | **Sungat ulgamynda artistlik we gaýry işler hem-de medeni-köpçülikleýin göwün açyş çäreleri**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *artistleriň çykyşy, teatr oýunlaryny, konsertleri, operalary, spektakllary, tans we başga sahna oýunlaryny goýmak; konsert we teatr zallarynyň we sungat ulgamynyň başga obýektlerini dolandyrmak we ulanmak; döredijilik kärleriniň wekilleriniň işi (heýkeltaraş, suratçy,edebiýatçy we ş.m.).*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *filmleriň önümçiligi we ýaýradylmagy, (59.11, 59.12, 59.13 seret); film görkezmek (59.14 seret); radio we tele ýaýlymlaryň işi (60.1, 60.2 seret); muzeýleriň, botaniki we zoologik baglarynyň işi (91 seret); humarly oýunlary gurnamak (92 seret); dynç alyş we göwün açyş çäreleri gurnamaklyk boýunça sport we gaýry işler (93 seret).* |
| | 90.0 | | | Sungat ulgamynda we köpçilikleýin medeni dynç alyş çarelerini geçirmeklikde artistlik we gaýry işler |
| | | 90.01 | 90.01.00 | Artistlik işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *teatr we sirk oýunlaryny, konsertleri, opera spektakllaryny, tans we gaýry sahna oýunlaryny görkezmek: ansamblary, teatr we sirk toparlaryny, orkestrleri we sazandalar toparyny; sungat kärleriniň özbaşdak wekilleri, olardan aktýorlar, tansçylar, sazandalar, lektorlar, konferansýe, okaýjylar we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *agentleriň we agentlikleriň işine meňzeş impresariolaryň işi (74.90 seret); saýlap alamak (kasting) boýunça býurolaryň we agentlikleriň işi (78.10 seret).* |
| | | 90.02 | 90.02.00 | Artistlik sungaty ulgamynda kömekçi işler<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *artistleriň çykyş etmeklerine kömek edýän iş: spektakllaryň, teatr we sirk oýunlarynyň, konsertleriň, operalaryň, baletleriň we ş.m. sahnalandyrylyşy; direktorlaryň, oýun goýujy režissýorlaryň, bezegçileriň, yşykçylaryň, sahna boýunça işgärleriň we ş.m.; zerur bolan enjamlar bilen enjamlaşdyrylan ýa-da enjamlaşdyrylmadyk prodýuserleriň we teatr toparlarynyň antireprenerlerininiň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *agentleriň we agentlikleriň işine meňzeş impresariolaryň işi (74.90 seret); saýlap alamak (kasting) boýunça býurolaryň we agentlikleriň işi (78.10 seret)* |
| | | 90.03 | 90.03.00 | Sungat ulgamynyň başga görnüşleriniň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *döredijilik kärleriniň özbaşdak* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *wekilleriniň işi (heýkeltaraş, suratkeş, karikaturaçy, grawýuraçy, çeper bezegçi edebiýatçy we ş.m.); žanrlaryň ähli görnüşinde özbaşdak ýazyjylaryň işleri; özbaşdak žurnalistleriň işi; sungat döredijiliklerini abatlamak, dikeltmek, şol sanda çekme suratlar* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** hususy, köpçülikleýin, göçme we beýleki görnüşli sergileri guramak* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** sungat döredijiligi bolmadyk heýkelleriň (skulpturalar, monumentler) ýasalmagy (23.70 seret); arganlary we gaýry taryhy saz gurallaryny dikeltmek (33.19 seret); filmleriň önümçiligi (59.11 seret); mebel dikeltmek (muzeý mebellerinden başgalar) (95.24 seret)* |
| | | 90.04 | 90.04.00 | Teatr we konsert zallarynyň işi <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** dynç alyş we medeni çärelerini geçirmeklik üçin teatr we konsert zallaryny we sungatyň beýleki obýektlerini dolandyrmak we işletmek işleri* <br> ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:** kinoteatrlaryň işi (59.14 seret); teatr peteklerini satmak (79.90 seret); muzeýleriň işleri (91.02 seret)* |
| **91** | | | | **Kitaphanalaryň, arhiwleriň, muzeýleriň we gaýry medeni edaralaryň işleri** <br> ***Bu bölüm öz içine alýar:** kitaphanalaryň we arhiwleriň işi, muzeýleriň ähli görnüşleriniň işi, botaniki we zoologiki baglaryň işi, tebigy we taryhy-etnografik goraghanalarynyň işi. Şeýle-de taryhy ähmiýetli obýektleriň abat saklanmagyny we görmäge barylmagyny gurnamak (meselem, dünýä medeni mirasynyň bölegi bolup durýan we başga taryhy ýerler we binalar).* <br> ***Bu bölüm öz içine almaýar:** dynç alyş we göwün açyş çarelerini guramak boýunça sport we gaýry işler, meselem, plýaž dynç alşy, dynç alyş seýilgählerine barmak (93 seret).* |
| | 91.0 | | | Kitaphanalaryň, arhiwleriň, muzeýleriň we başga sungat guramalarynyň işleri |
| | | 91.01 | 91.01.00 | Kitaphanalaryň we arhiwleriň işleri <br> ***Bu kiçi klas öz içine alýar:** kitaphanalaryň ähli görnüşleriniň işi (şol sanda göçme we foto kitaphanalar), okuw zallary, diňlemek we görmeklik üçin niýetlenen zallar, adamlara we talyplara, alymlara, belli bir guramalaryň işgärleri ýaly aýratyn müşderilere hyzmat edýän döwlet arhiwleriniň işi; ýöriteleşdirilen we ýöriteleşdirilmedik resminamalary seçip almak; kataloglary düzmek; kitaplary, kartalary, filmleri, grammplastinkalary, magnit lentalary we ş.m.; gerekli maglumatlary gözlemek we ş.m.* <br> ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:** klub görnüşli guramalaryň işi: klublaryň (stasionar we göçme), medeniýet öýleri, halk döredijilik öýleri, binagärler öýi, suratçylar öýi, kompozitorlar, edebiýatçylar, žurnalistler, lukmanlar, kino* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *we ş.m. öýler; kitap palatalarynyň işi* |
| | | | 91.01.11 | Kitaphanalaryň işleri |
| | | | 91.01.12 | Arhiwleriň işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *arhiw resminamalaryny tertipleşdirmegi, toplamagy, hasaba almagy, saklamagy amala aşyrýan döwlet we jemgyýetçilik guramalar, raýatlar tarapyndan gyzyklanma döredilýän arhiw resminamalary barada maglumatlary; ylmy-barlag işi geçirmek, öwrenmek we peýdalanmak üçin barlagçylara arhiw resminamalaryny we olara ylmy-maglumat enjamyny berýän döwlet arhiwleriniň we guramalaryň arhiwleriniň işini* |
| | | 91.02 | 91.02.00 | Muzeýleriň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *muzeýleriň ähli görnüşleriniň işi; oýlap tapyjylar sungatynyň muzeýleri, mebelleriňl, geýimleriň, keramikadan we kümüşden ýasalan önümleriň muzeýleri; tebigat ylymlarynyň muzeýleri, ylym we tehnika muzeýleri, taryhy muzeýler, şol sanda harby we taryhy muzeýler-öýler; gaýry ýöriteleşdirilen muzeýler; açyk meýdandaky muzeýler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *söwda sungat galereýalarynyň işi (47.78 seret); sungat eserlerini abatlamak işi (93.03 seret); kitaphanalaryň we arhiwleriň işi (91.01 seret)* |
| | | 91.03 | 91.03.00 | Taryhy ähmiýetli ýerleriň we binalaryň abat saklanmagyny we görmäge barylmagyny gurnamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *taryhy ähmiýetli ýerleriň we binalaryň abat saklanmagyny we görmäge barylmagyny gurnamak*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *taryhy ähmiýetli ýerleri we binalary dikeltmek we abatlamak (F seksiýa)* |
| | | 91.04 | 91.04.00 | Botaniki baglaryň, haýwanat baglarynyň we goraghanalaryň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *botaniki we haýwanat baglarynyň işi, şol sanda çagalar üçin haýwanat baglar; tebigy goraghanalaryň işi, şol sanda ýabany tebigaty goramak boýunça işler*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *landşaftlary gowlamak boýunça iş (81.30 seret); sport aw awlamak hem-de balyk tutmak üçin ýerleri ulanmak (93.19 seret);* |
| **92** | | | | **Humarly oýunlary gurnamak we jedel etmek**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *humarly oýunlar üçin desgalary işletmek, şol sanda kazinolar, bingo zallar, wideo oýunlar terminaly, şeýle-de aýlawlarda we başga ýerlerde jedel etmek we lotereýa gurnamak we geçirmek* |
| | 92.0 | | | Humarly oýunlary gurnamak we jedel etmek |
| | | 92.00 | 92.00.00 | Humarly oýunlary gurnamak we jedel etmek<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *lotereýa peteklerini satmak; oýun awtomatlaryny işletmek; wirtual oýunlar üçin Web-* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *saýtlary ulanmak; jedel etmek, şol sanda aýlawlarda; kazinolaryň, şol sanda "ýüzýän" kazinolaryň işi* |
| **93** | | | | **Dynç alşy we göwün açyşy gurnamak boýunça sport we gaýry işler**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *sport we dynç alyş we göwün açyjy çareleri gurnamak işleri.*<br>***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *drama sungatyny, saz we gaýry sungat görnüşleri we tomaşalary, şol sanda spektakllar, konsertler we opera goýmak (90 seret); muzeýleri, taryhy ähmiýetli ýerleri we desgalary goramak, tebigy goragyanalaryň, zoologiki we botaniki baglaryň işi 91 seret); humarly oýunlary gurnamak (92 seret).* |
| | 93.1 | | | Sport işleri<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *sport desgalaryny işletmek; professional toparlaryň we klublaryň işi; indiwidual (özbaşdak) sport ussatlarynyň we atletleriň işi; bedenterbiýe-saglygy dikeldiş klublaryň we merkezleriň işi; sport çärelerini taýýrlamakda kömek etmek işi; çapýan we ylgaýan atlaryň saklanýan athanalarynyň, ylgaýan it saklanýan ithanalaryň, sport awtomobilleri üçin niýetlenen garažlaryň işi; sport desgalarynda hyzmat edýän işgärleri dolandyrmak* |
| | | 93.11 | 93.11.00 | Sport desgalarynyň ulanylyşy we dolandyrylyşy<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:***<br>*- açyk meýdanda ýa-da ýapyk jaýlarda sport çäreleri geçirilýän desgalaryny ulanmak (işletmek) (bu obýektler haýat bilen ýapylan, üçekli, tomaşaçylar üçin niyetlenen tribunaly bolup bilýärler):*<br>*• hokkeý, futbol, regbi, kriket üçin neýetlenen stadionlar*<br>*• itler we atlar üçin niýetlenen ylgaw ýoljagazlary*<br>*• awtomobiller üçin ýoljagazlar*<br>*• ýüzüji basseýn ý-da stadion*<br>*• golf üçin meýdanlar*<br>*• boksýerlar üçin zallar*<br>*• bouling üçin niýetlenen zallar*<br>*• sportuň gyşky görnüşleri üçin niýetlenen stadionlar we zallar*<br>*• ýeňil atletika bilen meşgullanmak üçin stadionlar we ş.m.*<br>*- sport desgalarynda hyzmat edýän işgärleri dolandyrmak.*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *funikulerleri işletmek (49.39 seret); sport inwentarlaryny kireýine bermek (77.21 seret); bedenterbiýe merkezleriniň we saglygy dikeldiş klublarynyň işi (93.13 seret); seýilgähleriň we plýažlaryň işi (93.29 seret)* |
| | | 93.12 | 93.12.00 | Sport klublarynyň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sport klublarynyň işi* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *(professional, ýarym professional we höwesjeňler),olardan futbol klublary, bouling söýüjileriniň kluby, ýüzüjileriň kluby, golf klublar, boksçular we göreşijiler, küşt we şaşka klublary,gyş sport görnüşlerini söýýänler üçin niýetlenen klublar, ýeňil atletika we atyjylyk klublary we ş.m.* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *ussat mugallymlaryň (tälimçileri) ýolbaşçylygynda türgenleşik etmek (sport kurslary) (85.51 seret); sport desgalarynyň ulanylyşy we dolandyrylyşy (93.11 seret); sport desgalarynda sport çärelerini gurnamak we geçirmek (93.11 seret)* |
| | | 93.13 | 93.13.00 | Fitnes-klublaryň işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *bedenterbiýe merkezleriniň we saglygy dikeldiş klublaryň işi* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *ussat mugallymlaryň (trenerleriň) ýolbaşçylygynda türgenleşik etmek (sport kurslary) (85.51 seret)* |
| | | 93.19 | 93.19.00 | **Gaýry sport işleri** **Bu kiçi klas şulary öz içine alýar:** *sport çärelerini taýýarlamak we olara goldaw bermek boýunça işleri (çäreler öz sport obýektleri bolanlar we bolmadyklar tarapyndan geçirilýär); hususy (indiwidual) sport ussatlarynyň, atletleriň, arbitrleriň, sudýalaryň, hrono metr öljeýji we ş.m. işi; sport ligalarynyň we guramalarynyň işi;çapylýan we ýöreýän atlaryň saklanýan athanalarynyň, ylgaýan itleri saklanýan ithanalaryň, sport awtomobilleri üçin niýetlenen ulag jaýlarynyň işi; sport we höwesjeň balykçylyk we aw awlamak, sport bilen baglanyşykly kömekşi işler; dag ýolbeletleriniň işi; sport çärelerini mahabatlandymak işi; sportuň dürli görnüşleri boýunça sport toparlaryny döretmek işi; uzagyndan açylýan paraşýut bilen bökmek işi; türgenleşik enjamyndam paraşýut bilen bökmek işi; howa şarynda uçmak; sport we sport-pnewmatik ýaraglaryndan stasionar, göçme tirlerde atdyrmak we elektron tirlerde atdyrmak işi* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *sport enjamlaryny kireýine bermek (77.21 seret); ussat mugallymlaryň sport kurslary (85.51 seret); sport desgalaryny dolandyrmak (93.11 seret); sport klublarynyň işi (93.12 seret); seýilgählerіň we plýažlaryň işi (93.29 seret)* |
| | 93.2 | | | Dynç alyş we göwün açyş çärelerini gurnamak boýunça iş **Bu topar öz içine alýar:** *edaralaryň uly göwrümini öz içine alyp, olar öz gezeginde desgalary dolandyrýarlar ýa-da dynç alyşlary gurnamak, işleri gurnamak boýunça hyzmatlary ýerine ýetirýärler. Şeýle-de dürli attraksionlaryň, şol sanda mehaniki manežleriň, suw depejikleriniň, oýunlaryň, tomaşa üçin meýdançalaryň, tematiki sergileriň we meýdanda dynç alşy gurnamak üçin niýetlenen ýerleriň işi* **Bu topar öz içine almaýar:** *dramaturgiýa sungaty, saz we sungatyň dürli görnüşleri (90 seret); sport işi (93.1 seret).* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | 93.21 | 93.21.00 | Dynç alyş we göwün açyş seýilgähleriniň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *dynç alyş we göwün açyş seýilgähleriň işi. Şeýle-de dürli attraksionlaryň, şol sanda mehaniki manežleriň, suw depejikleriniň, oýunlaryň, tomaşa üçin meýdançalaryň, tematiki sergileriň we sähra gezelençleri üçin niýetlenen ýerleriň işi* |
| | | 93.29 | 93.29.00 | Dynç alyşlary we göwün açyş çärelerini gurnamak<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *beýleki toparlara goşulmadyk dýnç alyşlar we göwun açyş çärelerini gurnamak bilen baglanyşykly işler (dynç alyş we göwün açyş seýilgählerden başgalar): oýun awtomatlaryny işletmek; dynç alyş parklarynda enjamlary kireýine bermek; reňkli suwuklyklar bilen atylýan oýunlar; göwün açma häsiýetli ýarmarkalary we şoulary gurnamak; lyža trassalaryny işletmek; tans meýdançalaryny işletmek; plýaž işi, plýažda geýim çalşyrylýan otaglar, gulplanýan şkaflary, kreslolary we ş.m. ýaly ejamlary kireýine bermek; tomaşa üçin transport serişdeleri bilen üjün etmek, meselem, suw welosipedleri, ýelkenli gämileri kärendä bermek, ýahta duralgalaryny işletmek we ş.m.*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *dürli çäreleriň guramaçylarynyň, prodýusserleriniň işi, sport we göwün açyş çärelerinden başga*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *funikulerleri işletmek (49.39 seret); suw transport işi (50 seret); kemping hyzmatlaryny ýerine ýetirmek, awtofurgonlaryň we ýaşamak üçin niýetlenen awtomobil tirkegleriň duralgalaryny gurnamak, şol sanda (55.30 seret); barlaryň ýanyndan işledilýän diskotekalaryň işi (56.30 seret); sirk we teatr toparlarynyň işi (90.01 seret)* |
| **S (seksiýa): 94-96** | | | | **GAÝRY HYZMAT EDIŞ IŞLER**<br>***Bu seksiýa öz içine alýar:*** *jemgyýetçilik guramalarynyň işlerini, kompýuter, hojalyk harytlarynyň abatlanmagy, beýleki toparlara goşulmadyk indiwidual hyzmatlar.* |
| **94** | | | | **Jemgyýetçilik birleşikleriň (guramalaryň) işleri**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *ilatyň giň zolaklaryna öz pikirlerini wagyz edýän we belli bir toparyň bähbitlerini öňe sürýän guramalaryň we kärhanalaryň işi. Ol guramalarda esasan hem belli bir agzalaryň sanlary bolýar, emma olaryň işi has giň toparlary hem gurşap alýar.*<br>*Jemgyýetçilik birleşmeler hemme maksatlar boýunça bölünýärler. 94.1 topary söwda, telekeçilik we professional jemgyýetçilik guramalarynyň işlerini öz içine alýar, 94.2 topary – kärdeşler arkalaşyklarynyň işini öz içine alýar, 94.9 - topary gaýry jemgyýetçilik guramalarynyň (dini we syýasy, ylym we medeniýet ulgamlarynda işleýänler, dynç* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *alyş we tomaşa ulgamlarynda) işlerini öz içine alýar.* |
| | 94.1 | | | Telekeçilik we Kärdeşler arkalaşyklarynyň (assosiasiýalarynyň) işi<br>***Bu topar öz içine alýar:*** *söwda we telekeçilik bilen meşgullanýan guramalaryň agzalarynyň bähbitlerini öňe sürmek işini ýerine ýetirýän guramalaryň işi. Kärdeşler arkalaşyklarynyň guramalarynda bolsa belli bir kärli gurama agzalarynyň bähbitlerini öňe sürmek girizilendir* |
| | | 94.11 | 94.11.00 | Söwda, telekeçilik bilen meşgullanýan jemgyýetçilik guramalar (assosiasiýalar)<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *guramanyň işgärleriniň esasy ünsleri anyk önümçilik, söwda pudaklarynda işleýän kärhananyň ösmeginde we güllemeginde bolan jemgyýetçilik guramalaryň işi. Şol sanda söwda ugurlaryna garamazdan belli bir geografiki etrabyň ýa-da dolandyryş birligiň ykdysady ösüşi we oba hojalyk pudagy. Şeýle-de assosiasiýalaryň işi. Olaryň esasy işleriniň görnüşleri: maglumatlary paýlamak, döwlet kärhanalarynda wekilçilik, jemgyýet bilen aragatnaşyk we kärdeşler arkalaşyklary bilen gepleşikler; söwda palatalarynyň, birleşmeleriň, gildiýalaryň we ş.m. işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *kärdeşler arkalaşyklarynyň işi (94.20 seret)* |
| | | 94.12 | 94.12.00 | Kärdeşler arkalaşyklarynyň jemgyýetçilik guramalaryň (assosiasiýalaryň) işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *guramanyň agzalarynyň, esasan hem ünsleri takyk ylmy düzgün-tertipde, kärdeşler arkalaşyklarynyň tejribersinde ýa-da tehniki pudakda bolan jemgyýetçilik guramalar. Bulara ylym, medeniýet, şygyryýet, ýazyjylar, suratkeşler, aktýorlar, zurnalistler birleşmesi ýaly hünärmenleriň we ş.m. işleri girýär. Olaryň esasy işleri maglumatlary paýlamak, tejribe işleriň çäklerini kesgitlemek we olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek, döwlet edaralarynda wekilçilik etmek we jemgyýet bilen aragatnaşyk saklamak*<br>***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *ylmy jemgyýetleriň işi*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *bu edaralaryň, guramalaryň bilim pudagynda ýerine ýetirýän işeri (85 seret)* |
| | 94.2 | | | Kärdeşler arkalaşyklarynyň işi |
| | | 94.20 | 94.20.00 | Kärdeşler arkalaşyklarynyň işi<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *jemgyýetçilik birleşikleriniň we assosasiýalaryň, durmuş – ykdysady, zähmet we beýleki hukuklaryny we bähbitlerini goraýan birleşikleriniň we assosiasiýalaryň agzalarynyň işi. Olaryň agzalary, esasan hem, zähmet şertleri we zähmet haklarynyň meseleleri boýunça bähbitlerini göz öňünde tutýan, şeýle hem guramalar arkaly ylalaşylan hereketlerdäki hakynatutma işgärlerdir, bir edaranyň işgärleriniň birleşikleri, şeýle hem garyşyk pudaklary birikdirýän birleşikler, hünär, sebitleýin,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *gurluşlary boýunça we ş.m. ölçegler boýunça goşulan işgärleriň birleşmeleri hem bu topara girizilen* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *bu guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýän bilim baradaky işleri (assosiasiýalar) (85 seret)* |
| | 94.9 | | | Gaýry jemgyýetçilik guramalarynyň işi |
| | | 94.91 | 94.91.00 | Dini guramalaryň işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *dini we şoňa meňzeş guramalaryň işi* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *bu guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýäň bilim baradaky işleri (85 seret); bu guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýän saglygy goramak baradaky işleri (86 seret); bu guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýän durmuş hyzmatlary (87, 88 seret)* |
| | | 94.92 | 94.92.00 | Syýasy guramalaryň işi **Bu kiçi klas öz içine alýar**: *syýasy we kömekçi guramalaryň işi, şol sanda syýasy partiýalar bilen işleýän ýaşlar guramalary. Bu guramalar esasan hem hökümet edaralarynyň kabul edýän kararlaryna, netijelerine täsir edýän işler bilen meşgullanýar, partiýanyň agzalaryny we olaryň tarapyny tutýanlary syýasy orunlarda ýerleşdirmek, seýle-de maglumalary paýlamak, jemgyýetçilik bilen aragatnaşyklary sazlamak, serişde ýygnamak we ş.m.* |
| | | 94.99 | 94.99.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk gaýry jemgyýetçilik guramalaryň işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *jemgyýetçilik watan söýüjilik maksatly guramalar, şol sanda uruş weteranlarynyň guramasy; turistik klublar, awtomobilistleriň birleşmesi, sarp edijiler birleşmesi ýaly umumy bähbitlere hyzmat edýän guramalar; durmuş taýdan aragatnaşykda tanyşlyk maksady bolan birleşmeler meselem, iş gatnaşyklary we ş.m.; ýaşlar, çagalar, ýetginjekler assosiasiýalary, talyp guramalary, klublar, jemgyýetçilik guramalary we ş.m.; medeni çäreleri, tomaşa (sport we oýunlardan başgalar) geçirmeklik üçin döredilýän assosiasiýalar, meselem, şahyrlyk we edebiýat klublary, kitap söýüjileriň kluby, taryhy söýüjileriň, bagbanlaryň, kino we foto söýüjileriň, sazy söýüjileriň klublary we ş.m.* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *kärdeşler arkalaşyklary guramalaryň, assosiasiýalaryň işi (94.12 seret); sungat ulgamlarynda işleýän we ol ulgama ýardamçy bolýan guramalar (90.0 seret);durmuş talaplary üçin serişdeleri ýygnamak (88.99 seret); sport klublaryň işi (93.12 seret)* |
| **95** | | | | **Kompýuterleri, şahsy ulanylýan enjamlary we durmuş harytlaryny abatlamak** **Bu bölüm öz içine alýar**: *kompýuterleri we merkezden uzakda ýerleşýän enjamlary abatlamak, şol sanda ofis* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *kompýuterlerini, noutbuklary, fleşkalary we maglumat saklaýjy beýleki enjamlary we printerleri abatlama. Şeýle-de aragatnaşyk enjamlaryny (şol sanda fakslary), elektrohojalyk harytlaryny, bagbançylyk üçin gerek bolan enjamlary, gaýyşdan ýasalan önümleri, mebelleri, egin-eşikleri, sport enjamlaryny, saz gurallaryny we beýleki hojalyk harytlaryny abatlamak.* |
| | | | | ***Bu bölüm öz içine almaýar:*** *lukmançylyk enjamlaryny, geodeziýada ulanylýan enjamlary, ölçeg gurallaryny, synag geçirýän gurallary abatlamak (33.13 seret).* |
| | 95.1 | | | Kompýuterleri we aragatnaşyk gurallaryny abatlamak |
| | | 95.11 | 95.11.00 | Kompýuterleri we merkezden uzakdaky enjamlary abatlamak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *elektron enjamlaryny şol sanda: kompýuterleri, maglumat we merkezden uzakdaky enjamlary abatlamak.* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *ofis kompýuterlerini, noutbuklary, magnit diskleri okaýan enjamlary, fleşkalary we maglumat saklaýjy beýleki enjamlary, optiki diskleri okaýan enjamlary (CD-RW, CD-ROM, DVD-ROM, DVD-RW) abatlamak we işletmek; printerleri, monitorlary, klawiaturalary we olaryň bölekleri, modemleri (aragatnaşyk modemlerinden başgalar) abatlamak; ýöriteleşdirilen maglumat terminallaryny, skanerleri, elektron kartlary okaýan enjamlary, wideoproýektorlary abatlamak* |
| | | | | ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *(bankomat) bank, söwda (mehanizmsiz terminallaryny, portatiw (jübi kompýuterleri), abatlamak we işletmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aragatnaşyk üçin modemleri abatlamak (95.12 seret)* |
| | | 95.12 | 95.12.00 | Aragatnaşyk enjamlaryny abatlamak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aragatnaşyk enjamlaryny; simsiz telefonlary; jübi telefonlary; aragatnaşyk üçin modemleri; fakslary; nawigatorlary; elektrik kartlary; radiopriýomnik-leri, wideokameralary we telewizorlary abatlamak işleri (telekeçilik işlerinde ulanmak üçin)* |
| | 95.2 | | | Şahsy ulanylýan enjamlary we durmuş harytlaryny abatlamak |
| | | 95.21 | 95.21.00 | Durmuşda ulanylýan elektrik enjamlaryny abatlamak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *elektrohojalyk harytlaryny; telewizorlary; radiopriýomnikleri; magnitofonlary; CD okaýan enjamlary; hojalykda ulanylýan wideokameralary abatlamak we işletmek* |
| | | 95.22 | 95.22.00 | Hojalyk enjamlaryny we bagbançylyk enjamlaryny abatlamak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hojalyk enjamlaryny, şol sanda doňduryjylary, kir ýuwujy we ütükleýji maşynlary, howa* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *sowadyjylary, bagbançylyk enjamlaryny, ot kesýän enjamlary, bordýur kesýän enjamlary, gar arassalaýjylary, gaçan ýapraklary ýygnaýjy enjamlary abatlamak we işletmek* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *elde göterilýän hereketlendirijili enjamlar (33.12 seret); binalarda howa sowadyjylary abatlamak işleri (43.22 seret)* |
| | | 95.23 | 95.23.00 | Ayakgap we gaýyşdan ýasalan beýleki önümleri abatlamak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *aýakgap, çemodan, torba we ş.m. önümleri abatlamak, ökje çalyşmak* |
| | | 95.24 | 95.24.00 | Mebel we ş.m. öý harytlaryny (önümlerini) abatlamak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *mebele täzeden daş tutmak, täzelemek, mebel abatlamak we durkuny täzelemek (ofis mebeller bilen bilelikde)* |
| | | 95.25 | 95.25.00 | Sagat we zergärçilik şaýlaryny abatlamak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *sagat we onuň mehanizmleriniň hemme görnüşlerini, korpuslaryny we ş.m.; zergärçilik şaýlaryny abatlamak* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *metalda haşamlamak (25.61 seret); sekunt ölçeýjilerini we ş.m. ölçeýji enjamlary abatlamak (33.13 seret)* |
| | | 95.29 | 95.29.00 | Başga şahsy zatlary (harytlary) we hojalyk harytlary abatlamak |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *şahsy ulanyşdaky zatlary we hojalyk harytlaryny; welosipedleri; egin - eşikleri; sport harytlaryny (ýarag we tirden başgalar) we kemping üçin ulanylýan enjamlary abatlamak;kitaplary; saz gurallaryny (taryhy gymmatlygy bolanlardan başgalar);oýunjaklary abatlamak işleri. Pianino sazlama we başga oýnawaçlaryň abatlaýşy; nuanunony gurnamak; şahsy ulanyşdaky zatlary we hojalyk harytlaryny abatlamak* |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *hereketlendirijili el gurallaryny abatlamak, (33.12 seret); tir üçin ýaraglary abatlamak (33.11 seret)* |
| **96** | | | | **Gaýry özbaşdak hyzmatlar** |
| | 96.0 | | | Gaýry özbaşdak hyzmatlar |
| | | 96.01 | 96.01.00 | Kir yuwmak, himiýa arkaly arassalamak we deri we dokma önümlerini reňklemek |
| | | | | ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *egin-eşikleriň ähli görnüşlerini (şol sanda deriden ýasalanlary), dokma önümlerini ýuwmak we himiýa arkaly arassalamak, ütüklemek we ş.m.; bu iş görnüşleri teňňe atylanda işleýän mehaniki enjamlar arkaly, elde, awtomat maşynlar arkaly ilat üçin hem-de söwda – senagat edaralary üçin ýerine ýetirilýär; ýuwmak üçin geýimleri ýygnamak we olary ýuwlandan soň eltip bermek; haly, tuty arassalamak; öz işgärlerini ýörite geýimler bilen üpjün etmek; arassalamak bilen baglanyşykly bolsa eşikleriň* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *we başga dokma önümleriniň abatlaýyş işleri we ownuk üýtgetmeleri; ýuwlandan we arassalanandan soň gaplamak (eşikleri we başga zatlary eplemek)* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *ýuwmak we arassalamak, bu iş görnüşiň bölegi bolsa-da iş eşiklerinden başga eşikleri kireýine bermek (77.29 seret); eger aýratyn iş görnüş bolýan bolsa eşikleriň abatlaşdyrmasy we üýtgedilmesi we ş.m., eger bu özbaşdak iş görnüşi bolsa (95.29 seret)* |
| | | 96.02 | 96.02.00 | Dellekhanalaryň we gözellik salonlaryň işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *aýallar we erkekler üçin saç ýuwmak, saç deňlemek we almak, saça timar bermek, reňkleme, buýralama, gönüleme, we ş.m.; sakgal deňleme we almak; ýüz massažy, manikýur, pedikýur we ş.m.* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *parikleri ýasamak (32.99 seret)* |
| | | 96.03 | 96.03.00 | Jaýlama we onuň bilen baglanyşykly işler **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *adam we haýwan jesetlerini jaýlamak, kremasiýa we munuň bilen balanyşykly işler; jesetleri jaýlamaga ýa-da kremasiýa taýýarlamak, balzamlama we jaýlamak býurosynyň hyzmatlary; jaýlama ýa-da kremasiýa; urp-adat zallarynyň enjamlaryny kärendesine bermek; jaýlanylýan ýerleri satmak ý-da kireýine bermek; mazarlary, guburlary, mawzoleýleri abat ýagdaýda saklamak (seretmek, hyzmat etmek)* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *öwlüýäleri abatlamak we abadanlaşdyrmak (agaç ekmek, ýodalary gurmak we ş.m.) (81.30 seret); dini däp-*dessurlarynyň hyzmatlaryny *hödürlemek (91 seret)* |
| | | 96.04 | 96.04.00 | Fiziki rahatlygy üpjün etmek işi **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *fiziki rahatlygy we fiziki ýagdaýy gowulandyrmak maksady bilen edilýän işler, meselem, türk hammamy, sauna we bug hamamlary, solýari, bedeniň görnüşini we agramynyň korreksiýasy üçin niýetlenen salonlar, massaž salonlar we ş.m.* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** massažitleriň *işi (lukmançylyk* ulgamynda) *(86.90* seret); *sagaldyş-bedenterbiýe klublaryň we merkezleriniň işi (93.13*seret) |
| | | 96.09 | 96.09.00 | Beýleki toparlara goşulmadyk şahsy hyzmatlar **Bu kiçi klas öz içine alýar:** *astrologlaryň we spiritleriň işi; durmuş hyzmatlar, meselem, ýany bilen gitmek (ugradyjy) hyzmatlary, tanyşdyryş gulluklaryň işi, nika býurolarynyň işleri, genealogoýa barlaglary boýunça iş, tatuirlemek boýunça studiýalar, aýakgap süpürmek, awtomobil duralgalarynda hyzmat etmek we ş.m.; öý haýwanlaryny saklamak boýunça hyzmatlar, olara baş öwretmek we ideg etmek; teňňe atylanda işeýän awtomatlary işletmek, ýagny surat awtomatlary, agram ölçeýän awtomatlar we ş.m.* **Bu kiçi klas öz içine almaýar:** *weterinariýa işi (75.00* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *seret); teňňe atylanda işleýän oýun awtomatlaryny işletmek; (92.00 seret); teňňe atylanda işleýän kir ýuwujy awtomatlary işletmek (96.01 seret)* |
| **T (seksiýa): 97-98** | | | | **HUSUSY ÖÝ HOJALYKLARY BILEN HAKYNATUTMA IŞGÄRLERIŇ IŞLERI; ŞAHSY ULANMAK ÜÇIN HUSUSY ÖÝ HOJALYKLARYNYŇ DÜRLI GÖRNÜŞLI HARYTLARYNY WE HYZMATLARYNY ÖNDÜRMEGI** |
| **97** | | | | **Hususy öý hojalyklary bilen hakynatutma işgärleriň işleri** |
| | 97.0 | | | Hususy öý hojayklaryň hakynatutma işgärler bilen işleri |
| | | 97.00 | 97.00.00 | Hususy öý hojayklaryň hakynatutma işgärler bilen işleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hususy öý hojalyklaryň hakyna tutujy hökmüne öý hojalykçylary, aşpezleri, bagbanary, atçylary, sürüjileri ş.m. hakynatutmak işi. Bu ýagdaýda hakyna tutyjy ýazuw geçirilende ýa-da barlamalar geçirilende fiziki tarap diýip atlandyrylýar*<br>*Hususy öý hojalyklaryň hakynatutma işgärler bilen öndüren önümleri hususy öý hojalygyň öz içinde ulanylýar*<br>***Bu kiçi klas öz içine almaýar:*** *aşpezleriň, bagbanlaryň we beýleki hyzmat ediji işgärleriň işi, iş berijiniň statusyna garamazdan (ýagny iş beriji – gurama ýa-da iş beriji – şahsy, öý hojalyklaryndaky bolşy ýaly ýerine ýetirýäň işleri boýunça klassifisirlenýär)* |
| **98** | | | | **Şahsy ulanmak üçin hususy öý hojalyklaryň dürli görnüşli harytlary we hyzmatlary öndürmegi**<br>***Bu bölüm öz içine alýar:*** *hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin önümleri we hyzmatlary öndürmek işleri.*<br>*Eger-de hyzmatlar söwda dolanyşygyna girse, onda ol hyzmat görnüşi boýunça degişli klasa girizilýär.* |
| | 98.1 | | | Hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin dürli harytlary öndürmekleri |
| | | 98.10 | 98.10.00 | Hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin dürli harytlary öndürmekleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hususy öý hojalyklaryň hakynatutma işgärler bilen öz ulanmaklary üçin önümleri öndürmek işleri, şol sanda azyk önümleri öndürmek, geýim öndürmek we ş.m.*<br>*Eger-de hyzmatlar söwda dolanyşygyna girse, onda ol hyzmat görnüşi boýunça degişli klasa girizilýär* |
| | 98.2 | | | Hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin dürli hyzmatlary etmekleri |
| | | 98.20 | 98.20.00 | Hususy öý hojalyklaryň öz ulanmaklary üçin dürli hyzmatlary etmekleri<br>***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *hususy öý hojalyklaryň hakynatutma işgärler bilen öz ulanmaklary üçin hyzmatlary öndürmek işleri. Olardan okuw hyzmatlary, seretmek,* |

2-nji tablisanyň dowamy

| Bölüm | Topar | Klas | Kiçi klas, görnüş | Ady |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| | | | | *ýygnaşdyrmak we ş.m.* *Eger-de hyzmatlar söwda dolanyşygyna girse, onda ol hyzmat görnüşi boýunça degişli klasy öz içine alýar* |
| **U (seksiýa): 99** | | | | **EKSÇÄK GURAMALARYŇ IŞLERI** |
| **99** | | | | **Eksçäk guramalaryň işleri** |
| | 99.0 | | | Eksçäk guramalaryň işleri |
| | | 99.00 | 99.00.00 | Eksçäk guramalaryň işleri ***Bu kiçi klas öz içine alýar:*** *halkara guramalaryň, Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen guramalarynyň, sebitleýin guramalarynyň we ş.m. işi, Ýewropa bileleşigi, Erkin söwda boýunça Ýewropa assosiasiýasy, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş boýunça gurama, Gümrük hyzmatdaşlygy baradaky geňeş. Nebit ekporter döwletleriniň guramasy, Halkara walýuta gaznasy, Bütindünýä banky we ş.m.* ***Bu kiçi klas şeýle-de öz içine alýar:*** *diplomatik we konsul borçlarynyň işleri, eger-de wekilçilik edýän ýurdy boýunça däl-de, olaryň ýerleşýän ýeri boýunça hasaplansalar* |

**UDK 002.02** **MKS 01.140.20**

Esasy sözler: döwlet klassifikatory, ykdysady işleriň görnüşleri, seksiýa, kiçi seksiýa, bölüm, topar, klas, kiçi klas